# BILIM

YLMY-USULY ŽURNAL

ESASLANDYRYJYSY –
TÜRKMENISTANYŇ
BILIM MINISTRLIGI

2026
4



# ŽURNALYŇ ŞU SANYNDA:


2 ÝURDUMYZYŇ BILIM SYÝASATY






15 YLMY MAKALALAR





53 MEKDEBE ÇENLI TERBIÝE





60 UMUMYBILIM BERÝÄN MEKDEP





71 ÝOKARY BILIM










# TÜRKMENISTAN – BAGTYÝAR

Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň "Ýaşlar – Watanyň daýanjy" kitabynda: "Belent dagly, gür bagly Gökdere jülgesindäki, owazasy dünýä dolan "Awaza" milli syýahatçylyk zolagyndaky, welaýatlardaky döwrebap çagalar dynç alyş-sagaldyş merkezlerinde tolgundyryjy we ýatdan çykmajak gyzykly pursatlary bagyş etjek tomusky dynç alyş möwsümine badalga berýäris" diýip belleýşi ýaly, her ýyl, däp bolşy ýaly, okuw ýyly tamamlanandan soňra, gözel tebigatymyzyň ajaýyp künjeklerine öwrülen Gökderede, "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda, şeýle hem, welaýatlarymyzdaky çagalar dynç alyş-sagaldyş merkezlerinde tomusky dynç alyş möwsümine dabaraly badalga berilýär. Berkarar Watanymyzy, beýik döwrümizi, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetlilik, dost-doganlyk ýörelgelerini wasp edýän aýdym-sazly çykyşlar, şowhunly baýramçylyk çäreleri, sport ýaryşlary, döredijilik bäsleşikleri, sergilerdir maslahatlar şadyýan çagalarymyzyň kalbynda egsilmez joşgun we buýsanç duýgularyny döredýär.

Mekdep okuwçylarynyň sagdyn, bagtyýar ösüp ulalmaklary, watançy, päk ahlakly, merdana we halal adamlar bolup ýetişmekleri bilim ulgamynyň işgärleriniň baş maksadydyr. Şonuň üçin-de, täze taryhy döwürde Watanymyzy, il-günümizi ýüregi bilen söýýän nesilleri terbiýelemekdäki milli däpler mynasyp dowam etdirilýär, halkara kadalara esaslanýan, durmuşa gönükdirilen milli bilim syýasaty üstünlikli amala aşyrylýar. Paýtagtymyzda we welaýatlarymyzda gurlup ulanmaga berilýän döwrebap çagalar baglarynyň, mekdepleriň, sport, dynç alyş-sagaldyş merkezleriniň sany artýar. Munuň özi Türkmenistanda mekdep okuwçylarynyň tomus möwsümindäki dynç alyş günlerini gyzykly we peýdaly geçirmekleri barada döwlet tarapyndan uly alada edilýändiginiň aýdyň aňladylmasydyr.

Häzirki wagtda mekdep okuwçylarynyň tomusky dynç alyş möwsümi dowam edýär. Bu möwsümiň gelmegi bilen, mekdep okuwçylarynyň tomusky dynç alyş günleri has-da şatlyk-şowhuna beslenýär. Ak mermerli paýtagtymyzdan başlap, ähli welaýatdyr etrap merkezleriniň, şäherleriň we şäherçeleriň gözel seýilgähleri tomusky dynç alyş möwsüminde köp adamlydyr.

Däp bolşy ýaly, okuwçylaryň okuw ýylyny üstünlikli jemläp, saglygyny berkitmek we indiki okuw ýylyna täze güýç bilen başlamagyna taýýarlyk görülýän iň amatly döwür – tomusky dynç alyş möwsümi. Bu döwürde Gökderäniň gözel jülgesinde, "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda hem-de ýerlerde tomusky dynç

# ÇAGALYGYŇ MEKANY



alyş möwsümini şadyýan, peýdaly geçirmegiň ajaýyp mümkinçilikleri döredilendir.

Türkmenistanyň bagtyýar çagalygyň we ýaş nesliň ähli arzuw-isleglериniň hasyl bolýan ajaýyp mekanyna öwrülendigini tomus dynç alşyny ýokary derejede guramak babatda döwlet tarapyndan edilýän aladalaryň netijeleri-de aýdyň görkezýär. Gökderäniň salkyn saýalara bürenen jülgesinde, “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda hem-de ýerlerde tomusky dynç alyş möwsümini geçirýän çagalar üçin döredilen amatly şertler sanardan köpdür. Bu ýerlerde ýokary derejede enjamlaşdyrylan döredijilik, gurnak we aýdym-saz otaglarydyr merkezleri, sport zallarydyr meýdançalary, kompýuter otagy, kitaphana, oýun meýdançalary çagalaryň hyzmatyndadyr.



“Şadyýan tomus – 2026” ady bilen dynç alyş-sagaldyş merkezlerinde geçirilýän ähli çäreler işine ussat, pedagogik tejribesi ýetik mugallymlardyr terbiýeçilik işgärleriniň ýolbaşçylygynda guralýar. Mugallymlardyr terbiýeçiler, şeýle hem, tejribeçi talyplar çagalaryň tomus paslyny maksadalaýyk guramakda, olaryň şadyýan hem-de peýdaly dynç almaklary üçin amala aşyrylýan işleri üstünlikli alyp barmakda esasy hyzmaty ýerine ýetirýärler.

Döwrebap çagalar sagaldyş merkezlerinde ýurdumyzyň dürli künjeklerinden gelen okuwçylar täze dostlar tapyp, dürli sport ýaryşlaryna, daşary ýurt dilleri hem-de kompýuter gurnaklaryna gatnaşýarlar, olar wagtyny şadyýan we manyly geçirmek üçin, dynç alyş-sagaldyş merkezlerinde bolup, medeniýetli dynç alýarlar. Bu ýerde olar täze dostlary tapynýarlar, dürli oýunlardyr güýmenjelere meşgul bolýarlar. Dynç alyş-sagaldyş merkezleriniň guraýan çäreleri çagalaryň döredijilik bilen meşgullanmagynyň iň gowy usulydyr. Gyzykly çäreleriň dowamynda çagalar topar bolup işlemegi we her bir işde birek-biregi goldamagy öwrenýärler. Ýurdumyzyň dürli künjeklerinden gelen çagalar bilen guralýan köp sanly şatlyk-şowhunly, dabaraly çäreler çagalarda uly täsir galdyrýar we terbiýeçilik işinde olaryň ähmiýetli orny ýüze çykýar.



Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda milli bilim ulgamynda gazanylýan beýik üstünlikler, çagalar hakyndaky aladalar her bir türkmen maşgalasynyň, ata-eneleriň hem-de ýaş nesliň kalbynda watansöýüjilik, ak ertirlere, ýagty gelejege bolan ynamy we bagtyýar durmuşymyza bolan buýsanç duýgusyny has-da berkidýär.

***Aýna Bakyýewa,***
**“Bilim” žurnaly.**

# BILIM ULGAMYNDA HALKARA GATNAŞYKLAR ROWAÇLANÝAR –

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe eziz Watanymyzyň abraýyny Arşa göteren Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan we Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan üstünlikli dowam etdirilýän bilim özgertmeleriniň şanly Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk toýuna barýan ýurdumyzda gerimi has-da giňdir. Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň meýilnamalaýyn işleriniň netijesinde, halkara bilim gatnaşyklary barha rowaçlanýar. Ýurdumyzyň ýaş nesline dünýäniň ösen döwletleriniň halkara giňişliginde ykrar edilýän bilim beriş ölçeglerine laýyk getirilen bilim berilýär. Muny türkmen ýaşlarynyň olimpiadalarda, ders we taslama bäsleşiklerinde gazanýan üstünlikleri-de tassyklaýar. Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda Türkmenistanyň hem-de daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda iňlis dili dersi boýunça geçirilen V halkara internet olimpiadasynyň netijeleri ýokarda bellenilenleriň diňe bir mysalydyr.***

Şu halkara çäre talyplaryň nazary we amaly bilimlerini berkitmek, olarda daşary ýurt dillerini öwrenmäge bolan höwesi artdyrmak hem-de zehinli ýaşlary ýüze çykarmak maksady bilen guraldy. Halkara bäsleşige gatnaşmak üçin isleg bildirýänleriň sany we geografik gerimi barha giňeýär. Ilki internet olimpiadasynyň saýlama tapgyry geçirilip, netijeleri boýunça güýçli talyplar saýlanyp alyndy. Saýlama tapgyryna gatnaşan 32 döwletiň arasyndan 15 ýurduň wekili bolan 44 sany öňdebaryjy ýokary okuw mekdebiniň ýüzlerçe zehinli talyplary öz bilimlerini olimpiadanyň esasy tapgyrynda synadylar, iňlis diliniň nazaryýeti we amaly ulanylyşy boýunça özara bäsleşip, özleriniň intellektual ukyplaryny, dil baýlyklaryny görkezdiler.

Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda Türkmenistanyň hem-de daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda iňlis dili dersi boýunça geçirilen V halkara internet olimpiadasynyň esasy tapgyryna gatnaşan daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň we talyplarynyň sany aşakdaky tablisada görkezildi.

| T/b | Ýurtlar | Daşary ýurtlar boýunça ÝOM-nyň sany | Talyp sany |
|---|---|---|---|
| 1 | **Koreýa Respublikasy** | 1 | 1 |
| 2 | **Amerikanyň Birleşen Ştatlary** | 1 | 1 |
| 3 | **Belarus Respublikasy** | 1 | 1 |
| 4 | **Gazagystan Respublikasy** | 2 | 4 |
| 5 | **Germaniýa Federatiw Respublikasy** | 1 | 1 |
| 6 | **Gyrgyz Respublikasy** | 1 | 1 |
| 7 | **Hytaý Halk Respublikasy** | 2 | 2 |
| 8 | **Indoneziýa Respublikasy** | 1 | 2 |
| 9 | **Malaýziýa** | 1 | 1 |
| 10 | **Özbegistan Respublikasy** | 5 | 32 |
| 11 | **Rumyniýa** | 1 | 1 |
| 12 | **Russiýa Federasiýasy** | 3 | 14 |
| 13 | **Şri-Lanka Demokratik Respublikasy** | 1 | 1 |
| 14 | **Türkiýe Respublikasy** | 1 | 1 |
| | Jemi | 22 | 63 |

Şol sanda, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň guramagynda Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň dil we beýleki ugurly ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda iňlis dili dersi boýunça geçirilen V halkara internet olimpiadasyna Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň 22-sinden 96 talyp gatnaşyp, olimpiadanyň netijeleri boýunça olaryň 7-si I orna, 12-si II orna, 19-sy III orna mynasyp bolup, jemi 38 talyp üstünlik gazandy.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyz ÝUNESKO, ÝUNISEF, UNIPA ýaly halkara guramalary, bilim merkezleri bilen hyzmatdaşlygy barha berkidýär. Türkmenistanyň bilim strategiýasy jemgyýetde ylmyň we tehnologiýalaryň ösüşiniň batly gadamlarynyň geljege gönükdirilen möhüm ädimleridir.

Iňlis dili dersi boýunça geçirilen V halkara internet olimpiadasy ýaşlaryň dil baradaky bilimlerini kämilleşdirmek bilen, dünýäniň dürli ýurtlarynyň ýokary okuw mekdepleriniň arasynda ylmy-mugallymçylyk gatnaşyklarynyň täze köprülerini gurmaga, özara tejribe alyşmaga, ýaşlaryň arasynda dostlukly aragatnaşygy berkitmäge giň ýol açýar. Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň tagallalary bilen guralýan internet bäsleşikleri ýurdumyzyň halkara bilim giňişligine işjeň goşulyşýandygynyň we innowasion ösüşleriň ykrarnamasydyr.

# ÝAŞLARYMYZ ÝEŇIŞ GAZANÝAR

***Häzirki döwürde türkmen ýaşlary dünýä ýurtlarynyň bilim ojaklarynda guralýan ders, taslama bäsleşiklerinde, olimpiadalarda öňe saýlanyp, Döwlet baýdagymyzyň ýokary galdyrylmagyny gazanýarlar. Ýaşlarymyz dünýä halklarynyň 14-siniň dilinde sözleşip bilýärler. Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda bilim ulgamynda degişli ylalaşyklaryň 28-si hereket edýär. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň 9-synda, orta mekdepleriň 10-synda hytaý dili öwrenilýär. Hytaýyň bilim ojaklarynda türkmen ýaşlarynyň 10 müňe golaýy dürli hünärler boýunça bilim alýar. HHR-iň Aşgabatdaky Ilçihanasy tarapyndan “Hytaýyň ilçihanasynyň talyp haky” atly bilim maksatnamasy esasynda bäsleşigi guramak däbe öwrüldi. Şol çäre şu gezek maý aýynda Döwletmämmet Azady adyndaky TMDDI-de geçirildi, oňa mekdep okuwçylary hem gatnaşdyryldy. Ýakynda şol bäsleşigiň ýeňijilerine degişli şahadatnamalary we talyp haklaryny dabaraly ýagdaýda gowşurylyş çäresi geçirildi. Bäsleşikde ýeňiş gazanan mekdep okuwçylaryna söz berýäris.***



***Musaýewa Nurana, Aşgabat şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 130-njy orta mekdebiň 11-nji synp okuwçysy:*** *– Geçmişde Gündogar bilen Günbatary birleşdiren Beýik Ýüpek ýoly dünýäniň iň gadymy ýurtlarynyň biri Hytaýdan gaýdýar. Bu ýurduň dilini höwes bilen öwrenýäris. HHR-iň Aşgabatdaky Ilçihanasy tarapyndan “Hytaýyň ilçihanasynyň talyp haky” atly bilim maksatnamasy esasynda geçirilen bäsleşikde ýeňiji bolandygyma we munuň üçin çäksiz mümkinçilikleri döreden Arkadagly Gahryman Serdarymyza buýsanýaryn!*



***Bahramowa Dürjemal, Lebap welaýatynyň Dänew etrabyndaky daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 20-nji orta mekdebiň uçurymy:*** *“Hytaý Halk Respublikasynyň ilçisiniň talyp haky” atly yglan edilen bäsleşige gatnaşmagym meni diýseň begendirdi. Bu çäräniň maksady HHR-iň diplomatik wekilhanasy tarapyndan ýurdumyzda hytaý dilini öwrenýän ýaşlary goldamakdyr. Ýurdumyzyň bilim ulgamynda halkara gatnaşyklaryň rowaçlanmagyna giň ýol açýan döwlet Baştutanymyza çäksiz sagbolsun aýdýaryn!*



***Ikramowa Laýla, Daşoguz şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 4-nji orta mekdebiň uçurymy:*** *Mekdep okuwçylarynyň arasynda hytaý dili boýunça geçirilen bäsleşige men hem gatnaşdym. Onuň jemleri boýunça gelnen netijelere görä, ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň 10-sy, mekdep okuwçylarynyň hem 10-sy ýeňiş gazandy. Men hem şol onluga düşdüm. Biz ýaşlara okamaga, öwrenmäge döredip berýän mümkinçilikleri üçin hormatly Prezidentimize uly sagbolsun aýdýaryn.*



***Matysina Ýuliana, Mary şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 11-nji orta mekdebiň 11-nji synp okuwçysy:*** *– Türkmen diline, Türkmenistan döwletine, halkymyzyň medeniýetine uly gyzyklanma bildirýänleriň biri hem beýik Hytaý döwletidir. Pekin daşary ýurt dilleri hem-de Merkezi milletler uniwersitetlerinde türkmen dili boýunça hünärmenler taýýarlanylýar. Hytaý dilini öwrenýärin. Ýurdumyzda ýaşlar üçin uly mümkinçilikleri döredýän we köpdillilik syýasatyny alyp barýan Arkadagly Gahryman Serdarymyza çäksiz alkyş aýdýaryn!*



***Gaýybowa Aýnur, Aşgabat şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 90-njy orta mekdebiň 11-nji synp okuwçysy:*** *– Türkmenistanyň Bilim ministrligi hem-de HHR-iň Aşgabatdaky Ilçihanasy tarapyndan bilelikde geçirilen bäsleşigiň uly ähmiýeti bardyr. Şu bäsleşigiň ýeňijileriniň sylaglanyşynda HHR-iň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisiniň Türkmenistan döwletine we türkmen halkyna, parasatly Prezidentine, türkmen halkynyň Milli Liderine aýdan ýakymly sözleri dostlukly iki ýurduň ysnyşykly gatnaşyklaryny täze derejä göterýär. Ýaş nesil hakynda uly aladalary edýän Gahryman Serdarymyza buýsanjymyzyň çägi ýok!*

**Taýýarlan:** ***Aşyrgeldi Ataýew, “Bilim” žurnaly.***

# GAHRYMAN ARKADAGYMYZ GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWYŇ ESERLERI – ETNOPEDAGOGIKANYŇ ÇEPER BEÝANY

***Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen edebiýatyny, dil bilimini we medeniýetini ösdürmekde uly işler amala aşyrylyp gelinýär. Bu ugurda türkmen halkynyň Milli Lideri, alym Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ylmy we çeper döredijiligi aýratyn orna mynasypdyr. Gahryman Arkadagymyzyň milli-pelsepewi we çeper-publisistik eserleri özüniň many-mazmuny, dil baýlygy hem-de halk döredijiligine ýugrulandygy bilen tapawutlanýar. Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň döredijiliginde folklor çeşmeleriniň ulanylyşyny ylmy nukdaýnazardan öwrenmek häzirki zaman türkmen edebiýatynyň we dil biliminiň wajyp meseleleriniň biridir. Halk döredijilik eserleri islendik milletiň taryhy ýoluny, ruhy dünýäsini we pähim-paýhasyny gorap saklaýan iň gymmatly genji-hazynadyr.***

Gahryman Arkadagymyzyň döredijiliginde halk pähimleriniň ulanylyşynyň aýdyň mysaly çeper we ylmy-jemgyýetçilik mazmunly eserlerinde ýüze çykýar. Awtoryň romanlarynda we beýleki ylmy-jemgyýetçilik mazmunly eserlerinde nakyllar tekste örän çeperçilik bilen goşulýar. Mysal üçin, eserlerde ynsan häsiýeti, watansöýüjilik we zähmetsöýerlik temalary gozgalyp, durnukly söz düzümleri, halkyň asyrlarboýy synagdan geçiren tejribeleri getirilýär. Nakyllaryň edebi tekstde ulanylyşy diňe bir çeperçiligi artdyrman, eýsem, Milli Liderimiziň öňe sürýän pelsepewi pikiriniň halkylygyny we subutnamasyny güýçlendirýär. Eserleriň dilinde duş gelýän frazeologizmler janly halk diliniň baýlygyny edebi derejä göterýär. Gahryman Arkadagymyzyň eserlerinde taryhy rowaýatlar, terbiýeçilik ähmiýetli hekaýatlar we halk dessanlaryndan getirilen edebi parçalar möhüm orun tutýar. “Älem içre at gezer”, “Döwlet guşy”, “Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz”, “Atda wepa-da bar, sapa-da”, “Gadamy batly bedew”, “Çaý – melhem hem ylham”, “Arşyň nepisligi”, “Mert ýigitler gaýrat üçin dogulýar”, “Mertler Watany beýgeldýär”, “Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi”, “Türkmen medeniýeti”, “Ömrümiň manysy”, “Ömrümiň manysynyň dowamaty”, “Enä tagzym – mukaddeslige tagzym”, “Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy”, “Türkmen alabaýy”, “Ynsan kalbynyň öçmejek nury”, “Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi”, “Hakyda göwheri” eserlerinde halk gahrymanlary, taryhy şahsyýetler hakyndaky rowaýatlar çeper we manyly beýan edilýär. Alym Arkadagymyzyň rowaýatlara ýüzlenmeginiň düýp mazmuny halk döredijiligini taryh bilen häzirki döwrüň arasynda ruhy köpri bolup hyzmat etdirmekden ugur alýanlygydyr.

Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň eserlerinde halk döredijiliginiň ulanylyşynyň iň uly maksatlarynyň biri hem ýaş nesli terbiýelemek meselesidir. Halk döredijilik eserleri arkaly ýaşlarda Watana bolan söýgi, ulyny sylamak, kiçini söýmek, zähmetsöýerlik, halallyk, agzybirlik we bilimli bolmak ýaly häsiýetler getirilýär. Halkyň dilden-dile geçip gelen nakyllary, rowaýatlary hem-de hekaýatlary häzirki zamanyň terbiýeçilik usulyýetinde iň täsirli serişdedir.

Gahryman Arkadagymyzyň eserleri türkmen halk döredijiligini, milli medeni mirasy we dilimizi aýawly saklamakda hem-de ösdürmekde uly ylmy gollanmadyr. Şol eserlerde folklor žanrlarynyň – nakyllaryň we rowaýatlaryň täsirli hem-de ulgamlaýyn ulanylyşy edebiýatymyzyň halkylyk häsiýetini has-da durnuklylaşdyrýar. Bu eserler talyplar, aspirantlar, mugallymlar we ylmy işgärler üçin halk döredijiliginiň häzirki zaman türkmen edebiýatyndaky ornuny öwrenmekde gymmatly çeşme bolup hyzmat edýär.

Mähriban Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi” kitaby türkmen halkynyň asyrlar aşyp, kämilleşip gelen ruhy-ahlak gymmatlyklaryny, pähim-paýhasly ýörelgelerini we öwüt-ündewlerini özünde jemleýän ensiklopediýadyr. Bu kitapda getirilýän nakyllar gündelik durmuşymyzyň hem-de milli ýol-ýörelgelerimiziň altyn hazynasydyr. Kitapda “Suw damjasy – altyn dänesi”, “Giç ýat-da, ir tur, alty pişegi artyk ur”, “Saglyk bolsa – beglik bolar” ...diýen nakyllaryň many-mazmuny şu gün hem öz wajyplygyny ýitirmän, ýaş nesilleri terbiýelemekde uly ähmiýete eýedir. Türkmen halky geçmişde suwuň gymmatyny ýokarda goýupdyr. Ata-babalarymyz suwuň her bir damjasyny altyna deňäp, rysgal-berekediň çeşmesi hasap edipdirler.

“Suw damjasy – altyn dänesi” diýilmegi diňe bir onuň gymmatyny görkezmän, eýsem, her bir ýerde suwa aýawly garalmagyny, ony ulanmak medeniýetini talap edýändigini görkezýär. Häzirki döwürde hem suw meselesi aýawly çemeleşmäni talap edýär. Suwy rejeli peýdalanmak Türkmenistanda ekologik kanunçylygyň we suw syýasatynyň baş ugrudyr.

Türkmen halky zähmete uly hormat goýýar. Şonuň üçin ata-babalarymyz ýaş nesilleri zähmetsöýerlik ruhunda terbiýelemek üçin parasatly pähimleri miras goýupdyrlar. Mähriban Arkadagymyz “Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi” kitabynda “Giç ýat-da, ir tur, alty pişegi artyk ur” nakylynyň üsti bilen zähmeti söýmegi ündeýär. Bu nakyl adam ömrüniň iň uly gymmatlygy bolan wagty we zähmeti dogry guramagy talap edýär. Türkmen halkynyň ýaşaýyş-durmuş kadasyna görä, ir turmak günüň berekedini garşylamakdyr, “Alty pişegi artyk ur” diýilmegi bolsa her bir işde zähmetsöýer, tutanýerli we gaýratly bolmalydygyny aňladýar. Milli ýörelgelerimizde zähmet ynama, dogry ruhy ösüşe we maşgala berekedine alyp barýan egsilmez hazynadyr. Sagdyn ynsanlara mahsus bolan jemgyýet bolsa kuwwatly döwletdir.

Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi” kitabyndaky nakyllar her bir türkmen raýaty üçin gündelik durmuş gollanmasydyr. Suwy aýawly saklap, zähmete hormat goýmak hem-de saglygyň gadyryny bilip ýaşamak bize asyrlardan gelýän milli mertebämizi ýokary götermäge hem-de geljek nesillerimize sagdyn, bereketli durmuşda ýaşamaga mümkinçilik berýär.

Ähli zähmetiň, gazanjyň we bagtly ýaşaýşyň gözbaşy saglykdyr. Jany sag bolan ynsan islendik işde üstünlik gazanyp bilýär. Saglyk bilen çekilen zähmet ynsany ruhy we maddy gymmatlyklaryň beýikligine göterip bilýär. Sagdyn ýaşaýyş şertlerini amala aşyrmak, sport bilen meşgullanmak we ruhy taýdan sagdyn nesli terbiýelemek Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. “Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi” kitabynda “Saglyk bolsa – beglik bolar” diýen nakylyň ulanylmagy ynsanyň janynyň sag bolmagyny, onuň öz durmuşyna, ruhy dünýäsini baýlaşdyrmaga eýelik edip bilmek başarnygyny aňladýar. Bu kitapdaky nakyllar her bir türkmen raýaty üçin gündelik durmuş gollanmasydyr. Suwy aýawly saklap, zähmete hormat goýmak hem-de saglygyň gadyryny bilip ýaşamak bize asyrlardan gelýän milli mertebämizi ýokary götermäge hem-de geljek nesillerimize sagdyn, bereketli durmuşda ýaşamaga mümkinçilik berýär.

“Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi” kitabynda ulanylan her bir nakyl diňe dilden-dile geçip gelen döredijiligiň gözbaşy bolman, eýsem, türkmen halkynyň ruhy dünýäsiniň baýlygydyr. Bu kitap türkmen halkynyň taryhy we ruhy ýörelgelerini gündelik durmuş kadalary bilen baglanyşdyrýar.

Milli Liderimiz: “Baýlygyň enesi – ýer, atasy – zähmet”, “Daýhandan hereket, ýerden bereket” diýen ýaly nakyllara üns berseňiz, olarda ýeriň gymmaty barada aýdylmak bilen birlikde, şol uly baýlygy ulanmagy başarmagyň zerurdygy, munuň üçin zähmet çekmelidigi düşündirilýär” (*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ömrümiň manysy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2022. 55 s.) diýip belleýär.

Halk döredijilik eserlerini inçelik bilen öwrenip, ony çeper eserlerinde, ylmy-jemgyýetçilik mazmunly kitaplarynda ulanmagy hormatly Arkadagymyzyň şahsy durmuşy bilen berk baglanyşyklydyr. Gurbanguly Berdimuhamedowyň garry atasy Anna aga, garry enesi Hesel eje, atasy Berdimuhamet Annaýew, kakasy Mälikguly aga halk döredijilik eserlerini özleriniň durmuş ýolundaky şamçyrag saýypdyrlar. Olar halkyň döreden ruhy gymmatlyklaryny gyzylyň gyryndysy ýaly saklap, nesillere geçiripdirler. Aňyrdan gelýän nebere ýörelgesi nesilden-nesle geçip gelipdir. Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow şol arassa akabany, mukaddes ýörelgäni dowam etdirip, il-güne serpaýyny ýapyp gelýär. Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň eserleri özüniň terbiýeçilik ähmiýeti bilen Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň ähli ugurlaryndaky ösüşlerinde halk köpçüligine ruhy lezzet berýär, täze-täze üstünliklere ruhlandyrýar. Şol eserlerde halk döredijilik nusgalarynyň ulanylmagy terbiýeçilik taýdan hem ähmiýetlidir. Olary ylmy esasda öwrenmek bolsa täze-täze edebi üstünliklere ýol açýar.

***Berdi Saparmyradow,* Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň kiçi ylmy işgäri.**

# MILLI BILIM KANUNÇYLYGYNYŇ ÝAŞLARYŇ HUKUK MEDENIÝETINI KEMALA GETIRMEKDÄKI ORNY

Konstitusion ýörelgelere esaslanýan milli bilimiň kanunçylyk binýady halkara hukuk kadalary bilen sazlaşykly utgaşyp, bilimiň ähli derejelerinde mugallymlaryň usuly başarnyklaryna eýe bolmagyny, okatmagyň döwrebap tehnologiýalardan üstünlikli peýdalanmagyny talap edýär. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda bilim ulgamyny düýpli kämilleşdirmek we dünýä standartlaryna laýyk getirmek Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda alnyp barylýan döwlet syýasatynyň iň möhüm ugurlarynyň biridir. Ýaş nesliň aňynda döwletlilik kadalaryny berkitmek, Watana bolan söýgini, kanuna bolan hormaty kemala getirmek milli kanunçylygyň özenini düzýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz 2023-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisindäki maksatnamalaýyn çykyşynda ylmyň we tehnikanyň örän çalt depginler bilen ösmeginiň, täze tehnologiýalaryň döremeginiň, ýurdumyzyň dünýäniň bilim giňişligine işjeň goşulyşmagynyň bilim edaralarynda okatmagyň usulyýetiniň kämilleşdirilmegini talap edýändigini belledi we halkara bilim standartlaryna laýyk gelýän Konsepsiýany taýýarlamagyň möhümdigine ünsi çekdi. Şonuň bilen baglylykda, 2024-nji ýylyň 25-nji maýynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen “Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasy” tassyklandy. Bu Konsepsiýanyň maksady bilim bermegiň hilini dünýä standartlaryna laýyk getirmekden, okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmekden, bu ugurda innowasion usullary okuw işine giňden ornaşdyrmakdan, mugallymlaryň döredijilik başarnyklaryny, ussatlygyny has-da ýokarlandyrmakdan, ýaş nesliň kalbynda ata Watana söýgini, milli däp-dessurlara, medeni mirasa we taryha bolan buýsanjy, hukuk medeniýeti, hukuk aňy ýaly düşünjeleri kemala getirmekden ybaratdyr. Ýurdumyzda pedagogik işgärleri taýýarlamagyň gerimini giňeldip, mugallymlaryň hünär bilimlerini çuňlaşdyrmak, täze tehnologiýalar esasynda okatmagyň usullaryny kämilleşdirmek, bilim ulgamyny has-da döwrebaplaşdyrmak maksady bilen, halkara hyzmatdaşlygy ýola goýuldy. Konsepsiýanyň durmuşa ornaşdyrylmagy döwrebap şertlerde ýaşlaryň diňe bir tehnologik başarnyklaryny däl, eýsem, olaryň kanuna, jemgyýetçilik gymmatlyklaryna bolan sarpasyny täze usullar arkaly kemala getirmäge uly itergi berýär.

> ***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe eziz Diýarymyzda Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan bilim syýasaty we onuň kanunçylyk binýadynyň berkidilmegi Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan üstünlikli dowam etdirilýär. Ýurdumyzyň ýaş nesliniň geljekde ruhy hem beden taýdan kadaly ösen şahsyýetler hökmünde kemala getirilmegi üçin, nesilleriň edep-terbiýe meselesi we şunuň bilen baglanyşykly pedagogik-psihologik wezipeleriň hukuk taýdan düzgünleşdirilmesi üns merkezinde saklanylýar.***

Ýokary hünär okuw mekdebiniň mugallymlarynyň iş tejribesiniň nukdaýnazaryndan hem-de 2021-nji ýylda kabul edilen “Bilim hakynda” (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunynyň 28-nji maddasyndaky ýokary hünär bilimi derejeleriniň bilim maksatnamalary Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň pudaklary üçin taýýarlygyň ugurlary, hünärler boýunça ýokary hünärli işgärleriň düýpli nazaryýet we amalyýet taýdan taýýarlanylmagyny, şeýle hem, şahsyýetiň akyl, medeni, ahlak taýdan ösmäge, hünär bilimini, ylmy-pedagogik hünär derejesini çuňlaşdyrmaga, giňeltmäge bolan islegleriniň kanagatlandyrylmagyny üpjün edýändigi baradaky düzgünlerden ugur alanyňda, bilimiň hilini ýokarlandyrmak üçin, ilki bilen, mugallymyň iş başarnygy, döwrebap bilimi, tejribesi, şahsy göreldesi zerurdyr, sebäbi döwletiň terbiýe ojagynyň esasy wekilleri hökmünde Watana wepaly, zähmetsöýer, hukuk kadalaryna we jemgyýetiň ahlak ýörelgelerine hormat goýýan, kämil başarnyklary bolan şahsyýetleri terbiýelemekde mugallymlar möhüm orny eýeleýärler.

Bilim ulgamynda alnyp barylýan özgertmeler her bir mugallymy okatmagyň innowasion görnüşlerini, usullaryny, serişdelerini gözlemäge, interaktiw, umumy we amaly sapaklary guramaga borçlandyrýar. Okuwyň görnüşleriniň we usullarynyň dürlüligi, olaryň häzirki zaman bilim, terbiýe we talyplaryň intellektual ösüşi baradaky wezipeler bilen utgaşdyrylmagy okuw maglumatlarynyň has ýokary netijeli öwrenilmegine mümkinçilik berýär. Işjeň okuw görnüşleriniň döwrebaplygynyň, talyplaryň pikirleniş ukybynyň ösdürilmeginiň olarda okuw maksatnamalarynda, hünär häsiýetnamalarynda we bilim standartlarynda göz öňünde tutulan başarnyklaryň, endikleriň emele gelmegine oňaýly täsir edýändigini öňdebaryjy tejribeler görkezýär.

Häzirki wagtda – ykdysadyýetiň we durmuş ulgamynyň ähli pudaklarynyň innowasion ösüşlere gönükdirilen şertlerinde ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlarynyň hünär derejesine bolan talaplar hem barha artýar. Diýmek, ýokary okuw mekdepleriniň uçurymlarynyň öz geljekki hünärlerinde talap edilýän ukyp-başarnyklarynyň bolmagy, olaryň iş ýerine çalt uýgunlaşmagy, hünär ussatlygyna bolan ukyplary ýokary okuw mekdepleriniň, şonuň ýaly-da, mugallymlaryň işiniň möhüm görkezijilerine öwrülýär.

“Ýokary bilimiň hili ylmy-pedagogik işgärleriň başarnyklary bilen kesgitlenýär” diýmäge hem doly esas bar. Hünärmenleri taýýarlamagyň köp derejeli ulgamyna geçilmegi, şeýle-de, bilim almagyň üznüksizligi we taýýarlygyň dürli derejeleriniň utgaşyklylygynyň üpjün edilmegi üçin, her bir ýokary okuw mekdebinde innowasion bilim bermegi meýilleşdirmegiň usulyýet, guramaçylyk we pedagogik esaslary talap edilýär.

Bilim ulgamyna, jemgyýetde kabul edilen kada-kanunlara, milli däplere türkmen halkynyň ähli döwürlerde üns berendigi, hormat goýandygy baradaky taryhy we resmi maglumatlar Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň kitaplarynda ylmy-amaly nukdaýnazardan giňişleýin beýan edilýär. Mälim bolşy ýaly, halkymyzyň öz milli mirasyny nesilden-nesle geçirmek başarnygy bilen baglanyşyklylykda, milletiň özüni tanamagynyň esasy bolan ylym we bilim döwürleriň ruhy baglanyşygyny berkidýär.



Jemgyýetiň sazlaşykly ösüşinde halkyň ruhy-medeni derejesini ýokarlandyrmak asyrlarboýy ýygnanan, ýyllaryň synagyndan geçen halk däplerine, adatlara we bilim bermegiň usullaryna, şeýle hem, milli terbiýä daýanýar. Taryhy maglumatlar we halk döredijiliginiň çeşmeleri türkmen halkynyň terbiýe bermek däplerini işjeňleşdirmäge, maksadalaýyk zähmeti we dynç alşy guramaga, adamlaryň arasynda ahlak gatnaşyklaryny ösdürmäge gönükdirilendir.

Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasy pedagogik işgärleriň hünär derejelerini ýokarlandyrmagy, olaryň hünär bilimlerini çuňlaşdyrmagy, pedagogik ussatlygyny kämilleşdirmegi, umumy we kesp-kär medeniýetini dünýä derejesine laýyklykda ösdürmegi, ylmyň, tehnologiýalaryň, halkara hem milli tejribäniň häzirki zaman gazananlaryny hasaba almagy, hünär bilimleriniň döwrebaplygyny öz içine alýar.

Sanly ykdysadyýetiň, emeli aňyň, innowasion tehnologiýalaryň döwründe kemala gelýän ýaşlar diňe bir bilimli bolmak bilen çäklenmän, eýsem, islendik ýagdaýdan baş alyp çykmaga bolan ukyby hem özünde kemala getirmegi başarmalydyr. Ýaşlaryň döwletiň çäginde hereket edýän kanunlary bilmegini, olara doly we dogry düşünmegini, döwlet gurallaryna sarpaly çemeleşmegini gazanmak parahatçylygy, durnukly ösüşi üpjün edýän esasy sütündir. Hukuk kadalaryna hormat goýýan, raýat jemgyýetini gurmagy başaran döwletde bilim berliş usullaryny döwrebaplaşdyrmak dünýä derejesindäki talaplardan yza galmazlygyň baş şertidir. “Maglumatlar asyry” diýlip atlandyrylýan XXI asyrda bilim tehnologiýalarynyň ösdürilmegine aýratyn talaplar bildirilýär.




Bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi hem möhümdir. BMG-niň Çagalar gaznasy (ÝUNICEF) bilen Türkmenistanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň meýilnamasyna laýyklykda, “Bilim ulgamynda başarjaňlyk

çemeleşmesine esaslanýan okuw maksatnamalaryny taýýarlamak we okatmagyň usullaryny kämilleşdirmek” boýunça Türkmenistanyň Milli bilim institutynyň ylmy işgärleriniň, Baş bilim müdirlikleriniň hünärmenleriniň, pedagogik işgärleriň gatnaşmaklarynda okuw maslahatlarynyň guralmagy şeýle mysallaryň hatarynda durýar.

Konsepsiýa laýyklykda, okuwçylaryň sazlaşykly ösüşini üpjün etmek üçin ylmyň, medeniýetiň, sportuň ugurlary boýunça döwrebap okuw maksatnamalaryny taýýarlamagy we okuwlara ornaşdyrmagy dowam etdirmek bilen, ylmyň, halkara tejribäniň soňky gazananlaryny ulanyp, täzelerini döretmek zerurdyr. Sanly ulgamdan netijeli peýdalanmak bilen, bilim-terbiýe bermegiň usulyýetini döwrebaplaşdyrmak möhüm wezipe hasap edilýär. Bu wezipeleriň ýerine ýetirilmegi Türkmenistanyň Prezidentiniň 2025-nji ýylyň 8-nji oktýabryndaky Karary bilen tassyklanan “Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2026 – 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynyň” maksatlary we wezipeleri bilen hem sazlaşykly utgaşýar.

“Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasynyň” sekizinji babynda Konsepsiýanyň amala aşyrylmagyndan garaşylýan netijeleriň hatarynda:

– umumybilim maksatnamalary boýunça ýaş nesle berilýän bilimiň hilini ýokarlandyrmak, mazmunyny baýlaşdyrmak hem-de okatmagyň usulyýetine innowasion häsiýet bermek bilen, okuw dersleri boýunça elektron okuw-usuly toplumlary, ýagny okuw esbaplaryny, wideo-audio materiallary, elektron okuw kitaplaryny we okuw-usuly gollanmalaryny işläp taýýarlamaga üns güýçlendiriler;

– umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini yzygiderli kämilleşdirmek maksady bilen, bilim ulgamyna häzirki zaman maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalary we innowasiýa taslamalary ornaşdyrylar;

– üznüksiz bilim ulgamynyň mazmunyny hil taýdan täzelemek, şeýle hem, pedagogik işgärleri taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak, olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak we ussatlyklaryny, bilimlerini, başarnyklaryny yzygiderli ösdürmek babatdaky işleri döwrebaplaşdyrmak yzygiderli dowam etdiriler diýlip kesgitlenmegi ýokary bilimiň sanlylaşdyrylmagy şertlerinde pedagogyň usulyýet başarnygyna bildirilýän talaplary aýdyň şöhlelendirýär.

Bilim gurşawynda sanlylaşdyrmagyň ileri tutulmagy jemgyýetiň ösüşiniň netijesidir, onda mugallymyň hem talybyň sanly jemgyýetde möhüm bolan başarnyklary we bilimleri ýüze çykýar.

Konsepsiýada bilim bilen ylmy sazlaşykly alyp barmak boýunça hem wezipeler kesgitlenen. Şu nukdaýnazardan, pedagogik işgärleri taýýarlaýan pedagogik ugurly ýokary (orta) hünär bilim edaralarynyň okuw maksatnamalaryna pedagogik işgäriň gözleg-barlag işlerini alyp barmaga bolan ýörite başarnygyny kemala getirmäge we ösdürmäge ýardam edýän aýratyn temalaryň, ýörite okuwlaryň girizilmegi göz öňünde tutulýar. Şeýle hem, okatmagyň usulyýeti ylmynda gazanylan üstünlikleri, öňdebaryjy dünýä we milli tejribäni nazara almak bilen, okuw meýilnamalaryny hemişe baýlaşdyrmaga çalşylýar.

Konsepsiýada kesgitlenen wezipelere laýyklykda, pedagogik ugurly ýokary okuw mekdeplerinde döredilen hünär derejesini ýokarlandyryş fakultetleriniň işini döwrebap ýola goýmak we has-da kämilleşdirmek maksady bilen, olaryň alyp barýan işlerine, guralýan hünär kämilleşdiriş usuly-amaly okuwlaryna Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan yzygiderli gözegçilik amala aşyrylýar hem-de ylmy-usuly taýdan seljerme bermek ýola goýulýar. Şol fakultetlerde guralýan hünär kämilleşdiriş usuly-amaly okuwlarda okadýan pedagogik işgärler tarapyndan hünär taýýarlygynyň derejesine berilýän üns güýçlendirilýär, olar üçin zerur usuly-amaly okuwlar, okuw maslahatlary yzygiderli guralýar.

Konsepsiýany üstünlikli amala aşyrmak boýunça yzygiderli ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasy boýunça bilim edaralarynda halypa-şägirt gatnaşyklarynyň ýola goýluşyna we dowamly alnyp barlyşyna üns has-da güýçlendirilýär. Bu ugurdaky möhüm işleri döwrüň talaplaryna laýyk guramak, olara yzygiderli gözegçilik etmek maksady bilen, halypa-şägirt gatnaşyklarynyň tertibi bilim ulgamynyň edaralaryna ornaşdyrylýar, bu ugurdaky işleriň mazmuny yzygiderli baýlaşdyrylýar we hili ýokarlandyrylýar.

***Jahangül Myradowa*, Türkmenistanyň Mejlisiniň Daşky gurşawy goramak, tebigatdan peýdalanmak we agrosenagat toplumy baradaky komitetiniň agzasy.**

# BILIMDE SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ ORNY

***Sanly tehnologiýalar milli bilim ulgamyny düýpli özgerdýär we ony çeýe hem açyk ulgama öwürýär. Bu gün sanly tehnologiýalar diňe bir kagyz göterijidäki okuw kitaplaryny we okuw gollanmalaryny planşetler bilen çalyşmagy däl-de, bilim berlişini düýpli üýtgedip gurmagy aňladýar.***

Sanly tehnologiýalardan bilim ulgamynyň ähli derejelerinde giňden peýdalanylýar. Meselem, okuwyň dowamynda: elektron kitaplar, onlaýn, wideo sapaklar, interaktiw platformalar arkaly okuwçylara çuňňur bilim almaga has giň mümkinçilikler döredilýär. Ylmy işleri alyp barmakda: maglumatlary toplamak, seljermek we paýlamak üçin sanly çeşmeler döwrebap ylmy gözlegleriň binýadyny emele getirýär. Dolandyryş ulgamy bilen sanly serişdeleriň utgaşdyrylmagy bilim edaralarynyň işini gowulandyrmaga mümkinçilik berýär.

Sanly bilim tehnologiýalary okuwçylaryň şahsy endiklerine laýyklykda bilim almagyna oňaýly şertleri döredýär. Bilim ulgamynda açyklygyň we bäsdeşligiň ýokarlanmagyna ýardam edýär. Halkara bilim bazasyna gönüden-göni çykmaga mümkinçilik berýär.




Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan alnyp barylýan döwlet syýasatynda ýaş nesle döwrebap bilim bermek, olary, sanly bilim ulgamynyň talabyna laýyklykda ýokary derejeli hünärmenler edip taýýarlamak möhüm wezipeleriň biridir. Bu ugurda derwaýys işler amala aşyrylýar. Şunda ýokary okuw we umumybilim berýän mekdeplerde kompýuter tehnologiýalary giňden ulanylýar, elektron kitaphanalar, sanly maglumat gorlary döredilýär. Okuwçylar we talyplar daşary ýurtlaryň öňdebaryjy onlaýn platformalaryna çykmak mümkinçiligi bilen üpjün edilýär. Ýurdumyzyň ähli künjeklerinde internet ulgamynyň giňeldilmegi bilen bilelikde, bilim edaralary sanly gurşawa alnandyr. Şeýlelikde, Türkmenistan sanly bilim ulgamyny ösdürmekde, halkara tejribäni peýdalanmak bilen bir hatarda, milli ýörelgelere laýyklykda, innowasion ösüşlere eýe bolýar.

Amatlylyk, çaltlyk, tygşytlylyk ýaly düşünjeler bilen berk baglanyşykly bolan sanly ulgam adamzadyň ýaşaýşyny hakyky eşrete öwrüp bilýän güýje eýedir. Şoňa görä-de, döwletimizde sanly ulgamy ösdürmegiň esasy ugurlary kesgitlenildi. Bilim bermegiň ähli derejelerini ýokary hilli elektron bilim maglumatlary bilen üpjün etmek, bilim edaralarynda berilýän bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmak, hilini ýokarlandyrmak we okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek sanly ulgamdan peýdalanmakda esasy ugurlardyr. Çagalara ak mekdebiň gapysyndan ätlän ilkinji pursatlaryndan okuw üçin gerekli bolan programmalar bilen üpjün edilen kompýuterler mugt berilýär. Bu bolsa ýaş nesliň döwrebap tehnologiýalar bilen has içgin tanyşmagy-

na, geçilýän okuw derslerini çuňňur özleşdirmegine kömek edýär.

Ylmyň we tehnikanyň gazananlaryndan, dünýäniň öňdebaryjy tejribelerinden netijeli peýdalanylmagy bilen milli bilimiň ýokary derejesi üpjün edilýär. Türkmenistanyň hemmetaraplaýyn ösmegine, ykdysady taýdan dünýä döwletleriniň hatarynda mynasyp ornuny pugtalandyrmagyna şert döredýär.

Sanly bilim ulgamyny ösdürmekde, ilkinji nobatda, bilimiň dolandyryş ulgamyny maglumatlaşdyrmak, öňdebaryjy tehnologiýalary, dünýä tejribesini okuw işinde ulanmak bilen, uly ösüşlere eýe bolýarys. Bu ugurda maglumatlaşdyrmagyň aýratyn ýörelgesi hökmünde bilim işine gatnaşyjylaryň ählisiniň: okadýanlaryň we bilim alýanlaryň elektron bilim hyzmatlary bilen üpjün edilmegi maksat edinilip, zerur bolan elektron hyzmatlar (elektron žurnal, elektron gündelik, elektron ýazgy we beýlekiler) ýola goýulýar.

Milli bilimiň ösüşine innowasiýalar, maglumat tehnologiýalary, sanly bilim üçin zerur bolan okuw-usuly esbaplardyr täze usullar, pedagogik işgärleriň işindäki täzelenişler mahsusdyr. Mundan başga-da, sanly bilim ulgamyny ösdürmekde Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bilim alýan ýaşlaryň häzirki zaman kompýuter tehnologiýalaryndan ussatlyk bilen baş çykarmagynyň zerurdygy öz-özünden düşnüklidir. Ýurdumyzyň bilim edaralarynyň ösen innowasion tehnologiýalar bilen üpjün edilmegi, talyplaryň kompýuter sowatlylygynyň yzygiderli kämilleşdirilmegi uly ähmiýete eýedir. Muny durmuşa geçirmek üçin ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde hünärmenler, professor-mugallymlar, şeýle-de, ýaşlar tarapyndan sanly bilim ulgamynyň tor programma üpjünçiligi işlenip taýýarlanyldy. Bilim ojaklarymyzda sanly bilim we *e-kitaphana* portallary hereket edip, islendik ýokary okuw mekdebinde okaýan talyplaryň bilimlerini kämilleşdirmäge uly goşant goşýar. Bulardan başga-da, bilim ojaklarynda sanly tehnologiýalaryň, ýokary tizlikli internet ulgamynyň giňden ornaşdyrylmagy netijesinde, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleri bilen daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň, şeýle-de, ylym-bilim merkezleriniň arasynda uzak aralykdan sapaklar, wideoşekilli maslahatlar yzygiderli guralýar. Bular ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde halkara hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmekde alnyp barylýan ylym-bilim, terbiýeçilik, sport, medeni-köpçülik işlerini, ýurdumyzda amala aşyrylýan döwlet ähmiýetli özgertmeleri, ösüşleri giňden şöhlelendirmekde sanly bilim ulgamynyň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanylýandygynyň aýdyň mysallarydyr.

Şeýlelikde, bilim ulgamynda dünýä tejribesi esasynda okatmagyň innowasion usullary hem-de öňdebaryjy tejribeleri yzygiderli ornaşdyrylýar. Şu nukdaýnazardan, "Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasynda" ýurdumyzy ähli ugurlardan ösdürmek, şol sanda, bilim edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek we okatmagyň innowasion usullaryny ornaşdyrmak arkaly berilýän bilimiň hilini ýokarlandyrmak, mekdepleriň okuw-usuly taýdan üpjün edilişini gowulandyrmak bilen bagly hem anyk wezipeler kesgitlenildi. Munuň özi dünýäde ylym-bilimiň, öňdebaryjy tehnologiýalaryň çalt depginlerde ösýändigi, dünýäniň ösüşi bilen aýakdaş gitmegiň bolsa biziň esasy maksadymyz bolup durýandygy bilen berk baglanyşyklydyr.

Şeýlelikde, sanly tehnologiýalar häzirki zaman milli bilim ulgamynyň aýrylmaz bölegi hökmünde çykyş edýär. Olar diňe bir okuw prosesini ýeňilleşdirmän, eýsem, täze mümkinçilikleri hem açýar. Türkmenistanyň milli bilim ulgamynda alnyp barylýan işler ýaşlaryň döwrüň talabyna laýyklykda, ösen tehnologiýalary özleşdirmegine, halkara derejede bäsdeşlige ukyply bolmagyna ýardam edýär. Geljekde sanly bilim ulgamyny ösdürmek ýurduň halkara bilim giňişliginde mynasyp orun eýelemegine, ýaşlaryň döredijilikli pikirlenýän, giň dünýägaraýyşly, hemmetaraplaýyn kämil şahsyýetler hökmünde kemala gelmegine uly goşant goşar.

***Ymamguly Rejepow, Döwletgeldi Aýazow,*** **Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymlary.**

**Makalany ýollan: Türkmen döwlet maliýe instituty.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 16-njy fewraly.**

# ÝOKARY BILIMDE SENAGAT SYÝASATYNY ÖWRETMEK – DÖWRÜŇ TALABY

***Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistan syýasy, ykdysady we medeni ugurlarda uly ösüşlere eýe boldy. Bu ýyllarda ýurdumyzy hemmetaraplaýyn özgertmäge gönükdirilen Prezident maksatnamalary kabul edildi, geljek ýyllar üçin döwlet syýasatynyň ileri tutulýan möhüm ugurlary kesgitlenildi. Şunuň bilen baglanyşyklylykda, ýurdumyzyň senagat pudagy çalt depginler bilen ösdürilýär, hojalygyň beýleki pudaklary bilen bir hatarda, milli ykdysadyýetimiziň ähli ugurlarynda gazanylan ägirt uly üstünliklere senagat pudagyndaky ösüş-özgerişler uly goşantdyr.***

Türkmenistanda geljegi uly hem-de eksport ugurly senagat syýasatynda ösüşiň täze belentliklerine çykmaga gönükdirilen döwlet aladalary öz beýanyny tapýar. Senagatyň taryhyna ser salnanda, ilkinji senagat rewolýusiýasy döwründe suwuň we buguň güýjünden peýdalanylandygyny, bu ugurda üstünlikleriň gazanylandygyny bilermenler belleýärler. Elektrik energiýasy bilen işleýän enjamlaryň we önümçilik desgalarynyň peýda bolmagyna ikinji senagat rewolýusiýasynyň netijesi hökmünde garalýar. Bu döwürde harytlaryň köpçülikleýin önümçiligi ýola goýulýar.



Üçünji senagat rewolýusiýasy döwründe, maglumat tehnologiýasynyň kämilleşmegi bilen, önümçilik köp derejede awtomatlaşdyryldy.

Häzirki eýýamda bolsa dördünji senagat rewolýusiýasy dowam edýär diýlip hasaplanylýar. Bu rewolýusiýa üç basgançakdan ybarat bolup, *birinjisi* “jisimleriň interneti”, *ikinjisi* “internetiň hyzmatlary”, *üçünjisi* “kiberfiziki ulgamlar” diýlip atlandyrylýar.

Senagat syýasatyny durmuşa geçirmekde häzirki zaman pudaklaryna ornaşdyrylýan innowasiýalaryň uly ornunyň bardygyny ýokary okuw mekdeplerinde bilim-terbiýe, ylym-hünär alýan talyplara öwretmek bilim ulgamyndaky möhüm wezipeleriň biridir.

Türkmenistanyň senagat syýasaty innowasion ösüşe, milli ykdysadyýetiň bäsleşige ukyplylygynyň ýokary derejesini üpjün etmäge gönükdirilendir. Ýurdumyzyň halk hojalygynyň esasy pudaklarynyň biri bolan senagat önümçiliginde düýpli özgertmeler üstünlikli dowam etdirilip, innowasion enjamlar bilen üpjün edilen döwrebap senagat kärhanalary gurulýar, bar bolanlarynyň durky täzelenýär. Senagat kärhanalarynyň maddy-enjamlaýyn binýady täze tehnologiýalar esasynda barha pugtalandyrylýar. Pudaga halkara talaplara we ölçeglere laýyk gelýän öňdebaryjy innowasiýalar ornaşdyrylýar.

Dünýä bazarynda milli önümçiligiň senagat harytlarynyň eýeleýän ornuny pugtalandyrmak üçin, gaýtadan işleýän kärhanalar döwrebaplaşdyrylýar, netijeli täze tehnologiýalar ornaşdyrylýar. Ýurdumyzyň ähli künjeklerinde alnyp barylýan giň gerimli özgertmeleriň netijesinde kärhanalar iň kämil, awtomatlaşdyrylan enjamlar, ykdysady ösüşiň platformalary bilen üpjün edilýär. Şeýlelikde, dürli görnüşli önümleriň, şol sanda, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň möçberi barha artdyrylýar. Senagat pu-

dagynyň eksport mümkinçilikleri ýokarlandyrylýar.

Belleýşimiz ýaly, häzirki wagtda ýurdumyzda alnyp barylýan senagat syýasatyna laýyklykda, "dördünji senagat rewolýusiýasy" adalgasy ulanylyşa girizildi. "Senagat 4.0" diýlip atlandyrylýan döwrebap awtomatlaşdyrylan ulgam maglumat alyş-çalşygyny, önümçilik tehnologiýalaryny öz içine alýan has giň we çuň manyda ulanylýan adalgadyr. Bu rewolýusiýa jisimleriň internetiniň, internet hyzmatlarynyň hem-de kiberfiziki ulgamlaryň sazlaşykly işini guraýar. Şol bir wagtyň özünde hem, bu özgerdiş "akylly şäher", "akylly kärhana", "akylly öý" ýaly ulgamlaryň emele getirilmegine goşant goşýar. Şeýle hem, bu pudak, önümçilik üçin zerur bolan maglumatyň toplanmagyna we düýpli seljerilmegine mümkinçilik berýändigi bilen, kuwwatly ykdysadyýetiň döredilmegine getirýär, sebitlerde döwrebap senagat desgalarynyň gurluşygyna täze tizlik berýär. Bu bolsa ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga uly goşantdyr.

Himiýa senagaty milli ykdysadyýetimiziň geljegi uly we çalt depginlerde ösýän pudaklarynyň biridir. Bu pudak kärhanalaryň mineral dökünlere, natriý sulfatyna, ýoda, broma we brom birleşmelerine, tehniki ugleroda we beýleki himiýa önümlerine bolan isleglerini kanagatlandyrýar. Mineral dökünleri öndürmegiň giň gerimde alnyp barylmagy we olaryň görnüşleriniň artdyrylmagy ýurdumyzyň oba hojalygynyň mineral dökünlere bolan islegini öz güýjümiz bilen doly kanagatlandyrmaga şert döredýär hem-de olaryň daşary ýurtlara eksportyny ygtybarly ýola goýmaga mümkinçilik berýär. Himiýa senagatynyň ösüşi senagat pudaklarynyň ösdürilmegine uly itergi berýär. Olaryň hil taýdan ösüşini üpjün edýär hem-de ýurdumyzda öndürilýän önümleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrýar.

Durmuş tejribeleriniň görkezişi ýaly, milli senagat syýasatynyň işjeň ýöredilmegi bilen, häzirki döwürde Türkmenistan dördünji senagat rewolýusiýasynyň çarçuwasynda uly ösüşlere eýe bolýar we ykdysady pudaklaryň dünýä bazarynda bäsleşige ukyplydygyny görkezýär. Ýurtda eksport üçin ýokary hilli, hususan-da, importyň ornuny tutýan haryt önümçiliginiň täze nesliniň nusgalary döredilýär. Muňa ýylyň-ýylyna hasaba alynýan ykdysady görkezijileriň barha ýokarlanýandygy-da şaýatlyk edýär.

Mugallym okuw sapaklarynda ýörite taýýarlanan hasabatdan anyk görkezijileri ulanyp, talyplara ösüşleri takyk görkezip bilse, olaryň sapaga bolan gyzyklanmasy artar (mugallym ylmy edebiýatlardan, döwlet maksatnamalaryndan, okuw kitaplaryndan, okuw gollanmalaryndan hem-de internetden toplan maglumatlaryny sapagyň şu döwründe ulanmalydyr).

Mugallym senagat syýasatynda innowasiýalaryň ornunyň berkidilýändigi baradaky pikiri sapagyň ahyrynda-da nygtamalydyr. Mysal üçin, dünýä tejribesiniň yzygiderli öwrenilýändigini ýatlamak bolar. Mikroshemalar we ýarymgeçirijiler ýewropalylaryň her gün ulanýan ähli tehnologiýalarynda bardyr. Ykdysady syýasatçylar şu babatda üpjünçiligiň kesilmeginiň her bir döwrebap ýaşaýan raýatyň durmuşyna gönüden-göni oňaýsyz täsir etjekdigini belleýärler.

Milli senagat syýasaty üstünlikli durmuşa geçirilýän häzirki döwürde, ýagny dördünji senagat rewolýusiýasynyň barşynda, dünýä tejribesi öwrenilip, önümçilikde awtomatlaşdyrylan maşynlar arkaly hyzmatlary hödürleýän we harytlary, maglumatlary awtomatik usulda paýlaşýan ulgama geçilýär. Häzirki döwürde milli senagatymyzyň ösüşini öwrenýän alymlarymyz, mugallymlarymyz Germaniýanyň Emeli aň barlaglary merkeziniň (DFKI) Kaýzerslautern şäherinde bu ulgamyň nähili işlejekdigini görkezýän maketi taýýarlaýandygyndan habarlydyr. Ony taýýarlamaga "Siemens" kompaniýasy we başga-da ýigrimä golaý işewür ylmy-barlag merkezleri gatnaşypdyr. Bu ýerde kiçiräk "akylly" zawodda harytlaryň öndürilişiniň tehnologiýasy we önümçilik maşynlary arkaly öndürmegiň düzgünleri bilen müşderiler tanyşdyrylýar. Dördünji senagat rewolýusiýasy ulgamyň yzygiderli gözegçilikde saklanmagyna we bökdençligi bada-bat bilip, onuň öňüniň alynmagyna, energiýanyň we beýleki çeşmeleriň tygşytly ulanylmagyna, netijeliliginiň artdyrylmagyna, harydyň özüne düşýän bahasynyň peseldilmegine, täze hyzmat ediş usullarynyň teklip edilmegine mümkinçilik berýär.

***Akgül Akmämmedowa,* Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.**



# YLMY MAKALALAR

## GAZNALYLAR TÜRKMEN DÖWLETINDE BILIM-TERBIÝE WE YLYM

***Söbükteginiň döwründen bu döwletde sowatlylyga, edep-terbiýä, ylmyň ösdürilmegine düýpli üns berlip başlanýar. Ol tanymal, gahryman adamlaryň durmuş ýoly hakynda eserleriň ýazylmagynyň zerurdygyny nygtaýar. Onuň özi hem öz durmuş ýoluny we öwüt-ündewlerini beýan edýän «Pentnama» atly eseri ýazýar.***

Türkmenler birnäçe jahanşalyklary döreden halkdyr. Şolaryň biri Gaznalylar döwleti bolup, ol 962 – 1186-njy ýyllarda höküm sürüpdir. Döwleti hökümdarlaryň 21-si dolandyrypdyr. Gaznalylar döwletiniň esasyny goýan Samanylar döwletiniň harby serkerdesi (sipahsalary) Alptegindir. Ol köşk dawalary netijesinde Samanylar döwletinde eýelän uly wezipelerini goýup, Gazna baryp, döwlet döredipdir. Alptegin türkmenleriň gaýy taýpasyndandyr. Gaznalylar döwletini berkarar derejesine ýetiren 977 – 997-nji ýyllarda hökümdarlyk eden Söbüktegindir.

Alym Arkadagymyzyň: “Taryhda bina edilen kuwwatly türkmen döwletlerinde ylym-bilim ýokary derejelerde ösdürilipdir” [1, 80 s.] diýen kesgitlemesi Gaznalylar döwletine hem degişlidir. Söbükteginiň “Pentnama” eseri türkmen diline geçirilip, “Garagum” žurnalynda çap edildi. Bu eser halk pedagogikasyna degişli aýratyn ähmiýetli işleriň biridir. Söbüktegin şeýle eseriň üsti bilen göreldä esaslanýan terbiýeçilik ýoluny peýdalanýar, pentleri esasynda ýaşlary terbiýelemek usulyny ulanýar. Öz durmuşyndan mysallar getirip, maksada ýetmek üçin gaýduwsyz, edermen bolmalydygyny, haýryň öňi-soňy şerden üstün çykjakdygyna ynanmalydygyny ündeýär.

Ylymly-bilimli adamlar sarpalanypdyr, olaryň girdejileriniň ýokary bolmagy ugrunda döwlet tarapyndan alada edilipdir. Döwletde ilkinji bilim maşgalada berlipdir. Okamagy, ýazmagy öwrenenden soň, obalarda we şäherlerde birnäçe öwrenijini okadýan mollalarda tölegli esasda çagalaryny okadypdyrlar. Bu basgançakda okuwlar, köplenç, metjitlerde alnyp barlypdyr. Indiki basgançak (Mahmyt Gaznalynyň döwründen başlap) medrese bilimi bolupdyr. Medreselerde, dini bilimler bilen birlikde, owadan ýazmak (kalligrafiýa), filosofiýa, lukmançylyk, astronomiýa, matematika, hukuk ýaly dünýewi ylymlar öwredilipdir.

Gaznalylar döwletiniň dörän we ýaşan döwri “Gündogar Renessansy” diýlip atlandyrylan döwre gabat gelýär. Bu döwür Abbasy halyfy Mamunyň döwründen soň, onuň göreldesine eýerilip, Samanylar (874 – 999 ý.), Fatimiler halyflygy (910 – 1171ý.), Horezmşalar-Mamunylar (995 – 1017ý.) ýaly döwletleriň hökümdarlary ylmy ösdürmäge üns beripdirler. Bu möhüm wezipä Gaznalylar döwletinde aýratyn ähmiýet berlipdir. Yslam äleminde ylymly

adamlary toplamagy başaran hökümdarlar derejelenipdir, olar barada rowaýatlar döredilipdir. Hökümdarlar diňe öz neberelerini däl, eýsem, tutuş halky sowatly, ylymly etmek ugrunda alada edipdirler. Söbüktegin hem ogullarynyň terbiýeli, edep-ekramly, ylymly-bilimli, alymlara hormat goýýan şahsyýetler bolup ýetişmegi üçin alada edipdir.

Samanylar döwletiniň ýykylmagynyň öňüsyrasynda ýurtda başlanan gozgalaň Gaznaly hökümdary Söbükteginiň goşunlarynyň kömegi bilen zordan basyp ýatyrylýar. Bu kömegi üçin Samany hökümdary Söbükteginiň uly ogly Mahmydy Samanylar döwletiniň Horasan şahasyna häkim belleýär. Mahmyt Nişapur şäherine baryp, wezipesine girişýär. Şol ýerde bir owadan bag ýetişdirýär. Bagynyň owadanlygyna hemmeler haýran galýar. Mahmyt bu ajaýyplygy görkezmek üçin hökümdar kakasyny – Söbüktegini çagyrýar. Söbüktegin bagy görüp, onuň owadandygyny taryplap, ogluna: "Bu bag örän owadan, ýöne sen şeýle bir bag döret, onuň miweleri seniň adyňy asyrlara ýaýsyn" diýipdir.Ýurda alymlary toplamagy nesihat edipdir.

Gaznalylar türkmen döwletinde halkyň sowatlylygynyň artmagyna, ylma, medeniýete aýratyn üns beren Mahmyt Gaznalydyr. Ol 998 – 1030-njy ýyllarda döwletiň soltany bolýar. Mahmyt Gaznalynyň ylymly-bilimli adam bolandygy, halkyny ylymly-bilimli etmekde köp işleri alyp barandygy, alymlary, şahyrlary toplamakda aýratyn alada edendigi barada taryhy çeşmelerde maglumatlar köp. Gaznalylar döwleti barada ýazylan ylmy işlerde hem Gaznaly hökümdarlarynyň, aýratyn-da, Mahmydyň bu ugurda eden işleri beýan edilýär. Mysal üçin, hindi taryhçylary N.K.Sinha we A.Ç.Banerji Mahmyt Gaznalynyň meşhur şahyr we alym bolandygyny, onuň işlerinden musulman dünýäsiniň köp şahyrlarynyň we alymlarynyň peýdalanandyklaryny aýdypdyrlar [4, 144 s.]. Mahmyt Gaznalynyň halky sowatly etmekde, ylmy ösdürmekde bitiren hyzmatlary taryhy maglumatlarda giňişleýin beýanyny tapýar. W.W.Bartold Mahmyt Gaznalynyň ylmyň, medeniýetiň ösmegindäki ýardamyny faktlar esasynda ýazypdyr.

Käbir edebiýatlarda "Gündogaryň Täzeden döreýşi" diýlip atlandyrylan ýa-da "Musulman Renessansy" adyny alan döwür bolan IX–XII asyrlarda ylmyň, medeniýetiň ösüşi derňelende, Gaznalylarda bu ugurda edilen işler mysal getirilýär. Gaznalylar türkmen döwletini öwrenmek babatda Garaşsyz Türkmenistanda hem köp işler edildi. Alym Arkadagymyzyň tagallasy bilen 2013-nji ýylda "Gaznalylar döwrüniň türkmen edebiýaty we dünýäniň ruhy medeniýeti" atly halkara ylmy maslahat geçirildi. Onda Gaznalylar döwletiniň, aýratyn-da, Mahmyt Gaznalynyň alymlara, şahyrlara howandarlyk edişi barada birnäçe ylmy çykyşlar edildi [2]. Türkmen alymlary Mahmyt Gaznalynyň bu ugurdaky taryhy hyzmatlary barada ençeme makala ýazdylar.

Gaznaly döwletinde alymlaryň, şahyrlaryň sarpasynyň belent, hak-heşdeginiň ýokary bolmagy hem halkyň arasyndan sowatlylyga, ylma, şygyr sungaty bilen meşgullanmaga isleg bildirýänleriň sanynyň artmagyna getiripdir. Mahmyt Gaznaly 999-njy ýylda ýykylan Samanylar döwletiniň alymlarynyň we şahyrlarynyň Gazna gelmegini we bu ýerde döredijiligini dowam etdirmeklerini gazanypdyr. 1017-nji ýylda Gürgenje ýörişiniň netijesinde Mamunyň akademiýasynyň alymlarynyň bir toparynyň Gazna gelmeklerini gurapdyr. Gaznada olar üçin "Ylymlar öýüni" döredip beripdir. "Ylymlar öýüniň" alymlary üçin serişde gaýgyrmandyr. Ylym öwretmek hemde öwrenmek üçin Gaznada we Nişapurda yslam dünýäsinde ilkinji medreseleriň düýbi Soltan Mahmydyň tagallasy bilen tutulypdyr.

Yslam äleminde metjit gurmak işi Günbatardan Gündogara ýaýran bolsa, medreseler ilki Gündogarda gurlup, soň Günbatara ýaýrapdyr. Alymlaryň arasynda uzak wagtlap ilkinji medresäniň nirede gurlandygyny anyklamak dawaly mesele boldy. Şweýsariýaly alym Adam Mets musulman dünýäsinde ilkinji medresäniň XI asyryň başlarynda Soltan Mahmydyň döwründe Nişapurda gurlandygyny subut etmäge synanyşypdy. Akademik W.W.Bartold Gündogar renessansyna degişli işinde ilkinji medresäniň Gaznaly döwletinde däl-de, X asyryň birinji ýarymynda Buharada gurlandygyny subut edipdi. Ol Abu Bekr Jafar an-Nerşahiniň (959-njy ýylda ýogalan) Buharanyň taryhy boýunça X asyryň ortalarynda ýazan işinde 937-nji ýylda Buharada ýangyn zerarly zyýan çeken ymaratlaryň arasynda Buharadaky medresäniň ýatlanýandygyna üns beripdir. Mahmyt Gaznalynyň gurduran medresesi ilkinji bolmasa-da, öz döwründe iň uly we görnükli alymlaryň sapak berýän ylym ojagy bolupdyr. Medresä gelýän ylym adamlarynyň içinde mätäçlik çekýäni bar bolsa, onda olar döwlet tarapyndan bol azyk önümleri, taýýar harytlar bilen

üpjün edilipdir” [6, 95 s.]. Bilim-ylym almak isleýänler üçin paýtagtyň alymlary, kanunşynaslary medresä gezekli-gezegine gelip, ol ýerde sapak beripdirler. Medreselere ýolbaşçylyk edýän müderrisler döwlet tarapyndan bellenipdir. Medresede kitaphanalar, ylmy-tejribe işleri we sapak geçmek üçin niýetlenen ýörite otaglar bolupdyr. Emma ilkinji medreselerde müritler üçin ýaşaýyş otaglary – hüjreler bolmandyr.

Gazna türki halklaryň ata mekany däl. Gaznalylar döwletiniň hökümdarlarynyň hereketlerinden, ylmy ösdürmek baradaky eden işlerinden millilik agtarmak ýeňil däl. Başga halklaryň içinde döwlet guran türkmen hökümdarlary köşkde we goşunda türkmen dilini saklamagy başarypdyrlar. Gaznalylar döwletiniň soltanlary ylmy kitaplary arap diline terjime etdirip, bu dile, Abu Reýhan Birunynyň aýdyşy ýaly “ylmyň akyp gelmesini” üpjün etmäge goşant goşupdyrlar. Alymlaryň arap dilinde ylmy iş ýazmaklaryna, şahyrlaryň pars dilinde çeper döredijiliginiň ösmegine hemaýat edipdirler. IX asyrda edebi dil hasaplanýan dari, başgaça, täze pars dili kemala gelipdir. Bu dil parslaryň we täjikleriň gepleşik diline has ýakyn bolupdyr. Dari dilinde şygyrda ýazylan işleriň ilkinjileriniň biri hökmünde Abul Kasym Firdöwsiniň “Şanamasyny” agzasak dogry bolar. Bu dilde kyssada ýazylan taryhy işleriň ilkinjileri Abul Fazl Beýhakynyň “Tarihi Beýhak”, Gardiziniň “Zaýn al-Ahbar” eserleridir.

Gaznalylar döwletiniň hökümdarlary diňe Gazna şäherindäki alymlara däl, eýsem, beýleki şäherlerdäki ylym-bilimiň ösmegine ýardam berýän alymlara hem hemaýat beripdirler. Mysal üçin, Gaznalylar döwründe Nişapur şäheri uly medeni merkezleriň biri bolupdyr. Şäherde ýokary derejede medreseler we kitaphanalar gurlupdyr. Döwletiň syýasy merkezi Gazna şäherinden soň Nişapur ikinji medeni, ylmy, syýasy merkez hökmünde gülläp ösüpdir. Nişapuryň medeni we ylmy ähmiýetiniň ýokary bolandygyna şäherde metjitleriň 32-siniň, kitaphanalaryň 18-siniň we hanakalaryň 10-synyň bolandygy hem şaýatlyk edýär. Balh şäherinde hem iri metjit-medreseler, kitaphanalar gurlupdyr. Asly merwli meşhur şahsyýetleriň biri Nasr Hysrow Merwezi Balhdaky medresede bilim alyp, dürli ylymlar, dini garaýyşlar, pars we arap şygryýeti bilen tanyş bolup, belent derejä ýetipdir.

Soltan Mahmydyň medrese gurmak göreldesine eýerilip, ylmyň muşdaklarynyň, ýerli hökümdarlaryň arasyndan öz pullarynyň hasabyna medrese gurdurýanlar tapylypdyr. Şeýle mesenatlaryň biri Mahmydyň dogany Abul Musafar Nasreddin ibn Söbüktegin Nişapurda bir medresäni gurdurypdyr. Bu medresede diňe dini bilim berilmän, eýsem, matematika, astronomiýa, geometriýa, algebra, fizika, himiýa, suhangöýlik öwredilipdir. Bu medresede geljekde “Tarihi Beýhak” atly işi bilen dünýä belli boljak Abul Fazl Beýhaky hem okap, bilim alypdyr.

Soltan Mahmyt seýrek golýazmalaryň ýitip ýok bolup gitmezligi üçin, olaryň döwletiň paýtagtynda we iri şäherlerinde jemlenmegine uly ähmiýet beripdir. Paýtagtda we iri şäherlerde kitaphanalar gurlupdyr. Şol kitaphanalardaky otaglar ýerden tä üçegine çenli kitaplardan doly bolupdyr. Bu kitaplar gymmatly hazyna hökmünde Yragyň, Reýiň, Yspyhanyň, Buharanyň, Gürgenjiň, Hindistanyň hökümdarlarynyň kitaphana gaznalaryndan toplanypdyr. Köşk taryhçysy Muhammet Utby Soltan Mahmydyň bu işi alyp barşy barada şeýle ýazypdyr: “Yslam döwletlerinde ygtybarly kitaplaryň ýaýramagy bu soltanyň (Mahmyt Gaznalynyň) hökümdarlyk eden döwründe has giň gerim aldy. Soltan bu işe uly ýardam berdi. Öňki öten şalaryň hiç biri onuň ýaly ylma yhlasly bolmadylar. Onuň özi hem, kakasy hem bu ugurda jan çekdiler” [3, 17 s.]. Kitaphanalarda Abu Zeýd Sirafiniň, Masudiniň, Ýakubynyň, Abu Dulafyň, Tabarynyň, şeýle-de, Hindistanyň, Bagdadyň, Basranyň alymlarynyň işleri saklanypdyr.

Alym A.Ýazberdiýew “Orta Aziýada kitap işi” atly eserinde: “Mahmyt Gaznalynyň döwründe Gazna şäherinde ýerleşýän kitaphanalar “hazynahanalar” diýlip atlandyrylypdyr” [7, 268 s.] diýip belläpdir. Dogrudan-da, Mahmyt alymlary baş baýlyk, kitaphanalary bolsa hazyna hasaplapdyr.

Öz döwründe Mahmyt Gaznaly “400 şahyrly soltan”, Muhammet Horezmşa “400 şäherli soltan” ýaly unwanlar bilen derejelenipdirler. Elbetde, bu ýerdäki 400-lik san şahyrlaryň ýa-da şäherleriň anyk sanyny aňlatmaýar. Türkmenlerde 40-lyk, 400-lik sanlary “örän köp” manyda bolup, Mahmyt babatda köp şahyrly, köp alymly Soltan diýmekligi aňladýan bolmaly [2]. Soltan Mahmyt döwletde ýeke bir ylmyň ösmegine ähmiýet bermän, eýsem, edebiýatyň ösmegine hem üns beripdir, şahyrlara hemaýatkär bolupdyr. Onuň döwründe köşkde şahyrlary taýýarlaýan “ýörite diwan” döredilipdir. Ol “diwana” köşk şahyrlarynyň ähli̇si degişli bolupdyr.

"Diwanyň" baştutanyny Soltan Mahmyt belläpdir, oňa "Şa şahyr" (Mälik aş-şuara) diýlen hormatly unwan berlipdir.

Mahmyt Gaznalynyň zamanasynda alym bilen şahyryň arasynda uly parh goýulmadyk bolmaga çemeli, çünki şol döwrüň çeper edebiýatdan daşda bolan ylymlara degişli eserlerini okanyňda-da, olaryň çeper sözlüligi, şahyranalygy özüne çekýär [2]. Mahmyt Gaznalynyň hökümdarlyk eden döwri alymlaryň özara ýazyşan hatlaryny-da şygyrlar bilen ýazandygyny aýtmak gerek. Gaznalylar türkmen döwletinde şahyrlara suhangöýlik sungaty öwredilipdir. Soltan Mahmyt Gaznalynyň köşgünde ýaş şahyrlara, jemi otuz müň beýt goşgy ýat tutanyndan soňra, şygyr döretmeklige girişmek maslahat berlipdir. Bu bolsa edebiýaty öwrenijilerde ýat tutmak endiklerini artdyrypdyr. Şahyrlary okatmak ýaşuly we tejribe toplan ussada ynanylypdyr.

Soltan Mahmydyň alymlara, şahyrlara howandarlygy, döreden şertleri hakynda gürrüň edilende, onuň özüniň hem şahyr bolandygyny, şygyrlaryndan biziň günlerimize çenli hem saklananlarynyň bardygyny aýtmak gerek. Mahmyt Gaznaly ýygy-ýygydan alymlar, şahyrlar bilen duşuşyp, olaryň hal-ýagdaýy bilen gyzyklanypdyr. Mätäçlik çekýänlerine kömek beripdir. Bilimi ösdürmäge päsgelçilik döredýän döwlet emeldarlaryny wezipesinden tiz aýrypdyr. Mysal üçin, 1010-njy ýylda wezir Abulhasan Isferaýini wezipesinden boşadyp, onuň ornuna Abul Kasym Ahmed Meýmendini belleýär [8, 498-499 s.].

Muhammet Utbiniň berýän maglumatlaryna esaslansak, "Wezir Abulhasan Isferaýini çalasowat bolupdyr we alymlara hormat goýmagy başarmandyr". Emma wezir Meýmendiniň döwründe ýagdaý düýpgöter üýtgäp, "...Alymlara köp hemaýat edilipdir" [3, 236 s.].

Mahmyt Gaznaly ylym-bilim meselesinde diňe bir öz mirasdüşer neberelerine, döwletiniň soňky hökümdarlaryna nusga bolman, eýsem, Seljuklar döwletiniň hökümdarlaryna hem nusga bolupdyr.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi. – Aşgabat: TDNG, 2020.
2. *Hatamow J.* Zamahşary zamanasynyň baş baýlygy // Türkmenistan. – 2007. – 22 maý.
3. *Muhammet Utbi.* Mahmyt Gaznalylaryň taryhy. – Aşgabat: TDNG, 2005.
4. *Синха Н.К., Банерджи А.Ч.* История Индии. – Москва. 1954.
5. *Тимофеев И.* Бируни. – Москва: «Молодая гвардия», 1986.
6. *Якубовский А.Ю.* Махмуд Газневи. К вопросу о происхождении и характере газневидского государства. Сб. Фердовси (934-1934). – Ленинград: Издательство Академии Наук СССР, 1934.
7. *Язбердиев А.* Книжное дело в древней Средней Азии (доисламский период) / Отв. ред. В.М.Массон / – Ашхабад: «Ылым», 1995.
8. *Фирдоуси.* Шахнаме. Т. I. – Москва: Издательство Академии Наук СССР, 1957.


**J. HATAMOV**

**EDUCATION, UPBRINGING AND SCIENCE IN THE STATE OF GAZNEVIDS**

In the given article the contribution of rulers of Gaznevid state (962-1186) to the development of education and science is analyzed. The issues related to the patronage of Mahmud Gaznevi over scholars and poets, transformation of the city of Gazna into scientific center of the world with assemblage of famous scholars are studied.

**ДЖ. ХАТАМОВ**

**ОБРАЗОВАНИЕ, ВОСПИТАНИЕ И НАУКА В ГОСУДАРСТВЕ ГАЗНЕВИДОВ**

В статье анализируются заслуги правителей государства Газневидов (962-1186гг) в развитии науки, образования. Исследуются вопросы, связанные с покровительством Махмуда Газневи (998-1030гг) учёным и поэтам, подбором учёных и превращением города  Газни в научный центр мира.

**_Jepbarguly Hatamow,_ Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň kafedra müdiri, taryh ylymlarynyň kandidaty.**

**Makalany ýollan: Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 8-nji iýuly.**

# DÖWLET DOLANDYRYŞYNDA SANLY GURALLAR

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlarynyň Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan üstünlikli dowam etdirilmeginde ylmyň çalt depginler bilen ösdürilmegi hem-de sebitde we dünýäde maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň peýda bolmagy ýurdumyzyň döwlet dolandyryşyna sanly hyzmatlary, täze tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça giň gerimli özgertmeleriň durmuşa ornaşdyrylmagyna getirýär. Dünýäniň ösen döwletleri bilen aýakdaş gitmek maksadynda ylym, innowasion tehnologiýalar babatda halkara hyzmatdaşlygyň geriminiň giňeldilmegi, tejribeleriň öwrenilmegi, ylmy-tehniki syýasatyň döwrebap dolandyrmakda we ösdürmekde baş wezipeleriň hatarynda kesgitlenilmegi, şu ugurda sanly dolandyryşyň işjeňleşdirilmeginde toplumlaýyn çäreleriň amala aşyrylmagyna ýardam edýär. Hormatly Prezidentimiz: “Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda sanly ulgamy giňden ornaşdyrmagyň çäklerinde amala aşyrylýan giň gerimli özgertmeler bilen baglylykda täze pudaklar we senagat önümçilikleri, innowasion dolandyryş peýda bolýar. Döwletimiziň ösüşiniň täze taryhy döwründe innowasion maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň esasynda “akylly” taslamalary hem durmuşa geçirýäris” diýip belleýär.*

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň geljekki döwür üçin ösüş strategiýasy milli ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna innowasiýalary, şol sanda, sanly tehnologiýalary we öňdebaryjy halkara tejribelerini ornaşdyryp, elektron resminama dolanyşygyna hem-de elektron şahsyýetnamalar ulgamyna geçmek, ýokary tehnologiýaly, bäsdeşlige ukyply sanly ykdysadyýeti, sazlaşykly işleýän elektron senagaty döretmek wezipelerini öňe sürýär [1, 81 s.].

“Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasynyň” çäklerinde bäsdeşlige ukyply ykdysadyýeti döretmek üçin döwlet dolandyryş we sanly hökümet ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek maksat edinildi [1, 272 – 273 s.].

Döwlet dolandyryşynyň netijeliligini ýokarlandyrmakda we raýatlara hyzmat etmegiň elýeterliligini üpjün etmekde sanly tehnologiýalar ähli amallaryň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Döwlet edaralaryny sanlylaşdyrmak diňe bir işleriň çaltlygy, elýeterliligi däl-de, eýsem, dolandyryşyň açyklygy we raýatlar bilen özara gatnaşyklaryň güýçlendirilmegidir. Döwlet dolandyryşynda sanly gurallar bu ösüşiň merkezinde durýar. Sanly gurallara elektron resminama dolanyşygy, pudagara maglumat alyş-çalşygyny üpjün edýän ulgamlar, elektron döwlet hyzmatlarynyň portallary, maglumat analitikasy we emeli aň esasly çözgütleri kabul etmek degişlidir.

Häzirki döwürde sanly dolandyryş diňe tehniki üýtgeşme bolman, eýsem, dolandyryş filosofiýasynyň hem üýtgemegini aňladýar. Elektron dolandyryş döwlet bilen raýatyň arasyndaky gatnaşygy has täsirli we açyk görnüşe getirýär. Şeýle ýagdaý häkimiýetiň ýerli edaralarynyň işiniň hem sanly esasda guralmagyny talap edýär. Bu bolsa döwlet dolandyryşyna sanly gurallary ornaşdyrmagyň ylmy esaslaryny seljermegiň zerurlygyny şertlendirýär.

Sanly transformasiýa döwlet edaralary üçin möhüm ähmiýete eýedir. Döwlet dolandyryşyndaky sanly transformasiýa dolandyryş edaralarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, aç-açanlyk we jogapkärçilik, raýatlaryň isleglerini kanagatlandyrmak, maglumatlaryň esasynda dolandyryşy we çözgütleri kabul etmegi amatlylaşdyrmak, ykdysady ösüşi hem innowasiýalary goldamak, şeýle-de, howpsuzlyk we durnuklylyk bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Döwlet dolandyryşynda sanly transformasiýanyň esasy tapgyrlary 1-nji tablisada görkezilýär [4].

Bu tapgyrlar döwlet dolandyryşynyň sanly transformasiýasyna toplumlaýyn çemeleşmäni görkezýär we döwlet gurluşlarynyň sanly döwrüň talaplaryna netijeli uýgunlaşmagyna mümkinçilik berýär. Sanly transformasiýa eýýäm dünýäde dolandyryş çemeleşmelerini üýtgedýär, onda uly maglumatlar

**1-nji tablisa**

***Döwlet dolandyryşynda sanly transformasiýanyň esasy tapgyrlary***

| T/b | Tapgyr | Düşündirişi |
|---|---|---|
| 1. | Meýilleşdirmek we baha bermek | maglumat ulgamlarynyň häzirki ýagdaýyny seljermek;<br>transformasiýanyň maksatlaryny we ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemek;<br>ýol kartasyny düzmek we durmuşa geçirmek üçin tehnologiýalary saýlamak. |
| 2. | Esasy amallary sanlylaşdyrmak | adaty dolandyryş amallaryny awtomatlaşdyrmak;<br>esasy döwlet hyzmatlary üçin sanly infrastrukturany döretmek;<br>pudagara hyzmatdaşlyk we maglumat alyş-çalşygy üçin bitewi platformany durmuşa ornaşdyrmak. |
| 3. | Elektron hyzmatlary ýerine ýetirmek | raýatlar we kärhanalar üçin sanly hyzmatlary ösdürmek we işe girizmek (portallar, ykjam programmalar);<br>hyzmatlara dürli kanallar (internet, ykjam enjamlar) arkaly elýeterliligi üpjün edýän köp hyzmatly merkezleri döretmek. |
| 4. | Maglumatlary döretmek we seljermek | merkezleşdirilen maglumat gorlaryny (döwlet registrleri we maglumat binýatlary) ösdürmek;<br>amallary çaklamak we amatlylaşdyrmak üçin emeli aňy peýdalanmak. |
| 5. | Integrasiýany we pudagara hyzmatdaşlygy ösdürmek | dürli edaralaryň maglumatlaryny we amallaryny bitewi platforma birleşdirmek;<br>hyzmatdaş döwletler we hususy ulgamlar bilen täsirleşmek üçin programmirlemegiň gönüden-göni interfeýsini (API - Application Programming Interface) döretmek;<br>amallary amatlylaşdyrmak üçin edaralaryň arasynda özara täsir we maglumat alyş-çalyş derejesini ýokarlandyrmak. |
| 6. | Sanly medeniýeti ösdürmek we goldamak | işgärleriň arasynda sanly sowatlylygyň derejesini ýokarlandyrmak;<br>täze tehnologiýalary özleşdirmek üçin okuw meýilnamalaryny taýýarlamak;<br>innowasiýany we sanly başlangyçlary goldaýan täze guramaçylyk medeniýetini emele getirmek. |
| 7. | Kiberhowpsuzlyk we maglumatlary goramak | maglumatlary goramak we kiberhüjümleriň öňüni almak üçin kiberhowpsuzlyk ulgamlaryny ornaşdyrmak;<br>maglumatlary goramak we raýatlaryň şahsy durmuşy üçin kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny kämilleşdirmek;<br>daşarky howplara garşy infrastrukturanyň çydamlylygyny üpjün etmek. |
| 8. | Gözegçilik we kämilleşdirmek | sanly ulgamyň işleýşini yzygiderli gözegçilikde saklamak;<br>raýatlaryň we kärhanalaryň pikirlerini seljermek;<br>maglumatlara we ulanyjylaryň pikirlerine esaslanýan hyzmatlary döwrebaplaşdyrmak we kämilleşdirmek. |

(Big Data) esasy orny eýeleýär. Uly maglumatlaryň ulanylmagy sanlylaşdyrmagyň aýrylmaz bölegi bolup, meýilleşdirmekde, gözegçilik etmekde we netijeleri bahalandyrmakda möhüm ähmiýete eýedir. Uly maglumatlar döwlet dolandyryşda meýilnamalaşdyrmakdan başlap, onuň netijeliligine baha bermäge çenli bolan ähli ugurlarda ulanylýar. Şeýle etmek bilen, döwlet edaralary makroykdysady, durmuş we daşky gurşaw görkezijilerini seljermek arkaly ýagdaýlaryň nähili bolup biljekdigini modelleşdirip bilerler. Infrastruktura we jemgyýetçilik hyzmatlaryna (hassahanalar we mekdepler) zerurlygy çaklamak üçin demografik maglumatlaryň ulanylmagy muňa mysal bolup biler.

Sanly transformasiýa döwlet dolandyryşynyň gurluşyna we mazmunyna düýpli täsir edýär. Birleşen Milletler Guramasynyň "E-Government Survey" hasabatlarynda sanly dolandyryşyň döwlet hyzmatlarynyň elýeterliligini ýokarlandyrmakda, töwekgelçilikleri azaltmakda we dolandyryş amallarynyň açyklygyny üpjün etmekde möhüm orny bellenilýär [5].

Häzirki döwürde beýleki ýurtlarda durmuşa geçirilýän döwlet dolandyryşynda üstünlikli maglumat taslamalarynyň ençemesi hereketde. Günorta Koreýada ulag hereketini dolandyrmak we heläkçilikleriň öňüni almak üçin gözegçilik kameralaryndan, ulag ulgamlaryndan we zatlaryň internetiniň (IoT) enjamlarynyň torlaryndan maglumatlar ýygnalýar. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda uly maglumatlar saglyk ätiýaçlandyryş ulgamlaryndaky galplyklary ýüze çykarmak, hyýanatçylykly hereketleriň öňüni almak arkaly döwlet serişdelerini tygşytlamak üçin ulanylýar.

Rus tejribesi barada aýdylanda, bu ugurda "akylly şäher" taslamasy üstünlikli dowam etdirilýär. Russiýanyň iri şäherlerinde ulag we howanyň hapalanmagyna gözegçilik etmek, şeýle hem, şäher infrastrukturasyny dolandyrmak üçin ulgamlary döretmäge gönükdirilen meýilnamany durmuşa geçirmek göz öňünde tutulýar [3].

Türkmenistanda bolsa "akylly şäher" konsepsiýasyny durmuşa geçirmegiň aýdyň mysaly hökmünde 2023-nji ýylda açylan Arkadag şäherini bellemek bolar. Aşgabatdan 30 km günorta-günbatarda ýerleşýän bu şäher döwlet ähmiýetli şäher derejesine eýe boldy. Şäheriň ähli ýaşaýyş jaýlary we binalary "akylly öý" ulgamlary bilen enjamlaşdyryldy. "LoRaWAN" tehnologiýasyndaky sensor tory elektrik, suw we gaz sarp edilişini uzakdan yzarlaýar, GPS bilen enjamlaşdyrylan elektrik awtobuslar we "Duralga" ykjam programmasy sanly ulag hyzmatlaryny üpjün edýär, lukmana nobata elektron ýazylmak

we sanly bank hyzmatlary hem doly işe girizildi. Arkadag şäheriniň 2024-nji ýylda Koreýa Respublikasynda geçirilen “World Smart City Expo” sergisinde “Iň tapawutlanan “akylly” şäher”, “Daşary ýurt “akylly” şäheri”, “«World Smart City Expo 2024» halkara sergisine goşan uly goşandy üçin” atly üç sany baýraga mynasyp bolmagy hem bu aýdylanlara doly şaýatlyk edýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen 2025-nji ýylda Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrliginiň hünärmenleri tarapyndan Arkadag şäherinde 5G tehnologiýasynyň bekedi gurnalyp işe girizildi. Bu tehnologiýa mobil aragatnaşyk standartynyň gündelik tejribede ulanylýan iň täze neslidir. 2026 – 2028-nji ýyllarda maglumat geçiriş torlarynyň we 5G tehnologiýanyň ösüş depginlerini we döwrebaplaşdyryş mümkinçiliklerini gazanmak maksady bilen, bu ugurda işleýän hünärmenler tarapyndan maksatnamalaýyn işler dowam etdirilýär [2, 5 s.].

Türkmenistanda pudagara elektron maglumat alyşmak ulgamynyň ornaşdyrylmagy we e.gov.tm döwlet hyzmatlarynyň portalynyň işe girizilmegi elektron hökümet ulgamyny döretmek arkaly sanly hyzmatlaryň mundan beýläk-de ösmegine möhüm goşant goşmaga mümkinçilik berdi. Döwlet hyzmatlar portalyna 500-den gowrak sanly hyzmatlar ornaşdyrylyp, portal arkaly berlen hyzmatlaryň sany bir milliona ýetdi.

Şeýle hem, elektron hökümet işiniň tertibini kesgitleýän hem-de bu çygyrda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýän “Elektron hökümet hakynda” Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Elektron hökümet bilen bagly “X-Road” platformasy arkaly pudagara elektron maglumat alyşmak ulgamyna 10 sany ministrlik hem-de pudaklaýyn dolandyryş edarasy we 12 sany elektron hyzmat birikdirildi [2, 6 s.].

Döwlet dolandyryşynda durmuşa geçirilýän bu özgertmeler uly maglumatlary sanlylaşdyrmaga we birleşdirmäge, arzalary, rugsatnamalary we şahadatnamalary tabşyrmagy we gaýtadan işlemegi çaltlaşdyrmaga ýardam edýär, şeýlelik bilen, raýatlar üçin amatly hyzmatlar gurşawyny döredýär.

Döwlet dolandyryşynda uly maglumatlaryň integrasiýasynyň artykmaçlyklaryna we kemçiliklerine baha bermek üçin SWOT (Strengths Weaknesses Opportunities Threats) seljermesini geçireliň. Bu seljerme döwlet dolandyryşynda uly maglumatlary ornaşdyrmak bilen baglanyşykly mümkinçiliklere baha bermäge, şeýle hem töwekgelçilikleri azaltmak we maglumat üpjünçiliginden netijeli peýdalanmak üçin güýçli we gowşak taraplary kesgitlemäge mümkinçilik berer. Seljermäniň netijeleri 2-nji tablisada getirilýär.

**2-nji tablisa**

***Döwlet dolandyryşynda uly maglumatlaryň integrasiýasynyň SWOT seljermesi***

| **Güýçli taraplar (Strenghts)** | **Mümkinçilikler (Opportunities)** |
|---|---|
| kabul edilen çözgütleriň hilini we çaklamanyň takyklygyny ýokarlandyrmak;<br><br>wagty we serişdeleri tygşytlaýan maglumatlary gaýtadan işlemek bilen netijeliligi ýokarlandyrmak;<br><br>maglumatlaryň açyklygy we elýeterliligi;<br><br>maglumatlary hakyky wagtda seljermek we üýtgeşmelere çalt jogap bermek. | raýatlar we kärhanalar üçin täze maglumatlara esaslanýan sanly hyzmatlary ösdürmek;<br><br>maglumatlaryň seljermesiniň esasynda ilatyň zerurlyklaryny göz öňünde tutup, raýatlar bilen gatnaşygy gowulaşdyrmak;<br><br>netijeli dolandyryş üçin hususy pudagyň tejribesini we tehnologiýasyny ulanmak;<br><br>maglumatlara esaslanýan syýasaty ösdürmek. |
| **Gowşak taraplar (Weaknesses)** | **Howplar (Threats)** |
| infrastruktura we işgärleri taýýarlamak üçin maýa goýumlaryň zerurlygy;<br><br>tapawutly maglumat ulgamlarynyň integrasiýasynda tehniki we guramaçylyk taýdan çylşyrymlylygyň bolmagy;<br><br>yzygiderli gözegçiligi talap edýän maglumatlaryň takyklygyny we dolulygyny saklamagyň zerurlygy. | kiberhüjümleriň we maglumatlaryň syzmagynyň ýokary töwekgelçiligi;<br><br>analitikada ýalňyşlyklaryň töwekgelçiligi. |

Şu nukdaýnazardan, uly maglumatlar tehnologiýasynyň döwlet dolandyryş ulgamynda peýdalanylmagy çaklamagyň we meýilnamalaşdyrmagyň netijeliligini we takyklygyny, islendik adaty usullar bilen deňeşdirilende, çözgütleri kabul etmegiň tizligini ýokarlandyrar. Sanly transformasiýanyň üstünlikli bolmagy üçin aşakdaky çäreleri durmuşa geçirmek maksadalaýykdyr:

- kiberhowpsuzlyk ulgamyny güýçlendirmek;
- edaralaryň arasynda maglumat alyş-çalşygyny üpjün edýän bitewi platformalary ösdürmek;

- uly maglumatlary seljermek arkaly döwlet çözgütleriniň hilini ýokarlandyrmak;

- sanly hyzmatlary tapgyrlaýyn we yzygiderli ornaşdyrmak;

- tehnologiýalaryň täsirine yzygiderli baha bermek we ulgamy kämilleşdirmek.

Bu çäreler sanly ykdysadyýet we döwlet dolandyryşyny sanly kadalaşdyrmak üçin ygtybarly ulgamy döretmäge mümkinçilik berer.

Geçirilen seljermeleriň esasynda uly maglumatlar we sanly tehnologiýalar döwlet dolandyryşyny has netijeli, açyk we jogapkärçilikli ulgam hökmünde ösdürmäge mümkinçilik berýär diýen netijä gelmek bolýar. Şeýle tehnologiýalar döwlet hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrýar, çözgütleri kabul etmegiň tizligini güýçlendirýär we çeşmeleri has tygşytly ulanmaga ýardam edýär.

Milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklaryna sanly tehnologiýalary we öňdebaryjy halkara tejribelerini ornaşdyrmaga ýakyndan ýardam edýän hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowa alkyşlarymyz çäksizdir.

## EDEBIÝAT

1. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasy. – Aşgabat: TDNG, 2022.

2. Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2026 – 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy – Aşgabat: 2025.

3. *Мартвых Е.А.* Технологии больших данных в государственном управлении: значение их использования в эпоху цифровизации, проблемы развития оборота данных и перспективы их использования в государственном управлении России // Modern science. – 2021. – № 5 – 1.

4. *Чмут Г.А.* Цифровая трансформация государственного управления на современном этапе // Вестник университета. – 2022. – № 12.

5. United Nations. E-Government Survey 2022: The Future of Digital Government. – New York, 2022.

**O. BERDILIYEVA**
**DIGITAL TOOLS IN PUBLIC ADMINISTRATION**

The author demonstrates that digitalization improves governance efficiency, transparency, service accessibility for citizens, and contributes to the development of an open electronic government. The paper also analyzes the stages of digital transformation, international experience, and current measures aimed at developing e-government in Turkmenistan, including the e.gov.tm platform, the X-Road system, and the implementation of the “smart city” concept in Arkadag. Special emphasis is placed on cybersecurity, digital culture, and the continuous improvement of digital solutions.

**О. БЕРДИЛИЕВА**
**ЦИФРОВЫЕ ИНСТРУМЕНТЫ В ГОСУДАРСТВЕННОМ УПРАВЛЕНИИ**

Автор показывает, что цифровизация повышает эффективность управления, прозрачность деятельности органов власти, доступность услуг для граждан и способствует развитию открытого электронного государства. В работе также анализируются этапы цифровой трансформации, зарубежный опыт и современные меры по развитию электронного правительства в Туркменистане, включая платформу e.gov.tm, систему X-Road и внедрение «умного города» Аркадаг. Отдельно подчеркивается значение кибербезопасности, цифровой культуры и постоянного совершенствования цифровых решений.

***Oguljennet Berdiliýewa,*** **Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň, Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi Geňeşiniň başlygy.**

**Makalany ýollan: Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş instituty.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 8-nji iýuly.**

# MEKDEP OKUWÇYLARYNDA SAGDYN DURMUŞ ÝÖRELGELERINI KEMALA GETIRMEGIŇ PSIHOLOGIK-PEDAGOGIK ŞERTLERI

Aşgabat, Arkadag şäherlerinde, welaýat merkezlerinde, ähli şäherlerde, etraplarda, obalarda häzirki zaman innowasiýa tehnologiýalary bilen üpjün edilen çagalar baglary, mekdepler, sport mekdepleri, sport desgalary, Gökdere jülgesindäki we "Awaza" milli syýahatçylyk zolagyndaky çagalar dynç alyş-sagaldyş merkezleri çagalaryň we ýetginjekleriň saglygynyň goragynda ygtybarly durýarlar. Mekdep okuwçylarynda sagdyn durmuş ýörelgesini (SDÝ) kemala getirmekde psihologik-pedagogik şertleriň ähmiýetini öwrenip, ýurdumyzyň orta mekdeplerine ornaşdyrmak terbiýeçilikde esasy ugurlaryň biridir. Umumybilim edaralarynda sagdyn we howpsuz durmuş ýörelgeleriniň özleşdirilişi barlanylanda, hökmany suratda okuwçylaryň ýylyň dowamynda okuw maksatnamalarynyň esasynda howpsuz we sagdyn durmuş ýörelgeleri boýunça okuw-tejribe meselelerini çözmäge taýýarlyk derejesi gözegçilikden geçirilýär.

***Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň parasatly ýöredýän saglyk syýasatyna we "Saglyk" Döwlet maksatnamasynyň talaplaryna laýyklykda, çagalaryň bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmagyny gazanmak olaryň bedenini berkitmekden, ruhy taýdan sazlaşykly ösmegini gazanyp, özüne bolan ynamyny artdyrmakdan ybaratdyr.***

*Barlagyň maksady.* 7 – 14 ýaşly çagalaryň beden taýýarlygyny saglyk ýagdaýyna baglylykda, maşklara uýgunlaşdyrmagyň ýagdaýyny, sport-sagaldyş maksatnamasyna görä, psihologik-pedagogik şertleri anyklamagy maksat edindik.

Sport-sagaldyş maksatnamasy çaganyň beden, ruhy we sosial sagdynlygyny öz içine alýan ulgamly bitewi taglymat hasaplanylýar [3]. Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň tekliplerine laýyklykda, 7 – 14 ýaşly çagalar her gün azyndan 60 minut aram we ýokary beden işjeňligini almaly [2; 3], ol bolsa hereketi we sagdyn endikleriň kemala gelmegini höweslendirýän mekdep hem-de mekdepden daşary maksatnamalaryň zerurlygyny tassyklaýar.

Fiziologik nukdaýnazardan, durmuş endikleriniň çagalarda, esasan, 7 – 14 ýaş aralygynda kemala gelýändigi bellenilýär. Durmuş endikleri, çagalaryň ýaş aýratynlyklaryna baglylykda, oýunlaryň, hereket işjeňliginiň, toparlaýyn özara hereketleriň we öz-özüňi sazlamak emelleriniň utgaşmasynyň zerurlygynda ýüze çykýar [4; 5]. Çagalaryň häzirki zamanda kompýuter, gazet, el telefonlary, internet ulgamy bilen günüň dowamynda uzak wagtlap meşgullanýandygy sebäpli, olaryň beden işjeňliginiň peselmegi, emosional howsalalylyk derejesiniň artmagy ýaly ýagdaýlara duşulýar. Şol sebäpli, çagalaryň emosional taýdan çydamlylygyny, özüňi alyp barmagy dolandyrmagyň endiklerini we sagdyn durmuş ýörelgesine höweslenmäni ösdürmek möhüm mesele bolmagynda galýar.

*Barlagyň usullary.* Barlagda pedagogik synag, gözegçilik etmek, sorag-jogap alyşmak, bedeniň funksional (fiziki) testlerini geçirmek, biometriýa (boý, agram indeksi) ýaly görkezijiler hasaba alyndy. Alnan netijeler statistika (ANOVA, özara baglanyşyk) usullarynda işlenildi.

*Işiň guramaçylygy.* Diýarymyzda hormatly Prezidentimiziň we Milli Liderimiziň parasatly ýolbaşçylygynda çagalaryň bagtyýar durmuşda ýaşamagy, dünýäniň ösen tehnologiýalary bilen bilim-terbiýe almaklary, bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmagy, saglyklaryny berkitmekleri üçin ähli şertler döredilýär. Her ýylyň tomus möwsüminde ýurdumyzyň Gökdere jülgesinde, Hazaryň kenarynda döredilen "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda, welaýat merkezlerinde we etraplarda çagalar dynç alyş-sagaldyş merkezlerinde mekdep okuwçylarynyň dynç almaklary guramaçylykly geçirilýär. Dynç alyş möwsüminde her tapgyryň dowamlylygy 15 günden ybarat bolýar. Bu ylmy iş 2025-nji ýylyň tomusky dynç alyş möwsüminde Gökdere jülgesindäki, "Awaza" milli syýahatçylyk zolagyndaky dynç alyş-sagaldyş merkezlerinde Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň mugallymlarynyň ýolbaşçylygynda geçirildi. Barlaglarymyza jemi 120 mekdep okuwçysy gatnaşdy. Olaryň 60-sy deňeşdirme, 60-sy tejribe-psihologik-pedagogik gözegçiligimizde boldy.

7 – 14 ýaşly mekdep okuwçylary toparlara bölündi. Deňeşdirme toparyna dynç alşyň adaty meýilnamasy boýunça sapak guraldy. Synag toparlarynda, dynç alşyň ýörite işlenip taýýarlanylan maksatnamasyna laýyklykda, sagdyn durmuş ýörelgesini kemala getirmegiň psihologik-pedagogik şertlerini öwrenmek boýunça degişli işler geçirildi. Psihologik-pedagogik şertlere esaslanyp, ýörite işlenip taýýarlanan sport-sagaldyş maksatnamasynyň ornaşdyrylmagy (höweslendirme, mugallymyň goldawy, sapaklaryň gurluşy) çagalaryň beden ýagdaýynyň, psihologik sagdynlygynyň we özüni alyp barşynyň (uky, iýmitleniş, fiziki işjeňlik) gowulanmagyna getirer diýlip çaklanyldy.

*Barlagda alnan netijeler.* Türkmenistanyň 7–14 ýaşly mekdep okuwçylarynyň saglygyny berkitmegiň we kemala getirmegiň psihologik-pedagogik şertlerini kesgitlemäge gönükdirilip geçirilen bu ylmy-barlag işi aşakdaky netijeleri çykarmaga mümkinçilik berdi:

– tomusky dynç alyş döwründäki sport-sagaldyş maksatnamalary toplumlaýyn häsiýete eýe bolup, hereket işjeňliginiň, psihologik goldawyň, bilim şertleriniň hem-de sosial-pedagogik täsirleriň utgaşmasyny talap edýär;

– mekdep ýaşyndaky çagalarda, maksada gönükdirilen pedagogik baglanyşykly şertlerinde, beden we ruhy (psihiki) sazlaşygyň ýokary derejesine ýetilen ýagdaýynda oňyn üýtgeşmeleri gazanmak mümkinçiligi saklanýar;

– mekdep okuwçylarynyň saglygynyň we durmuş ýörelgesiniň başlangyç ýagdaýyny anyklamak aşakdaky meseleleri ýüze çykardy:

– çagalaryň 60 – 65%-i hereket işjeňliginiň ýeterlik däldigi;

– barlananlaryň 40 – 45-inde mekdep howsalalylygynyň orta we ýokary derejesiniň bolmagy;

– çagalary bedenterbiýe we sport bilen yzygiderli meşgullanmaga höweslendirmegiň bölekleýinligi;

– 50 – 55% çagalaryň sagdyn durmuş ýörelgesiniň düzgünlerine gowşak düşünmegi hasaba alyndy.

Bedenterbiýe ýumuşlaryny, psihologik-pedagogik goldawy, sagaldyş işjeňliginiň oýun görnüşlerini we SDÝ (sagdyn durmuş ýörelgesi) boýunça bilim modullaryny öz içine alýan, täze işlenip taýýarlanan sport-sagaldyş maksatnamasy Türkmenistanyň mekdep okuwçylarynyň Çagalar sagaldyş-dynç alyş merkezleriniň şertlerinde ýokary netijeliligini görkezdi. Çagalaryň ilki dynç alşa gelen gününiň ertesi, maksatnama boýunça göz öňünde tutulan ähli çärelerimizi geçirip, 13 – 14-nji günlerde funksional (hereket işjeňligini), biometriýa, psihologik-pedagogik görkezijileri gaýtadan derňedik (1-2-nji tablisalar).

Kesgitli psihologik-pedagogik şertler saglygy kemala getirmegiň esasy ugry boldy. Olara aşakdaky şertler degişli edildi:

• höweslendirme-ösdüriji gurşaw we oňyn emosional ýagdaýy döretmek;

• işiň oýun, toparlaýyn, ýaryş görnüşlerini ornaşdyrmak;

• 7 – 14 ýaşly çagalaryň ýaş we şahsy-psihologik aýratynlyklaryny toparda göz öňünde tutmak;

• pedagogik goldawyň usullaryny ulanmak;

• hemişe garşylyklaýyn baglanyşyk, çagalaryň öz-özüni bahalandyrmagy we temmi bermegi azaltmak;

• pedagoglaryň, psihologlaryň we dynç alyş merkezleriniň terbiýeçileriniň çagalara oňyn garaýyşlaryny döretmek, wagyz-nesihatlary bermek.

**1-nji tablisa**

| Görkeziji | Topar | Pre-test | Post-test | Δ (tapawut) | p |
|---|---|---|---|---|---|
| Tizlik (30 m, s) | GT | 6,82 | 6,75 | –0,07 | >0,05 |
| | ST | 6,80 | 6,32 | –0,48 | **<0,01** |
| Çeýelik (egilmek, sm) | GT | 4,1 | 4,8 | +0,7 | >0,05 |
| | ST | 4,0 | 7,6 | +3,6 | **<0,01** |
| Çydamlylyk (6-min ylgaw, m) | GT | 880 | 905 | +25 | >0,05 |
| | ST | 885 | 1030 | +145 | **<0,01** |
| Elleriň güýji (kg) | GT | 12,4 | 12,8 | +0,4 | >0,05 |
| | ST | 12,5 | 14,2 | +1,7 | **<0,05** |

***Bedeniň fiziki görkezijileriniň dinamikasy (ortaça aňlatmalar)***

1-nji tablisadan görnüşi ýaly, çagalaryň beden görkezijileri, sagaldyş-dikeldiş maksatnamasy durmuşa geçirilenden soň, oňyn üýtgedi. Tizlik, çeýelik, çydamlylyk gowulanyp, statistika taýdan ygtybarly aratapawut berdi.

Pedagogik synagyň netijeleri hem statistika taýdan takyk maglumatlary berdi:

• umumy beden taýýarlygy, ortaça, 12 – 18% ýokarlandy ($p<0,05$);

• howsalalylyk derejesi 20 – 25% peseldi ($p<0,05$);

• çagalaryň 70% -inde sport bilen meşgullanmaga höweslenme ýüze çykdy;

• biometriýa görkezijileriniň gowulanmagy, ýüregiň ýygrylmasynyň ýygylygynyň kadalaşmagy çeýeligiň, çydamlylygyň we özara sazlaşygyň gowulanmagyna getirdi;

• sagdyn durmuş ýörelgesi baradaky bilim derejesiniň ýokarlanmagy (ösüş 30-35%).

**2-nji tablisa**

| Görkezijileriň ugry | GT-de gowulanma | ST-de gowulanma |
|---|---|---|
| Bedeniň funksional ýagdaýy | +5–8% | **+20–35%** |
| Psihologik ýagdaýy | +2–4% | **+15–25%** |
| Sosial özüni alyp barşy | +1–3% | **+10–18%** |
| Bedeniň fiziki işjeňligi | +3% | **+25–35%** |
| SDÝ höweslenme | +2% | **+18–22%** |

***Umumy görkezijiler boýunça netijeler başlangyç görkezijiler bilen deňeşdirilende (%) ösüş alyndy***

Umumy görkezijiler derňelende, bedeniň funksional ýagdaýy 20 – 30% boldy, psihologik ýagdaýy gowulanyp, 15 – 25%-e, ýetdi, çagalaryň sosial özüni alyp baryşlary, beden işjeňligi we SDÝ höweslenme häsiýetleri hem degişlilikde ýokarlandy.

Maksatnamanyň netijeliligi mekdep okuwçylarynyň psihologik, pedagogik, fiziologik we özüni alyp baryş üýtgeşmeleriniň oňyn derejesiniň ýüze çykmagy arkaly tassyklanyldy. Bu bolsa ony ýurdumyzyň terbiýeçilik we bilim edaralaryna giňden ornaşdyrmaga hödürlemäge mümkinçilik berýär.

Alnan netijeler ýaş toparlaryna görä, maksatnamanyň uzak möhletleýin täsirini öwrenmek, mekdep okuwçylarynyň saglygyny barlamak üçin sanly tehnologiýalary ulanmak, şeýle hem, aýratyn bilim we beden işjeňligini artdyrmagy zerur bolan çagalary maksatnamalara uýgunlaşdyrmak bilen bagly işleriň geçirilmelidigini aňladýar.

## EDEBIÝAT


1. *Serdar Berdimuhamedow.* Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2023.

2. *Арефьев А.В.* Психолого-педагогические условия формирования ЗОЖ. –Казань, 2020.

3. *Киселёв В.П.* Спортивно-оздоровительные программы в школе. – Москва, 2022.

4. *Левшин А.Ю.* Социальная среда детских лагерей. – Москва, 2019.

5. *Скрипченко О.И.* Возрастная психология. – Москва, 2020.


**I. ORAZGELDIYEV, J. SOPIYEV**

**PSYCHOLOGICAL-PEDAGOGICAL CONDITIONS FOR DEVELOPING HEALTHY LIFESTYLE IN SCHOOL STUDENTS**

This article examines the psychological and pedagogical conditions for developing a healthy lifestyle in schoolchildren aged 7 – 14. It provides information on adapting exercise to their health status and identifies the psychological and pedagogical conditions for a sports and fitness program. The effectiveness of the proposed program is assessed from psychological, pedagogical and physiological perspective through a pedagogical experiment, monitoring the body's functional state and conducting specific tests.

**Ы. ОРАЗГЕЛЬДЫЕВ, ДЖ. СОПЫЕВ**

**ПСИХОЛОГО-ПЕДАГОГИЧЕСКИЕ УСЛОВИЯ ФОРМИРОВАНИЯ ЗДОРОВОГО ОБРАЗА ЖИЗНИ У ШКОЛЬНИКОВ**

В статье изучаются психолого-педагогические условия формирования здорового образа жизни у школьников в возрасте 7 – 14 лет, представлена информация об адаптации упражнений в зависимости от состояния здоровья, а также выявлены психолого-педагогические условия в соответствии со спортивно-оздоровительной программой. Эффективность предлагаемой программы оценивается с психолого-педагогической и физиологической точек зрения путём проведения педагогического эксперимента, мониторинга функционального состояния организма и проведения специальных тестов.

***Ylýas Orazgeldiýew, Jumadurdy Sopyýew,***
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň mugallymlary.**

**Makalany ýollan: Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 30-njy marty.**

# OKATMAGYŇ TEJRIBESINDE TÄZE USULLARYŇ GÖZLEGI

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Serdar Berdimuhamedow: “...Ýaş nesillerimizi milli hem-de umumadamzat gymmatlyklarynyň esasynda terbiýelemek, olara döwrebap bilim bermek biziň alyp barýan bilim syýasatymyzyň baş maksadydyr” [1, 365 s.] diýip belleýär. Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, şu günki ýaşlar bagtyýar döwürde ýaşaýarlar. Ýaşlaryň sagdyn ösüp, bilim almagy üçin döwletimiz ähli mümkinçilikleri döredýär. Terbiýe, bilim beriş, okadylyş terbiýelenýäniň durmuşyny maksadalaýyk guramak arkaly amala aşyrylýar. “Ýaşlarymyzy ylma-bilime höweslendirmek, halallyk, ahlaklylyk, agzybirlik, ýokary watançylyk ruhunda terbiýelemek baradaky alada ýurdumyzda alnyp barylýan ähli özgertmeleriň özenini düzýär” [2, 69 s.].

> ***Okuwçylaryň özleşdirmeli maglumatlarynyň möçberi görlüp-eşidilmedik çaltlykda artýar. Maglumatlar çalt köpelýär, olary yzygiderli täzelemek zerurlygy ýüze çykýar. Şonuň netijesinde diňe ýat tutmak we maglumatlary ýatda saklamak häzirki zaman talaplaryny ödäp bilmez. Bu ýagdaýda okuwçylara hemişe täzelenýän maglumatlary özbaşdak özleşdirmäge mümkinçilik berýän pikirlenmäniň täze görnüşini kemala getirmeli, olarda bilim alanlaryndan soňra saklanýan, çalt ösýän ylmy-tehniki ösüşden yza galmazlyga mümkinçilik berýän ukyplary ösdürmeli.***

Mugallym guraýan sapagynyň giň we çuň mazmunly bolmagy ugrunda göreşip, dersiň logikasyna hemişe tabyndyr. Mugallym sapagyň ýokary guramaçylygyny, usulyýet esasynyň ygtybarlylygyny üpjün etmelidir. Hususanda, esasy temalary, aýry-aýry ýumuşlary öwrenmäge derek, dersiň mazmunyna laýyklykda, okadylyşyň birleşdirilen, umumylaşdyrylan usulyny girizmeli, ýagny talybyň ünsüni diňe dogry jogaby agtarmaga gönükdirmekden saklanyp, onuň meseläni çözmek başarnygyny ösdürmäge ugrukdyrmaly. Bu babatda has toplumlaýyn we netijeli okadylyş usuly hereketli okadylyş bolup, onda ýumuşlar durmuşy şertlerde ýa-da oňa golaýlaşdyrylan nusgalarda çözülýär.

Rus pedagogy K.D.Uşinskiý: “Psihologiýa özüniň pedagogika bolan ähmiýeti boýunça ähli ylymlaryň arasynda ilkinji ýeri eýeleýär” diýip nygtapdyr. Ol: “Adamy terbiýelemek üçin adam hemmetaraplaýyn öwrenilmelidir” [3, 80 s.] diýip ýazýar. Ilkinji wezipeleriň biri psihologik derňewler bir eýýäm taýýar, okadylyşy köneleşen pedagogik usullara (okatmagyň we terbiýäniň mazmuny, usulyýeti we usullary) gönükdirmän, eýsem, ony pedagogik amalyýeti öňe sürýän, oňa täze ýollary açýan, okatmakda we terbiýe bermekde täzelikleri ündeýän derňewlere gönükdirmeli. Birinji wezipeden gelip çykýan ikinji bir möhüm mesele ylmy-tehniki ösüşiň pedagogika bildirýän talaplary boýunça ýüze çykýar.

Agzalanlar bilen baglanyşykly meseleleri çözmegi häzirki zaman psihologiýasy pedagogika bilen ýakyn arabaglanyşykda amala aşyrýar. Bu meseleleri çözýän psihologiýanyň takyk şahalary (ilkinji nobatda, pedagogika, psihologiýa, ýaş aýratynlygynyň psihologiýasy) ylmy pedagogikanyň, terbiýäniň taglymaty we usuly, didaktika, aýry-aýry dersleri okatmagyň takyk usuly (matematika, taryh, geografiýa we ş.m.) bilen arabaglanyşykda bolýar.

Pedagogikanyň, psihologiýanyň bölümlerine okatmagyň psihologiýasy (didaktikanyň, takyk usullaryň, programmirlenen okatmagyň, akyl hereketlerini kemala getirmegiň we ş.m. psihologik esaslary; terbiýe psihologiýasy, terbiýäniň usulynyň psihologik esaslary, okuwçy toparyň psihologiýasy, zähmet-düzediş pedagogikasynyň psihologik esaslary), mugallymyň psihologiýasy, akyl taýdan ösmedik çagalar bilen okuw-terbiýeçilik işlerini alyp barmagyň psihologiýasy degişlidir.

Tebigy we jemgyýetçilik ylymlary ýaly, psihologiýanyň-da iki sany – synlamak we tejribe usullary bolup, olaryň her biriniň özgerdilen birnäçe görnüşleri bardyr. Synlamak we syn etmek daşky hadysalary beýan etmek bilen çäklenmän, hadysalaryň psihologik tebigatyny düşündirmegi amala aşyrmagy başaran ýagdaýynda, psihologiýanyň derňew usulyna öwrülýär. Syn etmegiň mazmuny diňe bir ýagdaýlary belläp almak däl-de, bu psihologik ýagdaýlaryň sebäbini ylmy nukdaýnazardan düşündirmekdir. Diňe mysallary belgiläp, özüňi alyp barşyň, hereketleriň sebäplerini çak bilen düşündirjek bolmak adaty durmuşy syn etmä mahsusdyr. Durmuşa syn etmek ylmy synlamakdan özüniň tötänleýinligi, guramaçylyksyzlygy we meýilnamasyzlygy bilen tapawutlanýar. Onda

psihiki ýagdaýa we onuň geçişine täsir edip, düýpli sebäpleriň hemmesiniň göz öňünde tutulmagy örän seýrek bolýar. Emma durmuşy syn etmeler köplügi we gündelik tejribä daýanýanlygy bilen, kähalatlarda psihologik ähmiýete eýe bolýar. Köp sanly durmuşy psihologik syn etmeler nakyllarda, atalar sözlerinde jemlenip, öwrenilmäge degişlidir [3, 97-98 s.].

Belleýşimiz ýaly, psihologik syn etme hemişe, durmuşy synlamadan tapawutlylykda, özüňi alyp barşyň, işiň synlanýan ýagdaýyny ýazmakdan onuň içki psihologik mazmunyny düşündirmeklige geçýär. Syn etmegiň barşynda döreýän çaklama bu geçişiň görnüşidir. Ony tassyklamak ýa-da inkär etmek syn etmegiň indiki wezipesidir.

Psihologik syn etmäge bildirilýän talaplaryň biride syn etmegiň meýilnamasyny düzmek we netijeleri ýörite gündelige ýazyp almakdyr. Syn etmegiň görnüşleriniň biri-de işiň netijesini psihologiýa taýdan seljermekdir. Olar biri-birinden düýpli tapawutlanýar. Göräýmäge, işiň özi däl-de, netijesi hasaba alynýan ýaly bolsa-da, hakykatda, öwrenilýän zat işiň netijesinde amala aşyrylýan psihiki ýagdaýlardyr. Mysal üçin, çagalaryň psihologiýasynda olaryň çeken suratlaryny öwrenmek esasy orny eýeleýär. Bu ýerde şahsyýeti onuň işiniň dürli görnüşlerinde synlamak arkaly öwrenmeklige mümkinçilik berýän biri-birinden bihabar düzülen häsiýetnamalary jemlemek usulyny görkezmek bolar. Okuwçylary öwrenmeli temasy bilen tanyş edip, mugallym temanyň ertir soraljakdygyny nygtaýar. Beýleki toparda şol bir meňzeş şertlerde okuw temasy teklip edilip, ýöne onuň iki hepdeden soraljakdygy aýdylýar. Hakykatda, iki toparda hem okuwçylaryň dersi özleşdirişi iki hepde geçenden soň barlanýar. Bu tebigy tejribäniň netijesinde maglumatlaryň uzak wagtlap ýatda ornaşdyrylmagy üçin degişli toparda şeýle uzak möhlete gönükdirilmeginiň artykmaçlygy ýüze çykarylýar.

Psihologik we pedagogik wezipeleri çözýän tebigy tejribä psihologik-pedagogik tejribe diýilýär. Ýokarda agzalanlar derňew usullary bolup, olaryň kömegi bilen alym ylmy akyl ýetiriş üçin möhüm meseleleri ýüze çykaryp, degişli kanunlary açýar, psihiki hadysalaryň içgin mehanizmlerini kesgitleýär. Başgaça aýdylanda, bu usullaryň üsti bilen alnyp barylýan derňewleriň mazmuny psihologiýanyň ylym hökmündäki aýratynlygy bilen gabat gelýär. Psihologik usullar diňe bir derňew maksady üçin däl, eýsem, synag maksady üçin hem ulanylýar. Soňky ýagdaýda esasy wezipe täze maglumatlary almak däl-de (ylmy bilimleri çuňlaşdyrmak üçin), adamyň psihologik häsiýetleriniň öňünden kesgitlenen psihologik kadalara we ölçeglere gabat gelýänligini anyklamakdan ybaratdyr. Adamyň degişli psihologik häsiýetini anyklamak üçin psihologyň ulanýan usullaryna barlaglar diýilýär. Barlag gysga wagtlaýyn synag bolup, ony ýerine ýetirmegiň netijesinde san we hil taýdan berilýän baha degişli psihiki wezipeleriň kämilliginiň alamaty bolup hyzmat edýär. Barlaglaryň kömegi arkaly käbir ukyplaryň, endikleriň, başarnyklaryň bardygyny, ýokdugyny aýan etmek, şahsyýetiň käbir häsiýetlerine häsiýetnama bermek, onuň bir ýa-da beýleki hünäre ýaramlylygyny we ş.m. kesgitlemek maksat edinilýär. Barlagyň diagnostik gymmaty köp derejede ylmy tejribäniň derejesine we onuň esasyna goýlan psihologik mysalyň anyklygyna bagly bolýar.

Häzirki zaman psihologiýasynda ulanylýan takyk psihologik usullaryň sany örän köpdür. Olaryň görnüşleri psihologiýanyň dürli şahalaryna we takyk çözýän meselelerine baglylykda dürli-dürlüdir. Şeýle-de bolsa, takyk psihologik usullaryň köpüsine mahsus bolan umumy häsiýetleri görkezmek mümkin. Muny kadaly ösen we akyl taýdan ösmedik (oligofrenler) çagalaryň ünsleriniň durnuklylygynyň ýaş aýratynlyklaryny öwrenmäge bagyşlanan derňewiniň mysalynda görkezmek mümkin.

Derňew, adatça, dört sany esasy tapgyra bölünýär. Birinjisi taýýarlanyş tapgyry. Bu döwürde dürli serişdeleriň kömegi bilen ilkinji maglumatlar berilýär (okuw sapaklary we zähmet okuwy, gündelik durmuş, ýörite guralan söhbetler wagtynda syn etmek ulanylýar, kähalatlarda ýörite soraglar boýunça düzülen sowalnamadan peýdalanylýar, terjimehal häsiýetli maglumatlar ýüze çykarylýar, anamnez toplanylýar – öwrenilýän mysalyň döremeginiň öňüsyrasynda bolup geçen şertler ýazylyp alynýar we ş.m.). Agzalan derňewde kadaly we beýnisiniň işleýşi dogabitdi şikesli bolan çagalaryň (kömekçi mekdeplerde okaýan) ünsüniň durnuklylygy (tabşyrylan ýumşy ýalňyşsyz we ünsüňi sowman ýerine ýetirmek) öwrenilipdir. Bu synlamalar dürli şertlerde geçirilip, derňewiň dowamynda goşmaça maglumatlary toplamak bilen utgaşdyrylýar.

Adatça, taýýarlanyş tapgyrynyň netijesinde derňewçi maglumatlara içgin aralaşýar, öwrenilýänler bilen degişli gatnaşyklary guraýar, iň esasy, onda öwrenilýän psihologik mysalyň mazmuny barada çaklama döreýär. Çaklama derňewiň indiki tapgyrlarynda

barlanýar we tassyklanýar. Gürrüňi edilýän mysalda şeýle çaklama kadaly we akyl taýdan ösmedik çagalaryň ünsi diňe san taýdan däl, esasan, hil taýdan-da tapawutlanýar diýen pikirden ugur alýar.

Ikinjisi hususy tejribe tapgyry bolup, derňewiň takyk usulyny amala aşyrmak bilen, öz gezeginde, birnäçe böleklere bölünýär. Garalýan derňewlerimizde şeýle usulça hökmünde "şekil synagynda" ulanylýar: öwrenýänler tipografik çap edilen sahypada harplaryň tötänleýin ýazylan hatarlaryna ünsli seredip, setir-me-setir "s" we "w" harplaryny çyzmaly bolýarlar. Iş wagtynda "minutlaýyn gözegçilik" ulanylýar: her bir minutdan habar berlip, öwrenýänler şobada gelip ýeten harpynyň üstünde nokat goýýar-da, saklanýar.

Netijede, bir minutyň dowamynda seredilen setirleriň, ýalňyşlaryň we harplaryň sanyny takyk anyklap bolýar. Birinji bölümde akyl taýdan ösmedik kemçilikli çagalaryň kadaly ösýän çagalardan seredilen setirleriň sany boýunça yza galyp, ýalňyşlaryň köp goýberilýändigi ýüze çykarylýar, ýöne bu tapawutlaryň uly bir ähmiýetiniň ýoklugy aýdyňlaşdyrylýar. Ikinji bölümde tabşyryk öňküliginde ("s" we "w" harplary çyzmak) galdyrylyp, öwrenýänler belli mazmunly teksti, uly bolmadyk hekaýany maglumat hökmünde alýarlar [3, 102-103 s.].

Bu derňewiň netijesi boýunça okuwçylar, akyl taýdan ösmedik çagalara garanda, köp ýalňyşlyklary goýberýärler. Göräýmäge adaty bolmadyk bu ýagdaý şeýle düşündirilýär. Kadaly ösýän çagalar degişli harplary çyzýan wagtlarynda, teksti okap, mazmunyna göz ýetirmekden saklanyp bilmeýärler, akyl taýdan ösmedik çagalar bolsa hiç hili mazmuna üns bermän, diňe harplary çyzmak bilen bolýarlar. Ikinji bölümden soňra üçünji, dördünji, bäşinji bölümler geçirilip, olaryň netijesinde täze maglumatlar alynýar.

Üçünji tapgyrda psihologiýanyň matematiki enjamy ulanylýar, statistik usullaryň we ähtimallyk taglymatynyň esasy düzgünleriniň ulanylmagynda alnan netijeleriň takyklygy, olaryň ilkinji goýlan çaklamalarynyň tassyklanýandygy anyklanylýar.

Dördünji tapgyr alnan maglumatlary düşündirmekden, psihologik taglymatlaryň esasynda derňewiň çaklamasynyň dogrudygyny, nädogrudygyny gutarnykly aýdyňlaşdyrmakdan ybaratdyr.

## EDEBIÝAT


1. *Serdar Berdimuhamedow.* Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2023.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.

3. *Basarow B.* Umumy psihologiýa. – Aşgabat: TDNG, 2010.



**M. TURAYEVA**

**SEARCH FOR NEW METHODS IN THE PRACTICE OF TEACHING**

One of the key tasks in teaching is to direct research in the field of psychology not only to already tested standard pedagogical methods (content, methodology of teaching and education), but also to research that advances pedagogical practice, opens up new paths for it, and contributes to finding innovative approaches in the processes of teaching and educating young people.

**М. ТУРАЕВА**

**ПОИСК НОВЫХ МЕТОДОВ В ПРАКТИКЕ ПРЕПОДАВАНИЯ**

Одна из ключевых задач в преподавании – направить исследования в области психологии не только на уже апробированные стандартные педагогические методы (содержание, методика обучения и воспитания), но и на исследования, которые продвигают педагогическую практику вперёд, открывают для неё новые пути, способствуют нахождению новаторских подходов в процессе обучения и воспитания молодёжи.



***Mukarram Turaýewa,* Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk institutynyň uly mugallymy.**



**Makalany ýollan: Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk instituty.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 6-njy apreli.**

# TÜRKMENISTANDA HÜNÄR PEDAGOGIK BILIM ULGAMYNY KÄMILLEŞDIRMEGIŇ YLMY-USULYÝET ESASLARY

***Türkmenistanda hünär pedagogik bilim ulgamyny kämilleşdirmek dünýä tejribesi bilen milli bilim däp-dessurlaryny sazlaşdyrmakdan binýatlanýar. Bu işe ylmy-tehniki taýdan çemeleşmek okuwyň sanlylaşdyrylmagyny, döwlet bilim standartlarynyň wagtly-wagtynda täzelenip durulmagyny, okatmagyň innowasion usulyýetleriniň bilim beriş tejribesine ornaşdyrylmagyny öz içine alýar. Bu bolsa, öz gezeginde, Garaşsyz ýurdumyzyň döwrebap ösmegine gönükdirilen meseleleri çözmäge ukyply, has kämil hünärmenleri taýýarlamaga mümkinçilik berýär.***

Häzirki zaman şertlerinde islendik döwletiň ykdysady kuwwaty we durmuş durnuklylygy onuň işgärleriniň, hünärmenleriniň ukyp-başarnyklaryna baglydyr. Türkmenistanda hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda bilim ulgamyny düýpli döwrebaplaşdyrmak, ýaşlara hünär öwretmek boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar. Hünär pedagogik bilim ulgamy diňe bir hünärmen taýýarlamak däl, eýsem, talyplaryň işjeň zähmet durmuşyna uýgunlaşmagyny, döredijilikli işlemegini üpjün edýän ylmy-pedagogik çeşmedir.

Ylmy taýdan garalanda, hünär pedagogik bilim ulgamy jemgyýetiň we ykdysadyýetiň anyk ugurlary (senagat, oba hojalygy we ş.m.) üçin ýokary hünär bilimli işgärleri taýýarlamaga, gaýtadan taýýarlamaga, olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen bitewi döwlet hem jemgyýetçilik gurluşydyr. Has takyk ylmy kesgitleme bermek üçin bu ulgamyň düzüm birliklerini we wezipelerini aşakdaky ýaly düşündirmek bolar:

*1. Hünär pedagogik bilim ulgamynyň wezipesi.* Bu ulgam diňe bir bilim bermek däl, eýsem, talybyň hünär başarnygyny kemala getirmekdir. Ol iki esasy ugry utgaşdyrýar:

- Pedagogik ukyplar: okatmagyň we terbiýelemegiň usullary.
- Tehnologik başarnyklar: anyk bir hünäriň (mysal üçin, inženerçilik, lukmançylyk ýa-da IT) inçe syrlary.

*2. Hünär pedagogikasy beýleki bilim ugurlaryndan özüniň amalyýete gönükdirilendigi bilen tapawutlanýar.* Onuň ylmy-usuly esaslary şulardan ybaratdyr:

- Nazary bilim: Döwlet bilim standartlaryna laýyklykda berilýän binýatlyk bilimler.
- Hünär amalyýeti: önümçilik şertlerinde, tejribehanalarda ýa-da iş ýerlerinde alnan amaly endikler.

*3. Türkmenistanyň hünär pedagogik bilim ulgamynyň gurluşy aşakdaky derejeleri öz içine alýar:*

1) Hünär-tehniki bilim (başlangyç hünär okuw hem-de hünär-tehniki okuw mekdepleri) – işçi hünärleri (mehanik, tikinçi, aşpez we ş.m.).

2) Orta hünär bilimi (orta hünär bilimi edaralary we kollejler) – orta hünär bilimi derejeli hünärmenler.

3) Ýokary hünär bilimi (ýokary okuw mekdepleri) – ýokary derejeli hünärmenler, inženerler, mugallymlar.

4) Hünär derejesini ýokarlandyryş: hünär bilimlerini, endiklerini çuňlaşdyrmak, ylym we tehnologiýalar babatda häzirki zaman gazanylanlary, şeýle hem, halkara tejribesini göz öňünde tutup, hünär bilimlerini täzelemek, täze işçi hünärlerini, hünärleri, hünär derejelerini ele almak, olaryň hünär işiniň hem-de durmuş gurşawynyň üýtgäp durýan şertlerine laýyklygyny üpjün etmek.

Hünär pedagogik bilim ulgamynyň kämilleşdirilmegi okuw meýilnamalarynyň zähmet bazarynyň talaplaryna laýyk getirilmegidir. Döwlet sanly ykdysadyýete geçýän ýagdaýynda hünär bilimi hem dessine sanly tehnologiýalary işjeň ulanmagyň usulyýetini özleşdirmelidir.

*4. Hünär pedagogik bilim ulgamyny kämilleşdirmegiň ylmy-usulyýet esaslary diňe bir maddy-tehniki üpjünçilige däl, eýsem, düýpli ylmy-usulyýet binýadyna esaslandyrylýar.*

Şu jähetden aşakdaky ylmy-usulyýet esaslary we çemeleşmeleri görkezmek bolar:

1) Başarnyklylyk (ygtybarlylyk) çemeleşmesiniň ylmy esaslary:

Häzirki zaman hünär biliminde talyba diňe nazary maglumat bermek däl, eýsem, anyk iş ýerinde ýüze çykjak meseleleri çözmegi başarýan hünärmeni kemala getirmek zerurdyr. Bu çemeleşme bilimiň amaly başarnyklar we endikler bilen bitewüleşmegini hem-de talybyň özbaşdak çözgüt kabul edip bilmek

başarnygyny ösdürmegi göz öňünde tutýar [3]. Hünär standartlarynyň düzgünleriniň taýýarlygyň ugurlarynyň (hünärleriň) okuw meýilnamalarynyň mazmunyna girizilmegi uçurymlaryň zähmet bazarynda bäsleşige ukyplylygyny üpjün edýän esasy ylmy guraldyr [4].

2) Sanly özgertmeler we innowasion pedagogik tehnologiýalar:

Bilim ulgamynyň sanlylaşdyrylmagy okatmagyň usulyýetini düýpli üýtgetmegi talap edýär. Elektron okuw serişdeleriniň, wirtual simulýatorlaryň we “bulutlaýyn tehnologiýalaryň” ulanylmagy talyplaryň çylşyrymly tehnologik hadysalary wirtual gurşawda öwrenmegine şert döredýär [5]. Bu bolsa, öz gezeginde, «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasynyň» ylmy-usulyýet taýdan durmuşa geçirilmeginiň möhüm bölegidir [5].

3) Bilim bilen önümçiligiň arabaglanyşygy («dual bilim» ulgamy):

Hünär pedagogik bilim ulgamynda iň täsirli we netijeli usullaryň biri hem «dual bilim» ulgamydyr. Bu ulgamyň düzgünlerine görä, okaýan okuw wagtynyň ep-esli bölegini göni önümçilikde, tejribeli hünärmenleriň (bilermenleriň) gözegçiligindе geçirýär. Şonda bilim edaralary bilen kärhanalaryň arasyndaky özara bähbitli hyzmatdaşlyk ylmy-usulyýet taýdan kämilleşdirilýär [3].

4) Üznüksiz bilim we hünär kämilleşdiriş ýoly:

Tehnologiýalaryň çalt ösýän şertlerinde hünär bilimi «bütin ömrüň dowamynda okamak» (lifelong learning) ýörelgesine esaslandyrylýar. Bu bolsa pedagogik işgärleriň hünär derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak üçin ylmy-usulyýet merkezleriniň işini döwrebaplaşdyrmagy talap edýär [4].

Türkmenistanda hünärmenleriň ukyp-başarnyklaryny hil taýdan täze derejä çykarmak babatda geçirilen barlaglar aşakdaky netijeleri görkezdi:

1. *Hünär taýýarlygynyň täze görnüşi.* Hünär pedagogik bilim ulgamyny kämilleşdirmek üçin diňe bir okuw sagatlarynyň möçberini köpeltmän, eýsem, okatmagyň usulyýetine hünär ygtyýarlylygyny ösdürmäge gönükdirilen çemeleşmäni ornaşdyrmalydyr. Bu çemeleşme uçurymlaryň iş ýerinde ýüze çykýan çylşyrymly tehnologik we dolandyryş meselelerini özbaşdak çözmek başarnyklaryny 25 – 30% ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär [4].

2. *Sanlylaşdyrmagyň ylmy bähbidi.* Bilim edaralarynda sanly platformalaryň we interaktiw tehnologiýalaryň ulanylmagy okuw işiniň elýeterliligini üpjün edýär we hilini ýokarlandyrýar. Sanly bilim gurşawy okaýanlar üçin önümçilikdäki häzirki zaman enjamlarynyň işleýşini wirtual simulýatorlar arkaly howpsuz we netijeli öwrenmäge şert döredýär [5].

3. *Ykdysady netijelilik.* Bilim bilen önümçiligiň arabaglanyşygy, hususan-da, «dual bilim» ulgamynyň ylmy-usulyýet esasda



ýola goýulmagy kärhanalaryň täze işgärleriniň iş tertibine uýgunlaşmagy üçin sarp edýän wagtyny tygşytlamaga kömek edýär. Bu bolsa döwletimiziň ykdysady kuwwatynyň durnukly ösmegine göni täsir edýän maddy we ylmy şertdir [3].

4. *Hünär kämilleşdiriş we gaýtadan taýýarlaýyş okuwlarynyň täsiri.* Hünär pedagogik bilim ulgamyny kämilleşdirmegiň özeniniň esasy bölegini ýokary hünärli pedagogik işgärler düzýär. Pedagogik işgärleriň yzygiderli hünär derejesini ýokarlandyryş okuwlaryna çekilmegi we olaryň innowasion tehnologiýalara erk etmek derejesiniň ýokarlandyrylmagy tutuş bilim ulgamynyň ösüş depginini kesgitleýän esasy hereketlendiriji güýçdür [1].

Umuman, Türkmenistanda hünär pedagogik bilim ulgamyny kämilleşdirmegiň ylmy-usulyýet esaslarynyň döwrebaplaşdyrylmagy ýurdumyzyň durnukly ykdysady ösüşini we halkara zähmet bazarynda bäsleşige ukyplylygyny üpjün etmäge uly ýardam edýär.

## EDEBIÝAT


1. *Serdar Berdimuhamedow.* Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – Aşgabat: TDNG, 2023.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 12-nji tom. – Aşgabat: TDNG, 2019.
3. Bilim hakynda (rejelenen görnüşi). Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2021.
4. *Amanow B., Saparow M.* Hünär pedagogikasynyň metodologik esaslary. – Aşgabat: “Ylym”, 2019.
5. Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy. – Aşgabat, 2017.


**O. KURBANOVA**

## SCIENTIFIC AND METHODOLOGICAL BASES FOR ENHANCING THE PROFESSIONAL PEDAGOGICAL EDUCATION SYSTEM IN TURKMENISTAN

The article analyzes the scientific and methodological bases for enhancing the professional pedagogical education system in Turkmenistan, and it also highlights its interconnection with the economic potential and social stability of the country. The primary objective of the work is to provide a systemic substantiation of the modern approaches (competency-based approach, digital transformation, dual education, lifelong learning) to enhance the quality of pedagogical training. Thus, the study proposes that competency-oriented training can improve the graduates’ skills in the independent practical problem-solving by 25–30% and underscores its decisive role in developing the system for the regular professional development of the educators.

**О. КУРБАНОВА**

## НАУЧНО-МЕТОДИЧЕСКИЕ ОСНОВЫ СОВЕРШЕНСТВОВАНИЯ СИСТЕМЫ ПРОФЕССИОНАЛЬНО-ПЕДАГОГИЧЕСКОГО ОБРАЗОВАНИЯ В ТУРКМЕНИСТАНЕ

В статье анализируются научно-методические основы совершенствования системы профессионально-педагогического образования в Туркменистане, а также раскрывается её взаимосвязь с экономическим потенциалом и социальной стабильностью страны. Основная цель работы заключается в системном обосновании современных подходов (компетентностный подход, цифровая трансформация, дуальное обучение, непрерывное образование) для повышения качества педагогической подготовки. В статье выдвигается положение о том, что компетентностно-ориентированная подготовка способна повысить навыки выпускников по самостоятельному решению практических задач на 25–30%, и подчёркивается её определяющая роль в развитии системы регулярного повышения квалификации педагогических работников.

***Ogulsenem Gurbanowa,* Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň aspiranty.**

**Makalany ýollan: Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 12-nji maýy.**

# ÝAŞLARYŇ HÜNÄR SAÝLAMAGYNYŇ PSIHOLOGIK TAÝÝARLYK MESELESI

Arkadagly Gahryman Serdarymyz: “Biz ýaşlara we olaryň sowatlylyk derejesiniň ýokarlanmagyna aýratyn ähmiýet berýäris. Ýurdumyzyň ilatynyň, şol sanda, ýaşlaryň hemmetaraplaýyn ösmegi, aýratyn hem, hünär bilimlerini almaklary babatda ähli şertleri, mümkinçilikleri döredýäris” [1, 38 s.] diýip belleýär.

> *Ýaşlaryň hünär saýlamak meselesi olary özbaşdak durmuşa taýýarlamagyň möhüm ugurlarynyň biridir, çünki hünär saýlamak şahsyýetiň jemgyýetde öz ornuny tapmagynyň esasy şertidir. Hünäre bolan söýgi şahsyýetiň ösüşiniň irki döwürlerinden başlanýar. Ol çagalyk döwründe kem-kemden ösýär hem-de onuň islegi bolup durýandygyndan esasy maksadyna öwrülýär. Haýsydyr bir hünäri ele almagy maksat edinen şahsyýetiň psihikasynda şol maksada ýetmek ugrundaky işjeňlik peýda bolýar. Şahsyýetiň hünär saýlamak meselesinde ony psihologik taýdan taýýarlamakda mugallymyň hem-de ony gurşap alýan beýleki adamlaryň täsiri uludyr.*

Ýaşlary özbaşdak durmuşa taýýarlamak meselesi jemgyýetiň döwrebap durmuşy-syýasy ösüş şertlerinde ileri tutulýan ugurlaryň biridir. Şahsyýeti özbaşdak durmuşa taýýarlamakda olarda hünärine wepalylyk duýgularyny kemala getirmek möhümdir, çünki ýaşlaryň ýaşaýan, bilim alýan, zähmet çekýän gurşawy olaryň şahsy ösüşine öz täsirini ýetirýär. Hünäre wepalylyk şahsyýetiň zähmetiniň jemgyýetçilik ähmiýetine akyl ýetirmegi, hünär ösüşini ýokarlandyrmagy, saýlan hünärini wagyz etmegi esasynda döreýän borç duýgusydyr. Talyp saýlap alan hünäriniň diňe bir özi üçin däl, eýsem, jemgyýet üçin hem ähmiýetlidigine düşünmeli. Ýaşlarda hünärine wepalylyk duýgusynyň kemala gelmeginde neberesiniň (dinastiýasy) asylly ýörelgelerine eýermegi parzdyr. Häzirki döwrüň durmuş-psihologik ýagdaýyna laýyklykda, iň köp hünär neberesi (dinastiýasy) energetika, ulag-aragatnaşyk, lukmançylyk we ylmy pudaklarda emele gelendir [2, 10 s.].

“Hünäri saýlamaga taýýarlyk” atly ulgam dörediji şert hökmünde hünärmeniň şahsyýetiniň kemala gelmeginde, üstünlige ýetmeginde, diňe bir hünärinden däl-de, eýsem, ol öz durmuşyndan-da kanagat tapmagynda hem uly ähmiýete eýedir. Geçirilen ylmy derňewlerde köp sanly psihologik-pedagogik çeşmelere garamazdan, heniz ýaşlaryň hünär saýlamak höwesine degişli kabul edilenler ýeterlik däldir. Şunda hünär saýlamagyň birnäçe sebäpler bilen şertlenýän meseleleri bardyr. Meselem, alymlaryň käbiri hünär saýlamagyň durmuşy, ahlak, etiki, akyl ýetiriş, döredijilik, zähmetiň mazmuny, maddy tarapy, at-abraýy, utilitar (hünäriň amaly ähmiýeti) ýaly görnüşleriniň bardygyny tassyklaýar [3, 143 s.]. Beýleki alymlar, hususan-da, E.Şpragner, D.Super, A.Rean, Ý.Klimow, J.Holland we başgalar hünär saýlamak dürli tarapdan: maşgala, ýaşuly nesliň, deň-duşlaryň, mugallymlaryň garaýyşlary, ukyp-başarnyklar we şahsy ymtylmalar jähetden seljerilmelidir diýýärler. Hünäri saýlamagyň meýli şahsyýetiň önüp-ösen durmuş gurşawy, ýagny maşgalasy, deň-duşlary, mekdep bilen berk baglanyşyklydyr.

Psihologiýada “höwes” düşünjesi subýektiw işjeňlige çagyryşyň daşky we içki şertleriniň jemini aňladýar. Rus alymlarynyň pikiriçe, bu çagyryş içki we daşky görkezijilere bölünip, daşky görkezijilere dostlaryň, garyndaşlaryň maslahatlary, okuw mekdeplerini saýlamak, geljekki hünäriň at-abraýy, maddy bähbitler degişlidir. Hünär saýlamagyň içki meýilleri jemgyýete peýda getirmek islegi, saýlap alan hünäriniň derejesini ýokarlandyrmak ukyplaryňy kämilleşdirmek ýaly asylly ýörelgeleri özünde jemleýär [4, 16 s.]. Bilim alýan adamyň dürli hünärleriň ýöriteleşmesi barada habarlylyk derejesi we öz şahsy sypatlary hem-de ukyplary dogrusynda göz öňüne getirmeleri pes bolanda, hünär saýlamakda köp derejede kynçylyk çekýär, şunda daşky görkezijiler agdyklyk edýär. Alymlaryň pikiriçe, höweslenme öz-özüňi kesgitlemek islegini, bilim almakda we hünär saýlamakda maksada okgunlylygy talap edýär, hünäriň sosial ähmiýeti döwlete we jemgyýete bähbitli tarapyny we beýleki artykmaçlyklaryny özünde jemleýär [5, 183 s.].

Aýdylanlardan ugur alyp, ýaşlaryň hünär saýlamakda psihologik taýýarlygynyň meselelerini emosional gymmatlyk düzüjisi jähetden derňemegi maksat edindik. Derňew A.Kekilow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň 1-nji ýyl talyplarynyň arasynda geçirildi.

Derňewe jemi 160 talyp gatnaşdy. Olaryň 91-si başlangyç synp mugallymy, 69-sy bolsa mekdebe çenli bilim we terbiýe hünäriniň talyplary.

Bu mekdepde rus pedagogy, pedagogika ylymlarynyň kandidaty A.Pawlýutenkonyň "Hünär saýlamagyň islegi" sowalnamasynyň kömegi bilen, mekdebe çenli bilim we terbiýe hem-de başlangyç synp mugallymy hünärleriniň talyplarynyň gatnaşmagynda hünär saýlamagyň höwesi öwrenildi. Bu derňew, umuman, synag geçirilýänlerde hünär saýlamagyň bir ýa-da ençeme höwesiniň bolýandygy 18 sany pikir ýöretmäni özünde jemleýän sowalnama esasynda geçirildi. Bu pikir ýöretmeler höwesiň 9 toparyny beýan edýär:

Durmuşy höwes – öz zähmetiň bilen jemgyýetiň ösüşine ýardam bermek, durmuş taýdan ähmiýetli bolmaga çalyşmak.

Ahlak höwesi – kämillige, ruhy sypatlaryň ösüşine ymtylmak.

Estetiki motiw – zähmetde sazlaşygy we gözelligi gözlemek, işiň estetiki taraplaryndan lezzet almak.

Akyl höwesi – ýöriteleşen bilimleri özleşdirmäge, zähmetiň mazmunyna akyl ýetirmäge ymtylma.

Döredijilik höwesi – işiň gaýtalanmazlygy, döredijilik işi bilen meşgullanmaga, ylmy açyşlary etmäge ymtylma.

Zähmetiň mazmuny bilen bagly höwesler – zähmetiň takyk jähetlerine ymtylmak, akyl ýa-da fiziki zähmete ugrukmak.

Maddy höwes – kesgitli bähbitlere, maddy durnuklylyga eýe bolmak ymtylmasy.

At-abraý höwesi – jemgyýetde ýokary durmuş derejesini üpjün edýän hünäri saýlamak.

Utilitar – durmuşy höwes. Hünäriň amalyýet jähetlerine ugrukmak: zähmetiň ýeňilligi, şäherde işlemek mümkinçiligi, ýolbaşçylyk etmek we ş.m.

Geçirilen derňewden şeýle netijeler alyndy:

Mekdebe çenli bilim we terbiýe hünärinde okaýan talyplaryň hünär saýlamak höwesiniň abraýly görnüşlerini hasap edenleriňki (36%), durmuşy görnüşini saýlanlaryňky (33%), estetiki-gözellik görnüşini saýlanlaryňky (31%) tapawutlandyryldy. Höwesiň akyl ýetiriş (38%), maddy (34%), at-abraý (28%) görnüşleriniň görkezijileri ortaça boldy. Höwesiň utilitar (36%), döredijilik (36%) we zähmet (28%) görnüşleri beýlekilerden pes boldy (1-nji şekil).

Başlangyç synp mugallymlary hünärinde okaýan talyplarda geçirilen sowalnamalardan bolsa şeýle netijeler alyndy: höwesiň durmuşy (27%), estetiki (26%), ahlak (25%) we akyl ýetiriş (22%) görnüşleriniň netijeleri ýokary görkezijilere eýe boldy. Höwesiň maddy (52%) we döredijilik (48%) netijeleri ortaça görkezijilere, zähmet (39%), at-abraý (37%) we utilitar (24%) görnüşleri (2-nji şekil) pes görkezijilere eýe boldy.

**1-nji şekil**




***Mekdebe çenli bilim we terbiýe hünärinde okaýan talyplaryň hünär saýlamak höwesiniň görkezijileri***

**2-nji şekil**




***Başlangyç synp mugallymy hünärinde okaýan talyplaryň hünär saýlamak höwesiniň görkezijileri***

Mekdebe çenli bilim we terbiýe hem-de başlangyç synp mugallymy hünärlerinde okaýan talyplaryň hünär saýlamak höwesiniň deňeşdirme seljermesini (3-nji şekil) geçirenimizde, şeýle netijeleri alarys:

**3-nji şekil**




***Mekdebe çenli bilim we terbiýe hem-de başlangyç synp mugallymy hünärinde okaýan talyplaryň hünär saýlamak höwesiniň deňeşdirme seljermesi***

**Netije.** Geçirilen derňewiň ikisinde hem höwesiň sosial, ahlak we estetiki-gözellik görnüşleri hünär saýlamagyň öňdebaryjy görnüşleri hökmünde kesgitlenildi. Şeýlelikde, aşakdakylary bellemek bolar.

• talyplara okuwyň başlangyç tapgyrynda saýlan hünäriniň möhümligine akyl ýetirmäge, hünärini kämilleşdirmegi dowam etmek islegini berkitmäge ýardam berýän okuw tutumynyň pedagogik-psihologik ugruny usuly işler bilen baýlaşdyrmaly;

• talyplarda saýlan hünärine buýsanç duýgusyny kemala getirmeli (munuň üçin degişli edaralarda tejribe işlerini geçirmeli, talyplary taslama-döredijilik işlerine çekmeli, bäsleşiklere taýýarlamaly, olary alymlaryň, mugallym-professorlaryň görkezme-öwrediji sapaklaryna gatnaşdyrmaly);

• talyplaryň maşgalalary bilen aragatnaşygy ýola goýmaly, olaryň maşgalalarynyň däp-dessurlaryna we tejribelerine daýanmaly (talyplaryň köpüsiniň öz geljekki hünär gurşawyny ata-eneleriniň maslahatlaryna eýerip saýlaýandygyny göz öňünde tutmaly).

Döwrebap şertlerde hünäre wepalylygy kemala getirmek bilim beriş edaralarynyň esasy wezipesidir. Okuwyň birinji tapgyrlarynda talyplarda saýlan hünärine gyzyklanma döreýär, sowatly guralan işiň netijesinde uçurymlar geljekde kärine wepaly hünärmenler bolup ýetişýärler.

## EDEBIÝAT

1. *Serdar Berdimuhamedow.* Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – Aşgabat: TDNG, 2023.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Mertler Watany beýgeldýär. – Aşgabat: TDNG, 2017.

3. *Зелинченко А. И., Шмелев А. Г.* К вопросу о классификации мотивационных факторов трудовой деятельности и профессионального выбора // Вестник МГУ, серия «Психология». – 1987. – № 4.

4. *Павлова Е.В.* Динамика профессиональной мотивации в учебно-профессиональной деятельности студентов бакалавриата // Санкт-Петербургский образовательный вестник. – 2018. – №7-8. URL: https://cyberleninka.ru/article/n/dinamika-professionalnoymotivatsii-v-uchebno-professionalnoy-deyatelnosti-studentov-bakalavriata.

5. *Павлютенков Е.М.* Формирование мотивов выбора профессии. – Киев: «Окна», 2000. Профессиональное самоопределение: теория и практика. – Москва: «Академия», 2007.

**S. GELDIYEVA, A. SAPAROVA**

**PROBLEMS OF PSYCHOLOGICAL PREPARATION OF THE YOUTH IN CHOOSING PROFESSION**

The article examines the key motives behind career choices among university students. Based on a survey and the analysis of experimental data, the study identifies the motivational structure of modern students and determines the balance between intrinsic and extrinsic factors influencing professional self-determination. The findings highlight the dynamics of value orientations throughout the education process.

**С. ГЕЛДИЕВА, А. САПАРОВА**

**ПРОБЛЕМЫ ПСИХОЛОГИЧЕСКОЙ ПОДГОТОВКИ МОЛОДЁЖИ ПРИ ВЫБОРЕ ПРОФЕССИИ**

Статья посвящена исследованию ведущих мотивов выбора профессии в студенческой среде. На основе проведённого опроса и анализа экспериментальных данных выявлена структура мотивации современных студентов, а также определено соотношение внутренних и внешних факторов, влияющих на профессиональное самоопределение. Результаты исследования позволяют проследить динамику ценностных ориентаций в процессе обучения.

***Sapargül Geldiýewa,* Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň uly mugallymy.**
***Arzygül Saparowa,* şol uniwersitetiň mugallymy.**

**Makalany ýollan: Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 10-njy apreli.**

# HARBY TALYPLARYŇ UKYP-BAŞARNYKLARYNYŇ PSIHOLOGIK MAZMUNY WE DÖREDIJILIKLI IŞJEŇLIGI

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow: "Okamak – bereket, ýazmak – kuwwat, döretmek döwletdir" diýerdiler. Köp kitap okamak, esasanam, gowy kitaplary gaýta-gaýta köp okamak ynsanyň döredijilikli pikirlenmesini artdyrýar" [1, 10 s.] diýip belleýär.

"Bilim" diýmek, alymlaryň pikiriçe, maglumatlaryň şahsyýet tarapyndan kabul edilmegi, olaryň beýnide uýgunlaşmagy we akyl taýdan özleşdirilmegidir [3]. Bilim ulgamynda psihologik gözlegleriň üsti bilen, şahsyýetiň aňynda daşky dünýä, wakalara, hadysalara gyzyklanma döreýär. Şahsyýet bilim arkaly daşky dünýä, wakalara, hadysalara, mahlasy, özüni gurşap alýan ähli zatlara göz ýetirmegi öwrenýär.

> ***Psihologiýa ylmynda şahsyýetiň işjeňliginiň kemala getirilmeginde onuň ukyp-başarnygynyň mazmunyny häsiýetlendirmäge aýratyn üns berilýär. Şahsyýetiň ukyp-başarnyklarynyň ýokary derejede ösdürilmegi onuň şahsy we jemgyýetçilik durmuşyndaky işjeňligini üpjün edýär. Harby talyplaryň döredijilikli işinde ukyp-başarnyklarynyň özboluşly aýratynlyklara eýe bolýandygy sebäpli, onuň psihologik mazmuny babatda gürrüň etmek gyzyklydyr.***

Her bir ösýän şahsyýetiň döredijilik işjeňligi onuň ukyp-başarnyklarynyň kemala gelşi hem-de ösüşi bilen berk baglanyşyklydyr. Hünär işiniň gündelik we harby durmuşda ýerine ýetirilmeginiň üstünligi "ukyp we başarnyk" düşünjesi bilen kesgitlenilýär. Türkmen diliniň sözlüginde: "Ukyp [ukuýp], at. Bir zady, işi ýerine ýetirmeklige gerek bolan başarnyk, üşük, başarjaňlyk, zehin.

Ukyply [ukuýply], syp. Ukyby bar bolan.

Ukyplylyk [ukuýpluluk], at. Ukyby barlyk, ukyby bolmadyk. Her bir işi janypkeşlik, ukyplylyk, guramaçylyk bilen ýerine ýetirmeli.

Ukypsyz [ukuýpsuz], syp. Ukyby ýok, ukyby bolmadyk. Hamala hiç zada ukypsyz ýaly, Getirer başyna dürli hyýaly (A.Kekilow)" [5, 240 s.] .

Başarnyk, at. Bir işi ýerine ýetirmegi başarmaklyk ukyby. Her kimiň başarnygyna laýyk edýän işi öz göwnüne gowudyr (A.Gowşudow).

Başarnykly, syp. Her bir işi ökdelik bilen başarýan, oňarýan, başarjaň, ukyply. Başarnykly adam.

Başarnyklylyk, at. Başarnygy barlyk.

Başarnyksyz, syp. Başarnykly däl, başarnygy ýok.

Başarnyksyzlyk, at. Başarnygy ýokluk, başarnygy bolmadyk, iş oňarmazlyk, başarjaň dällik, işiň ebeteýini bilmezlik" [4, 124 s. ] diýlip kesgitleme berilýär.

Ukyp-başarnyklara professor B. Basarow: "Ukyplar – munuň özi bilimleri, başarnyklary, endikleri özleşdirmegiň möhüm serişdesi bolup durýan, şol bir wagtyň özünde bolsa, adamyň bilimlerine, başarnyklaryna we endiklerine syrykdyrylmaýan psihologik aýratynlyklarydyr" [2, 439 s.] diýen kesgitlemäni berýär. Şonuň ýaly-da, alym "Ukyplar – munuň özi işi amala aşyrmagyň möhüm şerti bolup durýan we onuň üçin zerur bolan bilimleri, başarnyklary we endikleri özleşdirmegiň dinamikasynda tapawut döredýän şahsyýetiň psihologik indiwidual aýratynlyklarydyr" [2, 441 s.] diýmek bilen, ýokardaky kesgitlemäni has-da kämilleşdirýär.

Harby talyplaryň döredijilikli işjeňligini kemala getirmek çylşyrymly meseledir, çünki harbylar psihologik taýdan döredijilige ymtylmaýan hünäriň eýeleridir. Başgaça aýdylanda, harbylaryň psihologiýasy anyk, kesgitli pikirler, duýgular bilen ýaşaýandyklary arkaly tapawutlanýar. Olara gysby pikirlilik, gysga sözlülik mahsusdyr. Giň pikiri gysga sözleme sygdyrjak bolmak, kesgitli buýruklar bermek, az sözlülik olaryň psihikasynyň tapawutly taraplarydyr. Şeýle bolansoň, harby talyplar bilen işlemegiň özboluşly aýratynlyklary bardyr. Harby talyplarda görýän, eşidýän zatlaryny, hadysalaryny, özüni gurşap alan daşky gurşawy geregiçe döredijilikli kabul etmek, döredijilikli beýan etmek ukyplarynyň kemala getirilmegi zerurdyr, çünki olar geljekde adamlar (jemgyýetde hünärmen hökmünde kemala getirilýän, ösýän şahsyýetler) bilen iş salyşmalydyr. Okatmakda mugallymyň wezipesi talyplary psihologik taýdan döredijilikli ösdürmekdir. Psihologiýada okatmagyň döwrebap gözlegleriniň üsti bilen, harby talyplarda gyzyklanma döretmekligiň esasy görkezijilerini tapmak bolýar, sebäbi talyplara öwredilýän nazary we amaly garaýyşlar bilen birlikde, ösýän şahsyýetiň aňynyň esasy aýratynlygynyň, ýagny olarda akyl

işjeňliginiň bolmagydyr. Akyl işjeňligi bolsa şahsyýetiň duýgulary, ünsi, pikiri, ýady, arzuw-hyýallary, sözleýiş dili bilen berk baglanyşyklydyr. Akyl arkaly amala aşyrylýan bilimi, terbiýesi talybyň (geljekki harby işgäriň) jemgyýetde öz ornuny tapmagyna, esasy maksadyna ýetmegine gönükdirilýär.

Okuw okamak, zerur maglumatlary ýat tutmak täze bilimleri özleşdirmegiň täsirli tapgyrydyr. Öwretmegiň usullary näçe döredijilikli saýlanylsa, netijede alnan täze maglumatlar, talyplaryň aňyna şonça-da çalt we netijeli ornaşar. Psiholog mugallymyň harby talyplara döredijilikli çemeleşmesi olaryň bilimleriniň, başarnyklarynyň, endikleriniň çuňňur kemala gelmekligine ýardam berýär we bu görkeziji talybyň döredijilik güýjüni, zehinini we başarnyklaryny ösdürmegiň aýratyn ähmiýetli usulydyr. Bilim almak bolsa ruhy hem fiziki zähmetdir. Bilim fiziki hadysa hökmünde bellibir zerurlyk esasynda, täze aň-düşünjelere eýe bolmak maksady bilen amala aşyrylýar [6]. Täze bilimlere eýe bolmak üçin, ylmy nukdaýnazardan:

- Watanyň geljegini gurmaga gatnaşmak maksady bilen, ony ösüşiň indiki belentliklerine tarap özgertmäge gönükdirilen amaly işjeňligi;
- şahsyýetiň jemgyýetçilik durmuşynda bolup geçýän täzeliklere (ýagdaýlara, hereketlere) düşünmek üçin täze bilimleri özleşdirmegi;
- döredijilikli işlemegi, ýaşamagy, jemgyýete mynasyp goşulyşmagy üçin, daşky täsirleri kabul etmegi, döretmek bilen baglanyşykly estetiki işjeňligi, bellibir jemgyýetiň we şahsyýetiň gymmatlyk ugurlaryny özleşdirmegi ýaly anyk hereketleri (işi) talap edýär.

Harby ýokary okuw mekdeplerinde talyplaryň ukyp-başarnyklaryny kämilleşdirmek olaryň psihiki ösüşiniň esasy düzüjisi hökmünde öwrenilýär. Döredijilik ukyp-başarnygy bolsa tebigatdaky we durmuşdaky wakalaryň şahsyýet tarapyndan özboluşly özleşdirilmegi hem-de beýan edilmegidir. Her bir şahsyýetiň öz nukdaýnazary, öz görşi, kabul edişi esasynda hakyky durmuş wakalary (şol bir waka hem) dürlüçe suratlandyrylyp, oňa döredijilikli çemeleşilip bilner, çünki adamlaryň ählisiniň bilim-düşünjeleri, kabul ediş we beýan ediş ukyp-başarnyklary birmeňzeş bolmaýar. Mysal üçin, şekillendiriş sungatynda, şygryýetde, aýdym-saz sungatynda, döredijilik işinde, dolandyryjylykda we serkerdelik işlerinde hem-de beýlekilerde her bir şahsyýetiň görýän-eşidýän, beýan etmek isleýän zadyna aýratyn pikir-garaýyşlary bardyr. Psihologlar, alymlar şahsyýetiň “döredijilik ukyp-başarnygy” diýen adalganyň ylmy manysyna üns berýärler. Bu bolsa ylmy edebiýatlarda “döredijilik ukyp-başarnygy” diýen düşünjäniň aýratyn ugur hökmünde öwrenilmelidigi baradaky zerurlygy häsiýetlendirýär [2]. Alym L.S.Wygotskiý döredijilige täze bir zadyň döredilmegi hökmünde garaýan bolsa, S.D.Rubinşteýn degişli düşünjäni diňe bir “döretmek” hökmünde häsiýetlendirmän, eýsem, ony ylmyň, sungatyň we taryhyň bir bölegini özünde jemleýän täze, özboluşly bir zady döretmek hökmünde kesgitleýär [6]. Alymlaryň pikiriçe, talybyň döredijilik ukybyna düşünmek üçin, döredijilikli işiniň mazmunyndaky esasy taraplaryna: a) täzeçilligine; b) maksadalaýyklygyna; ç) gymmatlyk hökmündäki ornuna; d) döredijilik işiniň dowamlylygyna düşünilmegi zerurdyr.

Polýak suratkeşi Ý.Mateýko döredijilik işiniň düýp manysyny: “Ozaldan bar bolan tejribäni üýtgedip, täzeden gurmakdyr we onuň esasynda sazlaşykly ulgamy döretmekdir” [5] diýip düşündirýär. Öwrenilen ylmy çeşmelerden görnüşi ýaly, şahsyýetiň döredijilik ukybynyň iki görnüşi: a) ruhy işjeňlik; b) amaly işjeňlik tapawutlandyrylýar. Ruhy işjeňlik talybyň okap hem-de durmuşdan alýan bilimleri, düşünjeleri, täsirleri arkaly döreýär we ömrüniň dowamynda şahsyýetiň aňly-düşünjeli özleşdirmeleri netijesinde onuň psihologiýasyna ornaşýar. Amaly işjeňlik bolsa ömrüniň dowamynda psihologiýasyna ornaşýan bilim-düşünjeleriň, oňyn täsirleriň, onda dörän arzuw-hyýallaryň we meýilleriň şahsyýetiň indiwidual işi görnüşinde durmuşa ornaşdyrylmagydyr.

Ukyp-başarnyklylygyň käbir aýratynlyklary bardyr, ýagny harby talyplarda bu gündelik işleriň deň, çalt we düýpli, birkemsiz ýerine ýetirilmegidir. Ukyply hem başarnykly harby talyp üçin, guramaçylyk tarapyndan garalanda, islendik işi ýerine ýetirmegiň usullary ýeňildir we öz wagtynda özleşdirilýändir. Şonuň üçin-de, ukyplaryň, başarnyklaryň düýp manysy bilimleri, düşünjeleri, endikleri, ygtyýarlylyklary ele almagyň hem-de işiň üstünligini kesgitleýän akyl işjeňliginiň netijesinden ybaratdyr. Haýsydyr bir işi ýa-da işiň bir bölegini ýerine ýetirmegiň üstünligini we öndürijiligini kesgitlemeli bolsa, onda şol işi ýerine ýetirýän harby talybyň psihologik ýagdaýynyň aýratynlygy seljerilmelidir. Eger-de harby talybyň bellibir häsiýetleri haýsy-da bolsa bir işi zerur bolan wagt aralygynda özleşdirmäge mümkinçilik berýän

bolsa, onda şol talypda şol işi ýerine ýetirmäge bolan ukybyň bardygyny aňladýar.

Islendik ukyplaryň esasyny meýiller düzýär. “Meýiller” diýlip, adamyň dünýä inen we ösüş döwründe esasy tebigy (biologik) aýratynlyklaryny göz öňünde tutup ýetişmekligine düşünilýär. Bular, esasan, bedeniň gurluşynyň dogabitdi anatomik we fiziologik aýratynlyklary, işjeňlik motorikasy, duýgy agzalary, beýniniň newrodinamik, beýni ýarym şarlarynyň funksional assimetriýasynyň aýratynlyklary we ş.m. ýagdaýlar bilen kesgitlenýär. Meýiller ukyplary doly derejede öz içine almaýar we olaryň doly ösüşini kepillendirmeýär. Adamyň terbiýesine we işine baglylykda ukyplary üýtgäp biler (ýa-da bilmez). Dogry terbiýe we işjeňlik bolmadyk ýagdaýynda, hatda zerur meýiller hem ukyplara öwrülip bilmez., emma degişli terbiýe we işjeňlik bilen, kiçi meýiller hem ýeterlik derejede ukyplary ösdürip biler.

*Ukyp-başarnyk* şahsyýetiň tebigy meýilleriniň, endikleriniň jemidir. Meýilleri dogry guramak, terbiýelemek, öwrenmek we işjeňligi ýokarlandyrmak ýaly dogabitdi häsiýetleriň ýüze çykmasynda has-da ösýär. Şol bir wagtda, geljekki serkerdeler hünäri boýunça dürli harby çäreleri amala aşyrmak üçin, zerur bolan täze häsiýetleri harby işleriniň dowamynda hem ele alýarlar. Ukyp-başarnyklarynyň ösüş derejesine görä, işjeň adamlary başarnygy, zehini we ussatlygy boýunça tapawutlandyrmak bolýar. Başarnykly adamlar bellibir işi çalt özleşdirip bilýärler. Bu görnüşli adamlar ýokary netijeleri gazanýarlar we işlerine (amaly görnüşinde) döredijiligiň aýratynlygyny girizýärler.

*Zehin* işiň bellibir görnüşini üstünlikli özleşdirmek başarnygy bolup, şahsy ösüşiň ýokary derejesidir. Zehinli adam täze, özboluşly, bellibir derejede üýtgeşik bir zat döredýär. Şeýle-de bolsa, täze zat şahsyýetde bar bolan pikirleriň çäginde döreýär. Zehiniň ösmegi, bir tarapdan, başarnyklara, beýleki tarapdan, bellibir işiň görnüşine, islegiň artyşyna we zähmetiň guralyşyna baglydyr. Ukyplar iki görnüşdedir: a) umumy ; b) aýratyn.

Umumy ukyplara adamlaryň gündelik işlerinde bellibir derejede ýüze çykýan ukyplary mysal görkezmek bolýar. Olaryň mysalynda öwrenmek ukybyny, adamyň umumy akyl ýetirişini we işlemek (zähmet çekmek) ukybyny aýtmak bolýar. Olar işiň her bir ugrunda zerur bolan umumy başarnyklara esaslanýarlar.

Aýratyn (indiwidual) ukyplar işiň aýratyn ugurlarynda (akyl, bilim, döredijilik, takyk we ş.m.) aýdyň ýüze çykýar. Umumy ukyplar aýratynlykda, bellibir işe bolan ukyplarda ýüze çykýar. Şol bir wagtda, aýratyn ukyplaryň ösmegi bilen olaryň umumy taraplary hem ösýär. Netijede, ukyplaryň özara baglydygyny aýtmak bolar. Bilim we döredijilik ukyplarynyň biri-birinden tapawutlanýandygyny bellemek bolar, sebäbi *birinjisi* okuwyň we bilimiň üstünligini, adamyň bilimlerini, başarnyklaryny, başarnyklarynyň doly özleşdirilmegini we şahsy häsiýetleriň kemala gelmegini kesgitleýär. *Ikinjisi* agzalan häsiýetleriň döredilmegini kesgitleýär. Maddy we ruhy medeniýetiň obýektleri täze pikirlerde, açyşlaryň we eserleriň döredilmeginde, bir söz bilen aýdylanda, adam işjeňliginiň dürli ugurlarynda aýratyn döredijilik häsiýetlerde jemlenendir. Döredijilik köp häsiýetleri özüne birleşdirýär. Adamyň döredijilik mümkinçiliginiň düzüm bölekleri baradaky sorag häzire çenli açyklygyna galýar, bu mesele bilen baglanyşykly birnäçe täze çaklamalar hem orta atylýar. Ýokarda agzalan alymlar ylmy işlerinde döredijilik işjeňlik ukybyny, ilkinji nobatda, pikirleniş aýratynlyklary bilen baglanyşdyrýarlar. Hususan-da, adam aňyny ösdürmek meselelerini öwrenmek boýunça meşhur amerikan psihology Guilford döredijilik adamlarynyň dürli ugurlar boýunça pikirlenmegi bilen häsiýetlenýändigini anyklady.

Bu hili pikirlenýän adamlar bir meseläni çözenlerinde, ähli güýjüni ýeke-täk dogry çözgüt tapmaga jemlemän, mümkin boldugyça, köp görnüşleri gözlemek üçin ähli ugurlarda çözgüt gözläp başlaýarlar. Şeýle adamlar, köplenç, kölepleriň bilýän we diňe bellibir usulda ulanýan elementleriniň täze kombinasiýalaryny emele getirýärler ýa-da ilkinji seredişde umumylygy bolmadyk iki elementiň arasynda baglanyşyk döredýärler. Dürli pikirleniş usuly aşakdaky aýratynlyklar bilen häsiýetlendirilýän döredijilikli pikirlenmäniň esasyny düzýär:

1. Harby talybyň pikirlenişinde tizlik, pikirleriň iň köp sanyny beýan etmek ukyby (bu ýagdaýda pikirlenmäniň hili möhüm däl, mukdary möhüm).
2. Dürli pikirleri beýan etmek ukybynyň çeýeligi.
3. Özboluşlylyk, täze standart däl pikirleri döretmek ukyby (bu umumy kabul edilenlere gabat gelmeýän jogaplarda we çözgütlerde ýüze çykyp biler).

**Netije.** Harby ýokary okuw mekdeplerinde talyplaryň ukyp-başarnyklarynyň ösdürilmeginiň

üsti bilen döredijilik işini ösdürmek bolar. Harby talyplaryň ukyp-başarnyklaryny ösdürmäge gönükdirilen köp basgançakly psihologik we pedagogik işiň düýp manysyna, mazmunyna garalanda, geljekki hünärmenleriň wezipelerini ýerine ýetirmek üçin, söweşjeň taýýarlygyny ýokarlandyrmagyň bähbidine daşky gurşawdan alynýan dürli maglumatlary we emelleri öz wagtynda öwrenmek, olara uýgunlaşmak, meňzemek (assimilýasiýa), böleklere bölmek, gaýtadan baha bermek we üýtgetmek bilen baglanyşykly taraplaryny hasaba almak bolar. Harby talyplary işine ökde hünärmenler edip ýetişdirmekde olaryň ukyp-başarnyklaryny döredijilik işi bilen utgaşdyran ýagdaýymyzda, biziň bellibir maksada gönükdirilen işimizde täze üstünlikleri gazanmaga mümkinçilikler döreýär.

## EDEBIÝAT


1. *Serdar Berdimuhamedow.* Ýaşlar – Watanyň daýanjy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2023.
2. *Basarow B.* Umumy psihologiýa. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – Aşgabat: TDNG, 2010.
3. *Durdyýew H.* Gözellik. – Aşgabat: “Magaryf”, 1993.
4. Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi. I tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.
5. Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi. II tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.
6. *Анохин П.К.* Проблемы принятия решения. – Москва: «Наука», 1976.
7. *Пономарёв Я.А.* Развитие проблем научного творчества в советской психологии. – Москва: «Наука», 1971.
8. *Пономарёв Я.А.* Психология творчества. – Москва: «Наука», 1976.
9. *Рапацевич Е.С.* Психолого-педагогический словарь. – Минск, 2006.
10. *Рапацевич Е.С.* Педагогика: Большая современная энциклопедия. – Минск, 2005.


**B. GOCHOV**

**THE PSYCHOLOGICAL CONTENT AND CREATIVE ACTIVITY OF MILITARY STUDENTS' ABILITIES AND SKILLS**

The research paper considers the issue of developing creative work of the military students studying at the military higher educational institutions through revealing their abilities and skills. Considering the basis of multi-stage psychological and pedagogical work aimed at developing abilities and skills of military students, it can be said that they combine purposeful actions related to the timely study, assimilation (division into parts), reassessment and transformation of various information and actions received from the environment in the interests of improving military training for the performance of tasks of the future specialists. The skills and abilities, combined with creative work, create new opportunities.

**Б. ГОЧОВ**

**ПСИХОЛОГИЧЕСКОЕ СОДЕРЖАНИЕ И ТВОРЧЕСКАЯ АКТИВНОСТЬ УМЕНИЙ И НАВЫКОВ ВОЕННЫХ КУРСАНТОВ**

В данной научной статье рассматривается вопрос развития творческой деятельности курсантов высших военных учебных заведений через раскрытие их способностей и навыков. Анализ основ многоуровневой психолого-педагогической работы, направленной на развитие способностей и навыков курсантов, позволяет констатировать, что в интересах повышения боевой подготовки для выполнения задач будущими специалистами она аккумулирует в себе целенаправленную деятельность по своевременному изучению, ассимиляции (структурированию), переоценке и трансформации различных сведений и методов, поступающих из внешней среды. Интеграция же способностей и навыков с творческой деятельностью открывает новые возможности.

***Begenç Goçow,*** **Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynyň uly mugallymy.**

**Makalany ýollan: Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby instituty.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 25-nji marty.**

# “TARIHI MÜBÄREK-ŞAHI” – OGUZ TÜRKMENLERINIŇ TARYHYNY ÖWRENMEKDE GYMMATLY ÇEŞME

*Türkmenleriň esaslandyran Deli soltanlygynyň köşk taryhçysy Fahreddin Mübärek tarapyndan ýazylan “Tarihi Mübärek-şahi” (“Mübärek şanyň taryhy”) atly eser orta asyrlardaky oguz türkmen döwletleriniň geneologiýasy, däp-dessurlary, döwlet gurluşy barada gymmatly maglumatlary özünde jemleýän düýpli eserdir. Bu eser alymlara türkmen halkynyň emele gelşi, ondaky taryhy nesilden-nesle geçijilik we milli kökleriň çuňlugy barada gymmatly maglumatlary berýär we türkmen halkynyň emele gelşiniň jikme-jikliklerini yzarlamaga mümkinçilik döredýär.*

Fahreddin Mübärekşa Merwerudynyň “Tarihi Mübärek-şahi” eseri Deli soltanlygynyň taryhy hem-de oguz türkmenleri hakynda hiç bir çeşmede duş gelmeýän maglumatlary özünde jemleýär. Fahreddiniň taryhy ýazmak usuly özünden öňki musulman awtorlarynyň eserlerine meňzeş bolsa-da, mazmunynyň gysgalygy hem-de diliniň ýeňil bolmagy bilen aýratyn tapawutlanýar. Awtoryň özi syýahatçy däl, şonuň üçin hem eserinde beýan edilýän gymmatly maglumatlar onuň öz döwrüniň esasy çeşmelerinden peýdalanandygyny görkezýär. Fahreddiniň bu eseri diňe bir oguz türkmenleriniň taryhyny öwrenijiler üçin däl, eýsem, etnografiýa, geografiýa, edebiýat we lingwistika bilen meşgullanýan alymlar üçin hem gymmatly çeşmedir.

Ylmy jemgyýetçilik bu eser bilen 1922-nji ýylda Denison Ross tarapyndan professor E.G.Brownäniň hormatyna ýazylan “Ajapnama” ýygyndysyndaky “Fahreddin Mübärek şanyň şejeresi” atly makalasynyň üsti bilen tanyşdy [6, 392 – 413 s.]. D.Ross eserinde bu golýazmanyň pars dilindäki nusgasynyň A.G.Ellis tarapyndan 1912-nji ýylda Londonda satyn alnandygyny we ondan bu eseri öwrenmek maksady bilen peýdalanandygyny belleýär. D.Ross bu işindäki belliklerinde golýazmanyň terjimesini neşir etjekdigini aýtsa-da, 1927-nji ýylda eseriň terjimesine derek golýazmanyň 125 sahypasynyň diňe başky 55 sahypasyny neşir edýär. Ol Londondaky bu golýazmany XV – XVI asyrlar bilen seneleýär.

Bu taryhy eseriň awtory Fahreddin Mudabbir ady bilen hem tanalýan Fahreddin Mübärekşadyr. Onuň asly, adyndan hem belli bolşy ýaly, Murgabyň orta akymlarynda ýerleşen orta asyrlar türkmen şäheri bolan Merwerutdan bolupdyr. Onuň ömür ýoly hakynda känbir maglumat gelip ýetmändir, ýöne onuň 1150 – 1157-nji ýyllar aralygynda doglandygy çaklanylýar. Taryhy çeşmelere görä, Mübärekşa Owganystandaky daglyk Gur döwletiniň hökümdarlarynyň ynamdar wekilleriniň biri bolupdyr. Bu barada orta asyrlar taryhçylarynyň işlerinde hem birnäçe maglumata duşmak bolýar. Taryhçy Ibn al-Asiriň “Kämil taryh” (XIII asyr) atly eserinde bu aýdanlarymyzy tassyklaýan maglumatlar getirilýär. Eserde: “Gyýaseddiniň ýanynda Fahreddin Mübärekşa atly bir adam bardy. Ol Gyýaseddine pars goşgularyny okap bererdi. Fahreddin Mübärekşa köp ýurtlarda bolup, örän köp ulamalar bilen duşuşardy, pikir alşardy. Onuň özi hem köp ylymlardan baş çykarýan ulamalaryň biridi. Bir gün ol Gyýaseddini Wahydeddin Abylfath Muhammet ibn Muhammet Merwerudy diýilýän şapygy mezhebiniň alymy bilen duşurdy” [3, 89-90 s.] diýip bellemegi onuň Kyýaseddin Muhammet Gurla (1163 – 1203) ýakyn adam bolandygyny aňladýar. Eseriň dowamynda onuň ýogalan wagty bilen baglanyşykly maglumatlar hem getirilýär: “Bu ýylyň (602-nji hijri.) Baýram aýynda Fahreddin Mübärekşa ibn Hasan Merwerudy wepat boldy. Ol arap we pars dillerinde erkin gürläp, goşgy ýazan adamdy. Gazna hökümdary oňa öz ýanynda uly öý gurup berdi. Bu öýüň içinde kitaphana, myhman otag we küşt oýnalýan otag bardy. Ylymly adamlar myhman otagda ylmy jedellere girerdiler. Ylymdan baş çykarmaýanlar bolsa küşt oýnardylar” [3, 136 s.]. Ibn al-Asiriň bellemegine görä, taryhçy 1205 – 1206-njy ýylda ýogalypdyr, emma onuň “Uruş alyp barmagyň hem-de edermenligiň kada-kanuny” (“Adab al-harb Wa-ş-şujat”) atly eserinden çen tutsak, onda onuň bu ýyllarda ýogalmandygy belli bolýar, sebäbi Fahreddin Mübärekşanyň bu eserini türkmenleriň Hindistandaky Deli soltanlygynyň hökümdary Şemseddin Iltutmuşa (1211 – 1236) sowgat berendigi bellidir. Bu bolsa taryhçynyň 1211-nji ýyldan öň ýogalmandygyny aňladýar. Rus awtory I.I.Umnýakow hem özüniň ylmy makalasynda taryhçynyň ýogalan döwrüni anyk düşündirmese-de, onuň bu ýyllarda ýogalandygyny tassyklaýar [4, 108 s.].

1260-njy ýylda Minhajuddin Juzjany tarapyndan ýazylan, Deli soltanlygynyň taryhyna degişli hem-de gymmatly çeşmeleriň biri “Tabakati Nasiri” atly eser-




de hem Fahreddin Mübärekşa hakynda agzalyp geçilýär. Eserde: "Şuny mälim etmek gerekdir ki; Gudraty güýçli şuglasy bilen söz ussady Möwlana Fahreddin Mübärekşa Merwerudynyň gubruny nurlandyrsyn! Ol bu neberäniň hökümdarlarynyň nesil daragtyndaky hünjüleri "şygyr ýüpüne" düzdi we şol hünjüleri ussatlyk bilen yzygiderli düzüp, şol ýüpi köşgüň meşhur hökümdary Zuhakyň balykgulak gabyna ýerleşdirdi. Şeýlelik bilen, soltan Zuhakyň ata-babalarynyň nesil daragty sanalyp geçildi" [5, 300-302 s.] diýmek bilen, Fahreddini Gurly hökümdarlaryň şejeresini şygyr görnüşinde ýazan awtor hökmünde belläp geçýär hem-de ol bu eseri 1205 – 1206-njy (602-nji hijri) ýylda hökümdaryň kitaphanasynda görendigini aýdýar. Denison Rossuň pikirine görä, Ellisiň satyn alan bu golýazmasy Juzjanynyň şol gören eseriniň göçürmesidir [6, 394 s.]. Ýöne ol özüniň bu pikirini tassyklaýan hiç hili delil getirmeýär. Minhajuddin Juzjanynyň eserinde Mübärekşanyň bu "nesil daragtyny" Gyýaseddine bagyşlaýandygy nygtalýar. Aslynda, bu eser Kutubeddin Aýbege bagyşlanandyr. Hakykatdan-da, awtor başda bu eseri Gyýaseddine (Muizeddin) sowgat bermek islese-de, 1206-njy ýylda onuň ýogalmagy netijesinde, Kutubeddine sowgat berýär. Juzjanynyň bu eserini pars dilinden iňlis diline terjime eden Rawerty bir taryhçynyň Fahreddiniň eserinden bir ýerini peýdalanandygyny, emma onuň mazmunynyň giňligi sebäpli, kitapda görkezmändigini belleýär [5, 302 s.]. Orta asyrlar pars taryhçysy we geografy Handemiriň (1475 – 1536) "Habib us-Siýar" eserinde hem Mübärekşa hakynda maglumatlar berilýär. Eserde: "Şahyrlaryň arasynda "Al-Madkhal al-Manzum fi Bahr-in-Nujum" atly astronomiýa degişli eserden habarly ýazyjy hem Mübärekşa Guridir. Ol Gyýaseddiniň döwürdeşi bolup, bu barada öwgüli eserleri ýazypdy" [6, 394 s.] diýlip beýan edilýär.

Eseriň golýazmasynyň baş sahypasynda awtoryň eseriň üstünde on iki ýyl işländigi hem-de ony taryhy edebiýatlarda Muhammet Gurly ady bilen tanalýan soltan Şyhabeddin Gurla sowgat bermek islese-de, 1206-njy ýylda onuň öldürilmegi netijesinde, häkimiýete gelen Kutubeddin Aýbege berlendigi aýdylýar. Şeýle hem, soltan Aýbegiň bu sowgady kätiplerinden birine nusgasyny köpeltmek üçin tabşyrandygy nygtalýar [6, 392 s.].

Taryhçy bu eserinde hökümdar Şyhabeddin Muhammet Gurlynyň (Muizeddin Muhammet ibn Sam hem diýilýär) hem-de Kutubeddin Aýbegiň gelip çykyşlary we hökümdarlyk eden döwürleri barada gymmatly maglumatlary berýär. Taryhy maglumatlardan belli bolşy ýaly, Şyhabeddin Muhammet Gurly 1186-njy ýylda gaznalylar nesilşalygynyň iň soňky wekili Hysrow Mäligi häkimiýetden agdarýar. Şeýlelikde, Owganystanyň we Hindistanyň çäklerinde gurlular nesilşalygy häkimiýete gelýär. Fahr Mudabbir bu wakalaryň üstünde durmak bilen, soltan Şyhabeddin Muhammediň Gazna şäherini eýelemeginden soňra bu ýerde birnäçe özgertmeleri geçirendigini belleýär. Şol sanda, awtor Şyhabeddin Muhammet Gurlynyň döwründe Kutubeddin Aýbegiň gul hökmünde oňa satylandygyny nygtap geçýär. Kutubeddin Gur döwletiniň paýtagtyna getirilmezinden öň, Nişapuryň meşhur alymy we dini ulamasy hasaplanýan ymam Abu Hanifaniň şägirtlerinden bolan Kazy Fahruddin Kufiniň elinde bolandygyny we şol döwürde ondan köp zatlary öwrenendigini belleýän Fahr Mudabbir bu barada: "Türkmenler oýunlarda, ýaryşlarda, nardy we küşt oýnamakda tapawutlanýan bolsalar, ol [Aýbeg] Kuran okaýşy bilen tapawutlanýar" [6, 397 s.] diýip nygtaýar. Kutubeddin Aýbegiň gul hökmünde getirilip, soňlugy bilen bolsa hökümdarlyga çenli ýetmegini taryhçy türkmenlere mahsus adaty häsiýet hökmünde suratlandyrýar. Ol bu barada şeýle mysaly getirýär: "Eger kimdir biri türkmenleriň paýyna düşen şöhrat-hormatyň we işi rowanlygynyň syrynyň nämededigini soran ýagdaýynda, jogap şeýle bolar: "Mälim bolşy ýaly, her kim öz halkynyň we taýpasynyň içinde bolan wagty, sylag-hormatdan peýdalanýar, emma ýat ýerlere gidende bolsa, ejiz ýagdaýa düşýär we öňki hormaty gazanyp bilmeýär. Ýöne bu ýagdaý türkmenlere degişli däldir. Sebäbi türkmenler öz ýurtlarynda, ildeşleriniň arasynda ýaşap ýören mahallary, adaty ýagdaýda gezýärler, emma öz ýerlerinden näçe daşlaşyp, başga bir taýpanyň ýa-da halkyň içine düşende, onuň abraýy ýokarlanýar we serkerde, hatda emir derejesine çenli ýetýär.

Ir döwürlerden şu wagta çenli bir zat berlip satyn alnan hiç bir gul türkmenler ýaly hökümdarlyk dere-

jesine ýeten däldir” [6, 403 s.]. Awtoryň getiren bu mysaly diňe bir meňzetme däl-de, taryhy hakykatdyr, sebäbi Kutubeddin Aýbegden başga-da, taryhda birnäçe türkmen hökümdarlarynyň ykbaly şeýle bolupdyr. Muňa Müsürdäki ilkinji türkmen döwleti bolan Tulunylar nesilşalygynyň düýbüni tutan Ahmet Tuluny (835 – 884), Ildeňziler döwletiniň hökümdary Şamseddin Ildeňzi (1175-nji ýylda ýogalan) we başga-da birnäçe hökümdarlary mysal getirmek bolar. Fahri Mudabbir türkmenleriň bu belent mertebesini, edermenligini hem-de gaýduwsyzlygyny rowaýaty hökümdar bolan Afrasiýabyň sözleri bilen delillendirýär: “Türkmenler edil deňiz balykgulagynyň içindäki gymmat bahaly düre meňzeýär. Sebäbi dür deňziň düýbündekä ähmiýetsiz, emma ýüze çykanda bolsa, belli bahasy bolmaýar. Ol dürler patyşalaryň täçleriniň, tagtlarynyň hem-de köşk gelinleriniň boýunlarynyň, gulaklarynyň bezegine öwrülip, olaryň gözelligini has-da artdyrýar” [6, 403 s.].

Taryhçy türkmenleriň artykmaçlyklarynyň sebäbini ýurduň syýasy-geografik ýerleşişi bilen hem baglanyşdyrýar (bu ýerde Türküstan göz öňünde tutulýar). Türküstanyň gündogarynda Hytaý, günbatarynda bolsa Rumuň ýerleşmegi söwda gatnaşyklarynyň ösüşine öz goşandyny goşupdyr. Onuň nygtaýan bu araçägi beýleki geograflaryň işleri bilen hem gabat gelýär. Şeýle hem, bu ýerde öndürilýän ýokary hilli önümler gymmat bahadan satylypdyr. Bu harytlaryň, esasan, hytaý ýüpekleri, dürli reňkli matalar, şol sanda, türkmen matalary, tibet öküzleri, owadan türkmen atlary, dürli görnüşli düýeler we ş.m. bolandygy bellenilýär.

Fahreddin Mübärekşanyň bu gymmatly işiniň esasy ähmiýetli tarapy eserde oguz türkmenleriniň gadymy taýpalarynyň sanawynyň getirilmegidir. Taryhdan belli bolşy ýaly, oguzlaryň nesil daragty hakynda Mahmyt Kaşgarlynyň “Diwani lugat at-türkünde” (XI asyr), Reşideddiniň “Oguznamasynda” (XIV asyr), Ýazyjy ogly Alynyň “Seljuknamasynda” (XV asyr) hem-de Abul Gazynyň “Şejereýi terakimesinde” (XVII asyr) we ş.m. birnäçe eserde giňişleýin hem-de ygtybarly maglumatlar berilýär. Bularyň içinde Mahmyt Kaşgarlynyň we Reşideddiniň eserleri biri-birinden biraz tapawutlanýan bolsa, ondan soňky döwürde ýazylan işler Reşideddiniň “Oguznamasyndan” gözbaş alypdyr. Fahreddin Mübärekşanyň eseri Mahmyt Kaşgarlynyňkydan, takmynan, 130 ýyl soň, Reşideddiniňkiden bir asyr öň ýazylyp, mazmuny taýdan bulardan tapawutlanýandyr.

Awtor, türkmen taýpalarynyň diýseň köplügi sebäpli, olaryň hemmesini öwrenmegiň mümkin däldigini, ýöne muňa garamazdan, iň esasy taýpalarynyň sanawyny yzygiderli getirýändigini belleýär. Eserde sanaw şeýleräk getirilýär:

| | | |
|---|---|---|
| 1. Türk | 22. Kamiçi | 43. Ýazyr |
| 2. Ýimak | 23. Kiýmak | 44. Ruker (Dükür) |
| 3. Kirkiz | 24. Hazar | 45. Baýindur |
| 4. Karluh (k) | 25. Kara-Hazar | 46. Ala Ýindilik |
| 5. Jigil (Çigil) | 26. Gypjak | 47. Ogur (Uýgur) |
| 6. Anmor (Imir) | 27. Alti Kujat | 48. Togork (Tugrak) |
| 7. Karluh (k) | 28. Peçenek | 49. Baýat |
| 8. Kynyk | 29. Ogul | 50. Toturga |
| 9. Ýagy | 30. Setik | 51. Dojeýran |
| 10. Saluk (r) | 31. Sutuk | 52. Soýuk |
| 11. Halaj | 32. Tatar | 53. Ýebagu (Ýabgu) |
| 12. Oguz | 33. Kara Tatar | 54. Afşar |
| 13. Hita | 34. Kynkli | 55. Bekriz |
| 14. Gaýi | 35. Bargu | 56. Begdili |
| 15. Urus | 36. Guz | 57. Ikba |
| 16. Kaý | 37. Kara Gur | 58. Otkuk |
| 17. Uran | 38. Toguz Guz | 59. Lazetra |
| 18. Nahsi (Tokhsin) | 39. Ýagma | 60. Aril |
| 19. Tibet | 40. Arakun | 61. Lurtilk |
| 20. Kara Tibet | 41. Kaýk | 62. Basmil |
| 21. Suklaý | 42. Salgir | 63. Al Barsahan |

(Ylmy makalada bu sanawy has hem anyk görkezmek maksady bilen, D.Ross tarapyndan neşir edilen golýazmadan peýdalanyldy). Denison Rossuň ylmy makalasynda bu sanaw 64 sany bolsa-da, asyl golýazmada olaryň 63-si berilýär. Şeýle-de, taýpalaryň 6-synyň gaýtalanýandygyny nazara alsak, onda jemi 57 sany türkmen taýpasynyň getirilmegi eseriň ähmiýetini has-da artdyrýar. Bu bolsa geljekde bu sanawy ylmy taýdan öwrenmegiň zerurdygyny görkezýär.

Mahmyt Kaşgarly oguz taýpalarynyň sanawyny öz döwründäki syýasy ýagdaýa görä tertipde getiren bolsa, Reşideddin gadymy döwürdäki syýasy ýagdaýy nazara alypdyr. Mysal üçin, Mahmyt Kaşgarlynyň döwründe Seljukly döwletiniň syýasy abraýynyň ýokary bolandygy üçin kynyk taýpasyny sanawda birinji getirýär. Reşideddin bolsa sanawy bozoklar we üçoklar görnüşinde bölüp, gaýy taýpasyny birinji getirýär. Emma Mübärekşanyň getirýän sanawy ikisinden hem tapawutlanýar. Faruk Sümeriň pikirine görä, Mübärekşa oguz taýpalarynyň sanawynyň käbirini kitaplardan peýdalanyp ýazan bolsa, beýlekilerini ylym adamlaryndan eşidipdir [2, 225 s.].

Fahreddin Mübärekşanyň bu eserinde diňe bir oguz türkmenleriniň taryhy barada gymmatly mag-

lumatlar bolman, eýsem, türkmen dili hakynda hem başga hiç ýerde duş gelmeýän maglumatlar berilýär. Ýokarda belleýşimiz ýaly, Mübärekşa diňe bir taryh bilen däl-de, eýsem, döredijilik bilen hem meşgullanypdyr. D.Rossuň ylmy makalasynda Fahreddin Mübärekşanyň taryhy eseriniň iňlis dilinde beýan edilýändigine garamazdan, onuň bir goşgusy pars elipbiýinde getirilipdir. Megerem, ol bu goşgynyň terjimesini pars dilinden gözläp, bellibir netijä gelip bilmedik bolsa gerek. Sebäbi Mübärekşanyň bu goşgusyny okanyňda, pars dilinde däl-de, türkmen dilinde ýazylandygyny görmek bolýar. Bu goşgynyň diňe bir bentden ybaratdygyna garamazdan, bize türkmen diliniň taryhyny öwrenmäge mümkinçilik döredýär. Onuň goşgusy şeýle beýan edilýär: *Wa'de berusan ne-w-üçin kelmes sen // Söz ýalganini menin bile koýmes sen // Ýüzün gün we saç tün kara kormes sen // Yşkynda kararsiz aý ajeb bilmes sen* [6, 406 s.].

Fahri Mudabbiriň bu taryhy eserinde türkmen diline degişli başga-da gymmatly maglumatlar getirilýär. Ol türkmenleriň beýleki halklardan üstünlikleriniň başga sebäpleriniň bardygyny şeýle düşündirýär: “Halk arap dilinden soň dilleriň iň haýbatlysyny we naýbaşysyny türkmen dili hasaplaýar. Sebäbi döwrüň iň güýçli serkerdeleri we emirleri türkmenlerdir. Olar örän zehinli we gurpludyrlar, köp asylzadalar olaryň hyzmatyndadyr. Şol sebäpden, bu dili bilmek her kime zerur bolup durýar” [6, 405 s.]. Şeýle hem, ol türkmen alymlarynyň birnäçe kitaplarynyň bolup, olaryň astronomiýa ýaly ylymlar bilen hem meşgullanandyklaryny belleýär. Bu döwürde çagalara hat ýazmak kiçilikden öwredilipdir. Taryhçynyň bu eserinde türkmen hatdatlyk sungaty hakynda-da gymmatly maglumatlar berilýär. Ol türkmenleriň iki sany hatynyň bardygyny, olaryň biriniň “sogdy”, beýlekisiniň bolsa “toguz guz” (dokuz oguz) diýlip atlandyrylýandygyny belleýär. Sogdy haty 25 harpdan, dokuz oguz haty bolsa 28 harpdan ybarat bolupdyr. Hatlaryň sagdan çepe ýazylýandygy bellenilip, olaryň arap elipbiýi boýunça yzygiderliligi görkezilýär. Şeýle-de, sogdy hatynda üç sany harpyň (dad, za, gaýn) ýokdugyny belleýär.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Hakyda göwheri. – Aşgabat: TDNG, 2024.
2. *Faruk Sümer.* Oguzlar (türkmenler). Tarihleri-boy teşkilati-destanlari. – Istanbul, 1999.
3. Kämil taryh. III tom. – Aşgabat: “Miras”, 2005.
4. *Умняков И.И.* История Фахрэддина Мубаракшаха Вестник древней истории. – Москва, 1938.
5. *Rawerty H.G.* Tabakati nasiri: a general history of the Muhammadan dynasties of Asia including Hindustan. – New Delhi, 1881.
6. *Ross D.* The genealogies of Fakhr-ud-din Mubarek Shah. A.Volume of Oriental Studies presented to Prof. E.G.Browne. – Cambridge, 1922.


**R. CHARYMYRADOV**

## THE WORK “TARYHY MUBAREK-SHAH” – A VALUABLE SOURCE FOR STUDYING THE HISTORY OF THE OGHUZ TURKMEN TRIBES

The work “Taryhy Mubarek-shah” written by the court historian of the Delhi Sultanate founded by the Turkmens in India, Fahreddin Mubarak Shah (13th century), serves as a valuable source in the study of the centuries – old history of our people. This work was presented as a gift to the ruler of the Sultanate, Kutbeddin Aýbek.

**Р. ЧАРЫМЫРАДОВ**

## ПРОИЗВЕДЕНИЕ «ТАРИХИ МУБАРЕК-ШАХИ» – ЦЕННЫЙ ИСТОЧНИК ПО ИЗУЧЕНИЮ ИСТОРИИ ТУРКМЕНО - ОГУЗСКИХ ПЛЕМЁН

Произведение «Тарихи Мубарек-шахи», написанное придворным историком основанного туркменами в Индии Делийского султаната Фахреддином Мубарекшахом (XIII в.), служит ценным источником в изучении многовековой истории нашего народа. Это произведение было преподнесено в дар правителю султаната Кутбеддину Айбеку.

***Resulmyrat Çarymyradow*, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymy.**

**Makalany ýollan: Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 23-nji fewraly.**

# MAŞGALA BITEWÜLIGINI GORAMAKDA PSIHOLOGIK HYZMATLARYŇ ÄHMIÝETI

*Häzirki döwürde maşgala bilen baglanyşykly meseleler ykdysadyýet, hukuk, etika, demografiýa, etnografiýa, psihologiýa, pedagogika ýaly köp sanly ylymlar tarapyndan öwrenilýär. Bularyň her biri, öz öwrenýän ugurlaryna laýyklykda, maşgalanyň ýaşaýşynyň degişli taraplaryny ýüze çykarýar. Şunuň bilen baglylykda, maşgala we nika, maşgalada är-aýalyň psihologik gatnaşyklary, çaga terbiýesi barada-da gürrüň etmek derwaýysdyr. Jemgyýetiň dürli maşgalalaryň jeminden düzülýändigi sebäpli, maşgala terbiýesi ählumumy derejede hemişe, hemmeler tarapyndan üns berilýän meseleleriň biridir.*

Alym Arkadagymyz: "Türkmençilikde agzybirlik öýüň baş döwletidir. Agzybirlik maşgaladaky terbiýäniň özenini düzýär. Maşgalada özara gadyrly gatnaşygyň kemala getirilmegi jemgyýetiň jebisleşmegine täsir edýär. Maşgala agzalarynyň gatnaşyklarynyň özboluşly ulgamy soň jemgyýetde ula sarpa, kiçä hormat goýmak, zenan maşgalalara garaýyş babatdaky esaslary özünde jemleýär" [1, 251 s.] diýip, maşgala gatnaşyklarynyň süňňündäki birek-birege bolan hormat-sylagyň sagdyn gatnaşykly kämil jemgyýeti döretmekdäki ähmiýetiniň pelsepesini aýdyňlaşdyrýar.

Türkmen maşgalasynda är-aýalyň özara düşünişmegi, sylanyşygy esasynda çagalaryň hersiniň öz mertebesi saklanylýar, hormat-sarpasy belent tutulýar. Şu mukaddes gatnaşyklar maşgala durmuşynyň berkligini saklaýan kadalardyr. Şeýle maşgalada agzybirlik, rysgal-döwlet barha berkemek, artmak bilen bolýar. Bu maşgalada terbiýe alan perzentler ilhalar adamlar bolup ýetişýär.

Halkymyza mahsus bolan sabyrlylyk, geçirimlilik, wepalylyk, edep-haýalylyk ýaly häsiýetler maşgalany, är-aýal gatnaşyklaryny berkidýän ata-baba ýörelgelerdir. Maşgalanyň abraýy ähli zatdan ileri tutulýar. "Är-aýalyň urşy, ýaz gününiň ýagşy" diýlişi ýaly, maşgalada ýüze çykýan dartgynlygyň, är-aýal dawasynyň tiz ýatdan çykarylmagy hem geçirimlilikden, göwnü päklikden, hoşniýetlilikden nyşandyr.

Elbetde, är-aýalyň arasyndaky gatnaşyklar ilkibada hemme maşgalada öz-özünden ugrugyp gidibermeýär. Olaryň biri-biriniň dünýäsine düşünmegi üçin wagt gerek. Maşgala bolup ýaşaşylmagy, ysnyşylmagy netijesinde bu gatnaşyklar kem-kemden kämilleşýär. Birek-biregiň derdini paýlaşmak, ýetmezçiliklerine "göz ýummagy" başarmak, geçirimli bolmak är-aýal gatnaşyklarynyň özenidir. Maşgala gatnaşyklarynda birek-birege gadyrly bolmak, hatda dünýägaraýşyň deň gelmedik halatynda-da düşünişmäge ýer goýmak, pähimlilik maşgala binýadyny has-da berkidýär.

Şeýle düşünişmekligi hemme maşgalada, gynansak-da, gazanyp bolmaýar. Är-aýalyň birek-birege düşünmäge çalyşman, tersine, öz diýenini gögertjek bolmagy, özüniň bähbidini ýanýoldaşynyňkydan ýokarda goýmagy maşgaladaky düşünişmezlikleriň esasy sebäpleriniň biridir. Onuň soňy maşgalanyň dargamagyna getirip biler. Düşünişmezlik sowuk-salalyga, birek-birekden daşlaşmaklyga, durmuşyň manysyny başga zatlardan gözlemeklige, dürli kesellere getirýär. Şeýle ýagdaýda adam öz aýdýan sözlerine üns bermän, gaharyna kellesine gelen sözleri aýdýar, gödek hereketleri edýär.

Maşgaladaky düşünişmezlikleriň esasy sebäpleri şular hasaplanylýar:

– maşgaladaky aýalyň hem-de erkek adamyň ýerine ýetirmeli işleri, olaryň hukuklary we borçlary babatda är-aýalyň hersiniň bir pikire uýmagy; birek-birege düşünişmeklige däl-de, talap etmeklige gulluk edip ýaşalmagy;

– maşgala gurulmazdan öň, ýaş juwanlaryň öz kemçiliklerini görmän, diňe gowy häsiýetlerini görmekleri, maşgala guranlaryndan soň, bolgusyz zatlar üçin sowaşmagy, garaşýan zatlarynyň çykmazlygy, şonuň netijesinde nikanyň mähir-muhabbetiniň kemelmegi;

– öýke-kine, birek-biregiň mertebesiniň peseldilmegi, ynamsyzlyk, sylamazlyk;

– maşgalabaşynyň zyýanly endiklere ýüz urmagy netijesinde maşgalanyň maddy ýagdaýyna zyýan ýetirilmegi;

– birek-birek bilen içki syryňy paýlaşyp bilmezlik.

Dogry oturyp, iç döküşmek, isleg-arzuwyňy açyk aýdyp bilmek, şatlygyňy-gaýgyňy deň paýlaşmak ýaly ynsanperwer häsiýetlere uýup ýaşaýan maşgalada mydama agzybirlik höküm sürýär. "Agzybire Taňry biýr..." diýlişi ýaly, şeýle maşgala bagtly, hemmeleriň höwes edýän durmuş ýörelgesi.

Emma käbir maşgalada häli-şindi düşünişmezlik ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýda bu näsazlygy öz wagtynda düzetmekden gaçman, eýsem, meseläniň esasy sebäbini bilmelidir, ony akylly-başly çözmelidir. Sebäbi meseläni ula ýazdyrmazlyk üçin, ondan gaçmaklyk düşünişmezligi has-da çuňlaşdyrýar. Netijede, maşgaladaky dartgynlylyk uzaga çekýär, kähalatlarda ýagdaý örän çylşyrymlaşyp, sylanyşyk aradan aýrylýar.

Maşgalada dörän dartgynlylygy çözmegiň esasy usullary şulardan ybarat:

– birek-birege ýakyn bolmaly, isleglerini kanagatlandyrmaly;

– ýanýoldaşyň halynyň nähili ýagdaýdadygyny duýup, şoňa görä hereket etmeli, onuň hojalykda, işde ýüze çykan meseleler ýa-da özüni ýaramaz duýmagy sebäpli, keýpsiz bolan halatynda oňa köşeşdiriji sözleri aýtmaly, ruhuny götermeli;

– birek-birege hormat goýmaly, gadyrly-sylanyşykly bolmaly, göwün göteriji, mylaýym sözleri aýtmaly, diňe gowy pursatlary ýatlamaly.

Maşgalada ýanýoldaşlar gün-günden has içgin öwrenişmelidirler, ýüze çykarylan gowy häsiýetler hormaty, söýgini çuňlaşdyrýar. Maşgalanyň kemçiliklerini gözlemän, diňe gowy häsiýetlerini tapmak, gowy zatlara garaşmak iki tarapyň hem bagtly bolmagyna ýardam berýär. Şonuň üçin, ilki bilen, adamyň gowy häsiýetlerini görjek-biljek bolmaly. “Nika gaýypdan” diýilýär. Müňlerçe, millionlarça adamlaryň içinden saýlap-seçip, ykbalyň emri bilen gurlan ojakda nikalaşanlaryň gadyr-gymmatly bolmagy bagtyň çüwenliginiň nyşany. Ýitirilen zady tapmak kyn. Şonuň üçin ýanýoldaşyňa söýgiňi, yhlasyňy, mähriňi siňdirmeli. Aýdylyşy ýaly, “Bar zadyň gadyryny bilmeli, ýok zat öz gadyryny özi bildirer”. Bar zat siziň päk söýgiňizdir, mähriban ýanýoldaşyňyzdyr, agzybir maşgalaňyzdyr.

Maşgalada är-aýal öz hakyky orunlarynda bolup, wezipe borçlaryny bolmalysy ýaly ýerine ýetirenlerinde, ol maşgala agzybir bolýar, çagalary hem talabalaýyk terbiýe alýar. Hakykatdan-da, är-aýal maşgalada dogry “häkimlik-tabynlyk” gatnaşygynda bolanlarynda, erkek adama maşgala otlusyna mynasyp “lokomotiw” bolmak başardýar. Şu şertlerde maşgala diýseň sazlaşykly ösýär, beýleki maşgalalara görelde bolýar. Jemgyýet şeýle maşgalalardan düzülende, ol hakyky sagdyn jemgyýeti emele getirýär we döwletiň ähli babatda gülläp ösmegine ýardam berýär.

Emosional taýdan durnuklylygy, parasatlylygy bilen tapawutlanýan, meseläni akylly-başly çözmegi başarýan, birek-birege goldaw berýän maşgalada süýji günler köpelýär. Emma gyzma, dargursak, aňsat çözüläýmeli meseläni hem uly bir kynçylyk ýaly hasaplap, aljyraňňylyga düşüp, günäniň birek-birekden gözlenilýän ýerinde kynçylyklar döreýär. Şeýle ýagdaýyň uzaga çekmegi ýa-da gaýtalanyp durmagy çagalaryň psihikasyna hem ýaramaz täsir edýär. Şular ýaly ýagdaýlar kazyýetiň gatyşmagyna getirýär. Biz hem kazyýet işgärleri hökmünde şeýle meselelere duş gelýändigimize juda gynanýarys.

Bilşimiz ýaly, 2025-nji ýylda “Kazyýet hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň täze beýany kabul edildi. Bu Kanuna laýyklykda, maşgalanyň, eneligiň, atalygyň we çagalygyň döwlet goragynyň üpjün edilmeginde adyl kazyýetligiň ähmiýetini ýokarlandyrmak, maşgala işleri boýunça adyl kazyýetligiň we kazyýet önümçiliginiň ýokary hünär ussatlygy şertlerinde amala aşyrylmagyny gazanmak, maşgalanyň jebisliginiň kepilliklerini berkitmek maksady bilen, etrap we etrap hukukly şäher kazyýetlerinde maşgala işleri boýunça kazy wezipeleri girizildi. Şeýle hem, är-aýalyň düşünişmezliklerini aradan aýyrmak, maşgalany berkitmek maksady bilen, maşgala işleri boýunça kazy wezipesi girizilen kazyýetlerde maşgala psihology wezipesi hem girizildi. Şu nukdaýnazardan, özara düşünişmezlige getirýän meseleleriň sazlaşykly çözgüdini tapmakda kynçylyk çekýän ýaşlara kazyýet edaralarynyň maşgala psihologlaryna ýüz tutmagy maslahat berýäris.

Maşgala gymmatlyklaryny goramaga gönükdirilen bu kadalar öz gözbaşyny Türkmenistanyň Konstitusiýasyndan alyp gaýdýar. Has takygy, Esasy Kanunymyzyň 40-njy maddasynda: “Maşgala, enelik, atalyk we çagalyk döwletiň goragynda durýarlar. Nika ýaşyna ýeten erkek bilen aýalyň özara razylygy boýunça nikalaşmaga we maşgala gurmaga hukugy bardyr. Maşgala gatnaşyklarynda är-aýal deňhukuklydyrlar. Ata-eneler ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar çagalaryny terbiýelemäge, olaryň saglygy, ösüşi, okuwy barada alada etmäge, olary zähmete taýýarlamaga, kanunlara, taryhy we milli däp-dessurlara hormat goýmak medeniýetini olaryň aňyna ornaşdyrmaga hukuklydyrlar we borçludyrlar. Kämillik ýaşyna ýeten çagalar ata-eneleri barada alada etmäge, olara kömek bermäge borçludyrlar. Döwlet ýaşlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň amala aşyrylmagy üçin şertleri döredýär we olaryň hemmetaraplaýyn ösüşine ýardam edýär” diýlip bellenilýär.

Nika-maşgala gatnaşyklary Türkmenistanyň Maşgala kodeksi arkaly düzgünleşdirilýär. Kodeks maşgala agzalarynyň arasynda şahsy we emläk gatnaşyklaryny, nika baglaşmagyň şertlerini we tertibini kesgitleýär. Är-aýalyň hukuklary we borçlary nika baglaşylmagynyň döwlet tarapyndan bellige alnan pursadyndan ýüze çykýar. Şeýlelikde, olaryň arasynda şahsy hukuk gatnaşyklary emele gelýär. Eneligiň, atalygyň, çagalary terbiýelemegiň, olaryň döwrebap biliminiň meseleleri we maşgala durmuşynyň beýleki meseleleri är-aýalyň hukuklarynyň, borçlarynyň deňlik ýörelgesinden ugur alnyp, är-aýal tarapyndan bilelikde çözülýär. Är-aýal maşgalada öz gatnaşyklaryny özara hormat goýmak we kömek bermek esasynda gurmaga, maşgalanyň abadançylygyna we pugtalandyrylmagyna ýardam etmäge, öz çagalarynyň maddy hal-ýagdaýy we ösüşi barada alada etmäge borçludyr.

Bulardan başga-da, “Psihologik hyzmatlar hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda her bir adamyň özünden, öz hünäri boýunça işinden, şahsyýetara gatnaşyklaryndan, maşgalasyndaky, köpçülikdäki ýagdaýyndan ýa-da durmuşynyň başga ahwalatlaryndan kanagatlanmazlygy bilen baglanyşykly ruhy ýagdaýy babatda muzdsuz ýa-da muzdly esasda psihologik hyzmaty almaga hukugynyň bardygy kesgitlenen.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2020.

2. “Kazyýet hakynda” Türkmenistanyň Kanuny // Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary. – 2025. – №1.

3. *Nohurow A.A, Nohurow A.* Maşgala psihologiýasy. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.

4. “Psihologik hyzmatlar hakynda” Türkmenistanyň Kanuny // Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary. – 2019. – № 2.

5. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2023.

6. Türkmenistanyň Maşgala kodeksi. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2021.



**T. HUDAYNAZAROV**

**THE ROLE OF PSYCHOLOGICAL SERVICES IN PRESERVING FAMILY UNITY**

Family-related issues are currently the subject of research across numerous academic disciplines, including economics, law, ethics, demography, ethnography, psychology, and pedagogy. In this regard, it is particularly important to consider issues related to the family and marriage, the psychological relationships between spouses within the family, and the upbringing of children. Issues of motherhood, fatherhood, child upbringing, their modern education, and other matters of family life are regulated by the Constitution of Turkmenistan, the Family Code of Turkmenistan, the Law of Turkmenistan "On Court", the Law of Turkmenistan “On Psychological Services".

**Т. ХУДАЙНАЗАРОВ**

**РОЛЬ ПСИХОЛОГИЧЕСКИХ СЛУЖБ В СОХРАНЕНИИ ЕДИНСТВА СЕМЬИ**

В настоящее время вопросы семьи являются предметом исследования многих отраслей научного знания, включая экономику, право, этику, демографию, этнографию, психологию и педагогику. В связи с этим важно рассмотреть вопросы семьи и брака, психологических взаимоотношений супругов в семье и воспитания детей. Вопросы материнства, отцовства, воспитания детей, их современного образования, а также другие вопросы семейной жизни регулируются Конституцией Туркменистана, Семейным кодексом Туркменистана, Законами Туркменистана «О суде» и «О психологических услугах».



***Toýnazar Hudaýnazarow,*** **Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygynyň orunbasary.**



**Makalany ýollan: Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 30-njy iýuny.**

# XX ASYRYŇ BAŞLARYNDAKY RUS-TÜRKMEN MEDENI ARAGATNAŞYKLARY METBUGAT SAHYPALARYNDA

Haýsy-da bolsa bir halkyň medeniýetiniň, sungatynyň, edebiýatynyň, ylym-biliminiň ösmeginde şol halkyň durmuşynda döremeli esasy şertler bolýar. Şol şertler bilen ösüşe ýol açylýar.

*Halkyň durmuşynyň ösmegine ýardam beriji güýçleriň biri hökmünde gazet-žurnallaryň hyzmaty uludyr. Mysal üçin, gazet-žurnallaryň çap edilmeginiň halkyň medeniýetiniň, sungatynyň, edebiýatynyň, ylym-biliminiň ösmegine täsiriniň uludygy barada geçen asyryň 20 – 30-njy ýyllaryna ýüzlensek, jüpüne düşjek deliller bilen ýüzbe-ýüz bolýarys. Munuň şeýledigine şol ýyllarda çap edilen "Turkmenowedeniýe" žurnalyna syn edenimizde hem göz ýetirmek bolýar.*

Türkmen edebiýatynyň taryhynda her döwrüň özüne mahsus aýratynlyklary bolup, olaryň hemmesiniň tapawutly taraplaryny birbada dolulygyna açmak başartmaz. Geçen asyryň 20 – 30-njy ýyllarynyň edebiýaty aýratyn ähmiýete eýe bolup, ol milli metbugatyň, syýasy wakalaryň, edebi-çeperçilik galkynyşyň gatnaşmagynda kemala geldi. Biz ony M.Annagurdow, A.Kekilow, R.Rejepow, K.Jumaýew, A.Myradow, K.Baýrammyradow, B.Şamyradow ýaly belli alymlarymyzyň işlerinden bilýäris. Şeýle uly işleriň peýda bolmagyna garamazdan, bu edebiýatyň kämilleşmegine goşant goşan aýry-aýry gazet-žurnallaryň hyzmaty häzirlikçe doly öwrenilmän gelýär. Şolaryň biri-de 1927 – 1932-nji ýyllarda rus dilinde neşir edilen "Turkmenowedeniýe" žurnalydyr.

"Turkmenowedeniýe", adyndan belli bolşy ýaly, Türkmenistany öwrenmegiň tas hemme meselelerini öz içine almaga, türkmen durmuşyny dolulygyna öwrenmäge, öwretmäge niýetlenilen žurnaldyr. Dogrudan-da, žurnalyň sahypalaryna ser salan halatymyzda, bu neşiriň bar mümkinçiligini orta goýandygyna göz ýetirýäris. Ol öz döwürdeş žurnallary bolan "Medeni ynkylap", "Gyzyl ýol", "Türkmen medeniýeti" neşirleri bilen bileleşip işlemäge synanyşyk edipdir. Şu jähetden onuň çägi giň eken. Galyberse-de, rus-türkmen intelligensiýasynyň birleşen güýji onuň ylmy, ideýa-mazmun, syýasy derejesiniň ýokary bolmagyna täsir edipdir.

"Turkmenowedeniýe" žurnalynyň işi Türkmen medeniýeti institutynyň "Türkmen ylym-edebiýat jemgyýetiniň" işi bilen ysnyşykly bolýar. Şonuň üçin onuň geçiren çärelerini şu guramalaryň meýilnamasyndan üzňe öwrenip, bir netijä gelmek mümkin däl. Şoňa görä, žurnalda ruhy medeniýete dahylly iki halkyň dostlukly gatnaşygyny goldaýjy nähili meseleleriň şöhlelendirilendigini saldarlap göreliň. Ozaly bilen, bellemeli zat 1927 – 1932-nji ýyllarda žurnalyň 59 sanynyň hemmesiniň Türkmenistanyň durmuş, syýasy-jemgyýetçilik, ylmy-çeperçilik meselelerini öz içine alyp bilmegidir. Şeýle az möhletiň dowamynda žurnal, ýerli milli hünärmenleriň bar bolan güýjüne daýanmak bilen, öňki SSSR Ýazyjylar soýuzy tarapyndan iberilen rus ýazyjylarynyň goldawyndan hem ýerlikli peýdalanyp, örän düýpli guramaçylyk we edebi işleri amala aşyrypdyr. Ony A.Kekilow, K.Baýrammyradow ýaly alymlar aýratyn nygtap görkezipdirler.

Belli bolşy ýaly, žurnalyň gös-göni edebi guramaçylyk güýçlerini dikeltmek, ýola salmak, gönükdirmek bilen meşgul bolandygyna garamazdan, onda folklor, umuman, edebi mirasy şöhlelendirmek düýpli orun alypdyr. Şu nukdaýnazardan, A.Samoýlowiçiň, A.Semýonowyň, A.Oblonskiniň edebiýatymyzyň taryhyna dahylly makalalary uly ylmy-nazary ähmiýete eýedir. "Gorkut ata", "Görogly", "Ýusup-Ahmet" ýaly dessanlarymyz, Azady, Andalyp, Magtymguly, Seýdi, Zelili, Kemine, Mollanepes ýaly nusgawy şahyrlarymyz baradaky düşünjeler "Turkmenowedeniýe" žurnalynyň üsti bilen öňki soýuzyň okyjylaryna ýetirilipdir, şeýle hem, olary ylmy esasda öwrenmäge mümkinçilik döredilipdir. Şol ýyllarda türkmen edebiýatçy alymlarymyzyň žurnalda eden çykyşlarynyň ýokdugyny, şeýle alymlaryň ýetişdirilmändigini nazara alanymyzda, rus alymlary biziň medeniýetimizi, sungatymyzy, edebiýatymyzy öwrenmekde güýçlerini, bilimlerini gaýgyrmandylar. Ony žurnalyň köp sanlarynda çap edilen ylmy makalalar subut edýär. Has hem A.Samoýlowiçiň işleri öz ylmylygy, esaslylygy bilen tapawutlanýar.




Bu döwür bizde täze žanrlaryň, edebi zehinleriň tiz peýda bolmagyny şertlendirdi. Türkmen ýazyjylary şol döwürde roman, powest, hekaýa, oçerk, poema, ballada ýaly žanrlaryň tilsimini hem, beýleki goňşy halklaryň edebi-çeperçilik tejribesini hem özleşdirip başladylar. 1934-nji ýylda M.Gorkiniň tagallasy bilen Türkmenistana gelen rus ýazyjylarynyň kömegi aýratyn uly boldy. Ol ýazyjylaryň özleri hem Türkmenistany birinji gezek açýardylar. Hiç bir zat taýyn halda ýüze çykman, ol ewolýusion ýol bilen peýda bolýar. L.Leonow, N.Tihonow, W.Lugowskow, W.Iwanow, B.Lapin, I.Haçrewin, P.Skosyrew ýaly rus ýazyjylarynyň kömegi ikitaraplaýyn ähmiýetli boldy. Olar Türkmenistanda bolup, sözüň doly manysynda täze özgerişi suratlandyrdylar. Ikinji bir bähbitli ýeri, B.Kerbabaýew ýaly ýazyjylarymyz “Hakykat” atly ilkinji oçerkler kitabyny (1931-nji ýylda) şol görlen, alnan täsirler esasynda ýazyp, okyjylara ýetirmegiň hötdesinden gelipdi. Bu brigadalaryň işine Respublikanyň we öňki soýuzyň ýolbaşçylary-da gözegçilik edýärdi, zerur goldawy berýärdi. Žurnalda çap bolan goşgular, terjimeler, makalalar, oçerkler şol ýadawsyz işiň, syýahatlaryň netijeleridir. Şeýlelikde, “Turkmenowedeniýe” žurnaly iki halkyň diňe bir edebiýatynyň däl, eýsem, tutuş halkyň gatnaşygynyň arasynda köpri bolmak wezipesini gerdenine alan metbugat sahypalaryna öwrülipdi.

Häzir Garaşsyzlygyň eçilen ajaýyp zamanasynda geçilen ýoluň hupbatly ýaly görünmegi mümkin, emma geçen asyryň 20 – 30-njy ýyllarynyň syýasy-synpy ýagdaýy-da, çeperçilige, çeper edebiýata düşünmek hem düz ýoldan ýörän ýaly däldi. Dürli edebi guramalar, syýasy-edebi akymlar, birek-birek bilen käbir düşünişmezlikler, milli häsiýetiň reaksion, ýaramaz taraplary we ş.m. şol wagt tipiki ýagdaý bolup, realistik türkmen edebiýatynyň birbada ösüp gidibermegine örän uly päsgelçilik döredýärdi. “Turkmenowedeniýe” žurnalynyň redaksiýasy bu ýagdaýy bilýärdi. Hut şol dartgynly ýagdaýy ýene-de dartgynlylaşdyrmajak, ýitileşdirmejek bolup, redaksiýa elinden gelen kömegi ýazyjylardan gaýgyrmaýardy. Žurnal makala, terjime üsti bilen B.Kerbabaýewi, A.Alamyşowy, A.Kekilowy, Ý.Nasyrlyny we beýleki ýazyjylary goldaýardy. Ol täze edebi gatnaşyga ýol arçaýardy. Bu meselede G.Weselkowyň, A.Oblonskiniň we başgalaryň hyzmaty uly bolupdy.

Žurnalyň 1927-nji ýyldaky 2-3-nji sanlarynda A.Poseluýewskiniň “Türkmen folkloryny ýygnamak” diýen makalasy çap edilipdir [3, 10 s.]. Akademik A.N.Samoýlowiçiň “Sowet Gündogarynda ülkäni öwreniş”. “Aý ýarymlap Türkmenistanda” [6, 51 s.] diýen ýol ýazgylary hem çap edilipdir. Şol žurnalyň 1928-nji ýyldaky 9-njy sanynda A.Gulmuhammedowyň “Taryhy dokumentler” [4, 132 s.] diýen materialy özüne çekiji. A.Poseluýewskiniň “Gökleň halk aýdymlarynyň şygyr ritmi” diýen makalasy hem edebiýaty öwrenişe, şygyrşynaslyga örän uly goşant goşup bildi. Şu awtoryň “Türkmen folkloryny ýygnamak” makalasynda, A.Samoýlowiçiň “Aý ýarymlap Türkmenistanda” atly oçerkinde edebi ýordumlaryň ençeme aýratynlyklary ýüze çykarylypdyr. Bu ýerde alym öz öňünde berk usulýýeti goýýar. Ýöne folklory indiwidual ýazuw edebiýatyndan aýyrsa-da, muny göçürip alanyňda, aýratyn hüşgär bolmagy zerur hasaplaýar.

Elbetde, W.Bartold, A.Semýonow ýaly belli alymlar žurnalyň sahypalarynda çykyş edipdirler. Žurnalda esasy köp çykyş edeniň A.Poseluýewskiý

bolanlygy üçin, onuň rus alymlarynyň arasynda ilkinji bolup dil, folklor, edebiýat, etnografiýa boýunça-da köp işleri eden alymdygyny tassyklap bileris. A.P.Poseluýewskiý ýerli hünärmenleri ýetişdirmekde, türkmen medeniýetini ýokary götermekde uly işleri etdi. Ol ýerli milletden ýetişen P.Azymow, B.Garryýew, M.Kösäýew, A.Kekilow, Z.Muhammedowa ýaly alym nesliň halypasy hasaplanýar. Şony ilki belläp, akademik P.Azymow şu sözleri aýdýar: “Baryp 20-nji ýyllaryň ikinji ýarymyndan ylym dünýäsine belli bolup başlan Aleksandr Petrowiç Poseluýewskiniň folklora, edebiýata, edebiýat nazaryýetine, fonetika, dialektologiýa, leksika, sintaksise, morfologiýa, türkmen diliniň taryhyna, etnografiýa degişli ençeme ylmy işleriň awtorydygyny bellemek gerek. Poseluýewskiý döredijiliginiň ilki ýyllarynda, dil meseleleri bilen birlikde, edebiýat, etnografiýa bilen hem meşgullandy we ylmy-amaly ähmiýete eýe bolan birtopar iş ýazdy.

Şol materiallaryň ählisi “Turkmenowedeniýe” žurnalynyň sahypalarynda öz beýanyny tapdy. Dogry, biz A.P.Poseluýewskiniň hemme ylmy döredijiligi barada doly gürrüň etmegi öz öňümizde ýörite maksat edip goýmadyk. Ol özbaşyna ylmy barlagy talap edýär. Biz diňe “Turkmenowedeniýe” žurnalynda çap edilen materiallar hem olaryň hili bilen çäklenýäris. Aleksandr Petrowiç Türkmenistana gelen gününden başlap, türkmen filologiýasy bilen içgin gyzyklanyp başlaýar. Ol türkmen dilini ylmy taýdan öwrenmekligi, bu diliň praktiki hajatlaryny – adalgalarynyň zerurlyklaryny, orfografiýasyny we punktuasiýasyny düzgüne salmak ýaly wajyp meseleleri ýola goýmaklygy, ilki bilen, dilimiziň janly dialektlerini hertaraply öwrenmekden başlamagyň zerurdygyna düşünen adamdy. Respublikanyň Krasnowodsk, Gyzyletrek, Esenguly, Garrygala (1927-nji ýyl), Saragt, Tagtabazar, Mary, Ýolöten (1930-njy ýyl), Nohur obasy (1930-njy we 1931-nji ýyllar), Garrygala (1931-nji ýyl), Baýramaly (1932-nji ýyl) ýaly dürli künjeklerinde bolmagy Aleksandr Petrowiç Poseluýewskä türkmen diliniň gepleşiklerini gowy öwrenmäge oňyn ýagdaý döredýär” [1, 74 – 75 s.].

A.P.Poseluýewskiniň “Turkmenowedeniýe” žurnalynda 1927 – 1931-nji ýyllarda 9 makalasy çap edilipdir. Biz alymyň, esasan, edebiýata, folklora dahylly işleriniň üstünde durmak bilen çäklenýäris. Onuň dile degişli işleri türkmen alymlary tarapyndan öwrenilip gelinýär. Alymyň “DAS-yň (Döwlet alymlar soweti) lingwistik ekspedisiýasy” diýen işinde kollektiwleýin material toplanylyşy hakynda maglumat berlip, folklor barada örän täsin zatlar aýdylýar:

“... Şonuň bilen birlikde, men folklor eserlerini hem ýygnamak bilen meşgullandym, özem bu iş fonetik transkripsiýanyň kömegi bilen geçirilip, ol diňe morfologik tapawutlary däl, aýry-aýry gepleşikleriň fonetik hilini kesgitlemekde hem peýdalydyr. Meniň folklordan toplan umumy materialym 3 çap liste ýetýär. Hasam köp aýdym (139), matal (128), ýaňyltmaçlar (75), erteki we hekaýalar (37) topladym. Meniň toplan beýleki folklor ýazgylarym (nakyllar we atalar sözi, hüwdüler) onçakly köp däl” [5, 25-26 s.].

“Turkmenowedeniýe” žurnalynda çap edilen ylmy işleri, makalalary bilen türkmen-rus ylmy, edebi, bilim gatnaşyklaryny pugtalandyran alymlaryň ýene biri A.N.Samoýlowiçdir.

Makalamyzyň göwrüm mümkinçiligini nazara alyp, alymyň žurnal sahypalarynda çap edilen käbir makalalary hakda ýüzleý ýatlap geçmeli bolduk.

Mälim bolşy ýaly, A.N.Samoýlowiç 1927-nji ýylda Türkmenistanda birnäçe wagtlap bolýar. Şondan soň ol “Turkmenowedeniýe” žurnaly bilen hyzmatdaşlyk edip başlaýar. Aslynda, A.N.Samoýlowiç öňki SSSR-iň türkologlarynyň hemmesiniň mugallymydyr. Oňa A.N.Kononow, A.P. Poseluýewskiý, W.A.Gordlewskiý, Ý.E.Bertels, S.N.Iwanow, N.A.Baskakow ýaly alymlaryň ählisi hormat bilen garapdyrlar. Onuň ylmy döredijiliginiň hemmetaraplaýynlygy şol agzalan şägirtlerine-de geçipdir. Ol özüniň “Ýol ýazgylary”, “Şeýbany han we Bozoglan (türkmen edebiýatynyň özbek edebiýatyna täsiri meselesi hakynda)” ýaly işlerinde şol häsiýeti saklaýar.

“Men aý ýarymlap Türkmenistanda bolan wagtymda, fonetika, morfologiýa, sözlük jähetden ýerli gepleşikleri öwrenmek bilen meşgullandym, halk döredijiliginiň (ertekiler, aýdymlar, nakyllar, matallar, ýaňyltmaçlar, rowaýatlar) materiallaryny topladym, türkmen halkynyň ýerli nagyşlaryny, ornament elementleriniň atlaryny anyklamak we häzirki zaman türkmen durmuşynyň ýagdaýyny, derejesini synlamak bilen meşgullandym” [6, 51 s.] diýip, alym soňra öz hasabatynda ýazypdyr.

Dogry, ol medeniýetimiziň hemme meseleleri barada pikir ýöreden hem bolsa, sözüň doly manysynda dilimizi, folklorymyzy, edebiýatymyzy öwrenen alymlygynda galdy [2, 140 s.]. Biz şol dürli meseleleriň arasyndan diňe türkmen-özbek edebi gatnaşyklary, sufizm barada “Turkmenowedeniýe” žurnalynyň sanlarynda ýazan işlerini ýatlamak bilen çäklenýäris.Umumy medeniýet, ylym-bilim, milli hünärmenleri terbiýelemek hem žurnalyň esasy wezipesine girýärdi. Şonuň üçin uly alymlaryň Türkmenistany öwrenmek baradaky guran dürli ekspedisiýalarynyň hem materiallary žurnalyň sahypalarynda şöhlelendirilýärdi. Respublikanyň oba hojalygy, sungaty, teatry, okuw-sowat derejesi hem çeper edebiýatdan üzňe däl-de, birlikde beýan edilýärdi.

Žurnalyň çykarylmagynyň bes edilmegi bilen, (1932) şu meseleler dessine ýatyp galmady ýa-da ünsden düşürilmedi. Ol meseleler “Turkmenskaýa iskra”, “Sowet Türkmenistany” gazetlerinde, “Medeni ynkylap”, “Türkmen şura edebiýaty”, “Bolşewik” žurnallarynda dowam etdirildi.

## EDEBIÝAT

1. *Azymow P.* Ömür menzilleri. – Aşgabat: “Türkmenistan”, 1985.
2. *Nuralyýew D.* Akademik A.N.Samoýlowiç türkmen edebiýaty hakynda. – Aşgabat: “Ylym”, 1972.
3. *Поцелуевский А.П.* Собирание туркменского фольклора // Туркменоведение. – 1927. – № 2-3.
4. *Поцелуевский А. П.* Стихотворный ритм гокленских народных песен // Туркменоведение. – 1928. – № 10-11.
5. *Поцелуевский А.П.* Лингвистическая экспедиция ГУС-а. // Туркменоведение. – 1928. – № 2.
6. *Самойлович А.Н.* Полтора месяца в Туркмении // Туркменоведение. – 1927. – № 2-3.

**SH. DIVANKULIYEV**

**RUSSIAN-TURKMEN CULTURAL RELATIONS AT THE EARLY 20TH CENTURY IN THE MASS MEDIA**

The article reviews the role of the periodical press as a key factor in the development of national culture, science, and literature in the 1920s and 1930s. The author focuses on the activities of the journal “Turkmenowedeniýe” (1927 – 1932), published in Russian. The article analyzes the publication’s thematic structure, its contribution to the study of Turkmenistan, and the formation of the literary process of that time. Particular emphasis is placed on the role of the magazine in establishing and strengthening cultural ties between the Turkmen and Russian peoples through the unification of the efforts of the intelligentsia of both countries.

**Ш. ДИВАНКУЛИЕВ**

**РУССКО-ТУРКМЕНСКИЕ КУЛЬТУРНЫЕ СВЯЗИ НАЧАЛА XX ВЕКА НА СТРАНИЦАХ СРЕДСТВ МАССОВОЙ ИНФОРМАЦИИ**

В статье рассматривается роль периодической печати как ключевого фактора развития национальной культуры, науки и литературы в 20-30-е годы XX века. Основное внимание автор уделяет деятельности журнала «Туркменоведение» (1927 – 1932 гг.), выходившего на русском языке. В работе анализируется тематическая структура издания, вклад в изучение Туркменистана и формирование литературного процесса того времени. Особый акцент сделан на роли журнала в установлении и укреплении культурных связей между туркменским и русским народами через объединение усилий интеллигенции обеих стран.

***Şöhrat Diwangulyýew,*** **Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy, filologiýa ylymlarynyň kandidaty.**

**Makalany ýollan: Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 18-nji marty.**

# SALLANÇAK KILIMLERINIŇ DOKALYŞ TEHNOLOGIÝASY

*Türkmenlerde sallançak kiliminiň dokalyşy gadymdan gelýän däplere daýanýar: ýumşak ýüňden ýasalan tebigy reňkleriň kömegi bilen, ekologik taýdan arassa, uzak wagt ulanmaga niýetlenýän sungat eseri döredilýär. Eriş-argaja, çitimiň hiline aýratyn üns berilýär. Kilime salynýan nagyşlar hem özboluşly mana eýedir. Sallançak kilimi körpejäniň fiziki hem-de ruhy taýdan rahatlygyny üpjün etmelidir. Şu talap hem, kilim dokalanda, gadymdan gelýän tehnologiýanyň berk berjaý edilmegini talap edýär. Sallançak kilimi enäniň mähri siňen eser bolup, wagtyň geçmegi bilen, maşgalada nesilden-nesle geçip gelýän mirasa öwrülýär.*

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz: “Sallançak kilim täze dünýä injek çaga niýetlenilip, ýörite dokalýar. Onuň ulanylyp başlanmagy hem dabaraly dessura beslenýär. Munuň üçin köp çagaly, abraýly-döwletli zenana täze düşegi sallançaga düşedýärler. “Gözden-dilden” gorasyn diýen yryma eýerilip, oňa ýörite işilen alaja ýüp dakylýar” [1, 133 s.] diýip bellemek bilen, sallançak kilimleriniň aýratynlygyna bu ugurda ylmy gözlegleri alyp barýan alymlaryň ünsüni çekýär.

Sallançak kilimleri ýüwürdilende, uly palas-kilimler ýaly ýüwürdilýär, gurama salynýar, ilki guramanyň özüniň dogry guralandygyny anyklamak üçin, degişli ölçegler alynýar, dokma ýüwürdilmäge başlanýar. Dokmanyň başlanýan ýerinde bir dokmaçy, kesiljek ýerinde bir dokmaçy oturyp, ýörite taýýarlanan, doly we agyr mäşirikleri öz tarapynyň keseliginiň aşagyndan geçirip, birek-birege tarap oklaşyp ýa-da togarlap goýberip, ýüwürtmäge başlaýarlar. Ýüwürdim mäşirikleri kiçelende, agramy az bolanlygy üçin, dokmanyň aralygyndan oklananda ýetmeýär we togarlanyp gitmeýär, şonda höwesek çagalaryň eline kiçelen mäşirigi berip, “Bar, pylany gelnejä, pylany ejekä ber” diýip, ýüwürdim işine çagalary goşýarlar. Eliň aýasynda sökülip barýan mäşirikleri bir gaçyryp, bir galdyryp, ikibaka – ol keselikden bu keselige uly höwes bilen gatnaýan çagalar hem uly bir işiň başy tutulýan günde özleriniň ululara “uly” kömek edýänligine buýsanyp, enaýyja ýylgyryşyp, jykyrdaşyp hereket edýärler, şeýle ýagdaý üýtgeşik bir toýy ýadyňa salýar. Wagtynyň gadyryny bilýän zenanlar çagalaryň göwnüne degmän, “Bol, gülüm, bahymjak, bol, goçum, bahymjak, bu gün öňüni tutaly, ertir jigiň ýöräp geläýmänkä, sallançak kilimimizi keseli ahyryn” diýşip, sypaýyçylyk bilen, şol bir wagtyň özünde, çagalara wagtyň gymmaty barada düşünje berýärler hem özleri bu babatda görelde bolýarlar.

Erişler endigan ýerleşdirilenden soň, küjülenýär we dokmanyň öňi tutulýar. Dokmanyň öňüni tutmaklyk hem iň ýakymly işleriň biri hasaplanýar. Dokmanyň öňüni tutmak işinde ullakan kynçylyk bolmasa-da, endigan we emaý bilen ilkinji erşi geçirmek tolgundyryjy hasaplanylýar. Öňüni tutmak, ilkinji darak kakmak, ilkinji argaç almak işleri “başlangyç”, “täzelik” bilen baglanyşykly bolanlygy üçin, iň gowy dilegler edilýär, şeýle-de, dokmaçylara kalbyň, ýüregiň bilen gowy niýetlerde bolmak maslahat berilýär, sebäbi uly höwes we ýagşy niýet bilen başlanan her bir iş oňuna bolýar diýlip yrym edilýär.

Dokmanyň öňi tutulýan ilkinji argaç, köplenç, ýüwürdim sapagynyň özünden bir bölek ýüp ýa-da ýüwürdim erşi iki gatlap alajanyň işilişi ýaly edilip, ýöne bir reňkde işilip geçirilýär we onuň üstünden topraklyk (dokmanyň başynda dokalýan) ýüp kakylyp başlanýar. Toprak ýüplügi dokma öýdeljek ak ýüplükden kakylýar. Türkmen zenanlary dokmanyň öňüni tutmak bilen baglanyşykly “Öňüni tutdum – oňladym, gaýrat etdim – soňladym” diýip, buýsançly nakyl döredipdirler. “Gaýrat etdim” diýilmegi bilen, dokmanyň öňi tutulan günden başlap, köp zähmetiň talap edilýänligi, öňi tutulyp, tä dokma kesilýänçä çekilýän azaplar, dokmaçynyň gaýratly bolmalydygy, gaýratlylygyň uly düşünjedigi göz öňünde tutulýar.

Sallançak kilimler kiçi kilimjik bolanlygy üçin, hökmany suratda topragy dokmanyň ölçegine görä



edilýär, dört barmak ýaly kakylýar, iki barmak ýeri tekiz ak toprak kakylansoň, “alaja” öýdelýär. Alaja, esasan, ak we gara ýüplerden geçirilýär. Alaja käte “goşaja alaja”, “aşyjak” görnüşinde salynýar, käte bolsa alajalardan başga hem “burma çigin”, “gülleýdi” ýaly nagyşlar hem salynýar, eger bu nagyşlar salynsa, nagyşlaryň üstünden ýene-de alaja geçirilýär. Alaja dokalandan soň, ýene-de iki barmak ýaly ak toprak dokalyp, salnan nagyşlar topragyň ortasyna düşürilýär.

Göl we aragöl nagyşlary zenanlaryň öz islegine görä salynýar, edil çaga düşekleriniň, ýassyjagynyň, ýorganynyň öz isleginé görä bezelişi ýaly, sallançak kilimlerine hem dürli-dürli nagyşlar salynýar, ýöne, köplenç halatda, “gülleýdi” nagşy salynýar, şeýle hem, “bossany” nagşy aşyrymly salnyp, kiçijik kilimjikde gölleri iri-iri düşmez ýaly edilip salynýan ýagdaýlary hem az gabat gelmeýär. Zenanlar “gülleýdi” nagşynyň “göllüje gülleýdi”, “bitewi gülleýdi”, “gollaşykly gülleýdi”, “syzgyly gülleýdi”, “seçme gülleýdi”, “gapyrga gülleýdi”,“kemje gülleýdi” ýaly görnüşlerini kilimlere salýarlar. Sallançak kilimine “kemje gülleýdi” nagşyndan başgasyny salýarlar. “Kemje gülleýdi” nagşynda öýdümleriň kemelýänligi üçin, sallançak kilimlere salmagy zenanlar göwnüne getirýärler, ýagny çaganyň durmuşynda rysgal-berekediň, söýgi-mähriň, hormat-sylagyň, abraý-mertebäniň kem bolmazlygy üçin, “kemje gülleýdi” nagşy sallançak kilimlere salynmaýar [3].

Sallançak kilimleriň hem uly palas-kilimlerde bolşy ýaly, gyralaryna ýörite gyra nagyşlary salynýar, suwuň-ýaşaýşyň dowamlylygyny aňladýan gönü çyzyklar gyra nagyşlarynyň arasyny çäklendirýär. Sallançak kilimjikleri ölçegi boýunça kiçi hem bolsa, olara birnäçe gyra nagyşlary salynýar. Olara salynýan gyra nagyşlarynyň sanyna laýyklykda, “üç gyryly”, “bäş gyryly” diýilýär. Gyra nagyşlara “dikje gülleýdi”, “burma çigin”, “hamtoz”, “çüýçe”, “alaja”, “keseje üýşürme” ýaly nagyşlar salynýar, eli işli zenanlarymyz sallançak kilimlerine ýakalara, tahýalara salynýan ownuk nagyşlary hem salýarlar.

1984-nji ýylda Türkmenbaşy şäheriniň ýaşaýjysy, 86 (segsen alty) ýaşly Ejew ene şeýle gürrüň beripdi: “Sallançak kilimi syk dokalyp, aňyrsyna temen geçirmek näçe kyn hem bolsa, Esenguly etrabynyň ýaşaýjysy Geňlik Nygmadowa 1951-nji ýylda özüniň üç gyzyndan soňra dünýä inen ogluna dokan sallançak kiliminiň gyra nagşynyň birini öýdemän, diňe içgeçirini geçirip, dokma kesilenden soňra, tekiz ýerine, boýlugynça (bütin boýuna) temen bilen “ilme” görnüşde tahýa salynýan ownuk gülli, “damdyrmaly” nagşy salyp bezänini görüpdim. Şol kilimjikde adaty öýdelýän reňklerden başga, tahýalarda, ýakalarda ulanylýan asman mawy, açyk ýaşyl, açyk sary, gülgüli (gülgün) reňkler çaga üçin niýetlenen kilime aýratyn ýagtylyk, görk berdi, şonda eli işli zenanlarymyzyň azapdan gaýtmaýanlygyna ýene bir gezek haýran galypdym” diýip belläpdi.

Käbir ýagdaýlarda suwamaý alajaly, aşyjakly ýa-da dogajykly dokalan sallançak kilimlerine hem duşmak bolýar. Sallançak kilimleriniň gyrasyna ýa-da göllerine “alaja”, “burma çigin” nagyşlary gözden-dilden gorag hökmünde salynýar, emma gyra nagyşlarynda, topragynda alaja bardygyna garamazdan, köplenç, kilimiň esasy gölleriniň içinde hem dokmaçynyň öz saýlan ýerinde, gözden-dilden gorag hökmünde dogajyklar öýdelip ýa-da belgijikler edilipdir, käbir dokmaçylar bolsa sallançak kiliminiň özüne salynmadyk bütinleý başga bir nagşy sallançak kiliminiň islendik bir ýerinden öýdäpdirler. Şeýle etmek bilen, sallançak kiliminde dowamly gelýän nagyşlaryň arasynda aýratyn salnan nagyş göze ilgiç bolup, oňa seredýän adamyň nazarynyň eglenýändigine we ünsüniň çagadan sowulýandygyna ynanypdyrlar.



Sallançak kilimleri dürli ölçeglerde dokalýar, käbir zenanlar öz çagalary üçin kilimleri birnäçe ölçegde dokaýarlar, ýagny täze doglan

çagalara niýetlenen ini 80 sm ölçegdäki kilimjikler laýyk bolýanlygyna garamazdan, çaga biraz ulalanda ulanmak üçin ulurak ölçegdäki goşmaça sallançak kilimleri hem dokaýarlar. Çagalar sallançakda 1 – 1,5 ýaş aralygynda ýatýanlygyna garamazdan, köplenç, öýlerde çaga 3 ýaşaýança sallançagy ýygnamaýarlar.

Uly höwes bilen gurnalýan sallançagyň kilimine-de aýratyn talaplar bildirilipdir we yhlas siňdirmek mahsus bolupdyr. Sallançagy gurmak, kilimini düşemek döwletli, il içinde abraýly zenanlara ynanylypdyr, ony, köplenç, "agtyk söýen" gaýynene gurupdyr, şeýle-de, sallançak kilimi ýüwürdilende hem, döwletli zenan hökmünde gaýyneneler sallançak kilimi ýüwürtmäge ýolbaşçylyk edipdirler, gelinler bolsa özleriniň çagasyna ýagşy dilegler edip, arzuwyny, niýetini ýagşa tutup, sallançak kilimlerini sünnäläp dokapdyrlar. Käbir maşgalalarda eltiler ýa-da baldyzlar hem dokaşypdyrlar.

Mukaddeslik bar ýerinde, yrymlar hem hökman bolýar. Günbatar Türkmenistanda sallançak kilimleri, ýorgan-düşek, şeýle hem, çaga ýassyjaklary, ýorganjyklary gyza sep hökmünde, durmuşa çykanda, atasy öýünden berilmeýär. Sallançak kilimi gyz durmuşa çykansoň, gaýyn öýüne baransoň dokalýar. Sallançak kilimler käbir maşgalalarda çaga dünýä inmänkä dokalýar, käbir maşgalalarda bolsa öňünden dokamaklygy göwnemeýärler, çaga dünýä inensoň dokalýar. Il arasynda aşa köp höwes edilen zady "şeýtan kakýarmyş" diýen ynanç hem bar [3].

Sallançak kiliminiň öňi tutulanda, durmuşa çykmadyk gyzlara tutdurmaýarlar.

Sähetli güni ýüwürdilse-de, dokma dokalyp gutarylanda, ýörite sähetli gün ýa-da sagady, günüň birinji ýarymy, ikinji ýarymy diýlip, wagt saýlap kesilmeýär. Dokmany, bir gün hem bolsa, bir sagat hem bolsa, ir kesmeklige çalşylýar, ony çalt kesmek üçin "Pirli dokmaň gerjeşip ýatyrka, toý nämäňkilik" diýip, has ýakyn garyndaş bolmasa ýa-da uly toý tutulmasa, kiçiräk çärelerden hem galynýar. Dokma wagtynda kesilende, dokmanyň piri Äşe-Patma bir gaýgydan çykýarmyş diýip ynanýarlar.

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmen medeniýeti. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.

2. *Ezizow G*. Goşgular ýygyndysy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2025.

3. Meýdan ýazgylary. Habarçy Aryýewa Doýduk. 1958-nji ýylda doglan, Balkan welaýatynyň Esenguly etrabynyň Gögerendag obasynyň ýaşaýjysy.

4. Meýdan ýazgylary. Habarçy Öwezowa Annasoltan. 1969-njy ýylda doglan, Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň ýaşaýjysy.

**B. KURBANOVA**

**WEAVING TECHNOLOGY OF CRADLE RUGS**

This article examines the artistic and technological features of making Turkmen flat-weave carpets – palas and kilims, among which sallanchak kilims (cradle rugs) occupy a special place. The main focus is on weaving techniques, specific ornamentation, and the sacred significance of the cradle as a symbol of procreation and well-being in the Turkmen family.

**Б. КУРБАНОВА**

**ТЕХНОЛОГИЯ ТКАЧЕСТВА КОЛЫБЕЛЬНЫХ КОВРИКОВ**

В статье рассматриваются художественные и технологические особенности изготовления туркменских безворсовых ковров – паласов и килимов, среди которых особое место занимают «салланчак килими» (коврики для колыбели). Основное внимание уделяется технике ткачества, специфике орнаментации колыбельных ковров и сакральному значению колыбели как символу продолжения рода и благополучия в туркменской семье.

***Baýramsoltan Gurbanowa,* Türkmen döwlet medeniýet institutynyň alymlyk derejesine dalaşgäri.**

**Makalany ýollan: Türkmen döwlet medeniýet instituty.**

**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 16-njy marty.**




# MEKDEBE ÇENLI TERBIÝE



## MEKDEBE ÇENLI BILIM EDARALARYNA INNOWASION TEHNOLOGIÝALARY ORNAŞDYRMAGYŇ USULLARY WE SERIŞDELERI

***Mekdebe çenli çagalar edaralarynda innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy taslama işi, interaktiw usul bilen okatmak, öwrediji oýunlardan peýdalanmak ýaly usullaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Esas hökmünde döwrebap sanly serişdelerden, akylly synp tagtalaryndan, interaktiw usuldan, robot tehnikalaryndan peýdalanylýar. Şeýle edilmegi terbiýeçi-mugallymlara çagalaryň işjeňlik bilen goşulyşyp bilýän, olary döredijilikli pikirlenmäge höweslendirýän gyzykly bilim gurşawyny döretmäge mümkinçilik berýär. Şeýle bilim gurşawyna integrirlenen çagalar häzirki zaman sanly dünýäsini has ýeňillik bilen kabul edýärler, olarda toparda işlemek endigi kemala gelýär. Bu tehnologiýalaryň we serişdeleriň toplumlaýyn ulanylmagy terbiýe bermek işini has döwrebaplaşdyrmaga hem öňdebaryjy standartlara laýyklamaga mümkinçilik döredýär.***

Soňky ýyllarda innowasion tehnologiýalaryň mekdebe çenli bilim edaralaryna ornaşdyrylmagy okatmagyň usullaryna we okuwyň barşyna uly täsir etdi. Sanly gurallar, interaktiw usullar, multimedia serişdeleri we bilim maksatly programma üpjünçiligi şu günki gün mekdebe çenli çagalar edaralarynda möhüm ähmiýete eýedir. Bu serişdeler çagalaryň işjeňligini artdyrýar we möhüm durmuş endikleriniň ösmegine ýardam berýär. Alymlar kiçi ýaşly çagalary terbiýelemekde döwrebap tehnologiýalardan döredijilikli peýdalanylan ýagdaýynda, olaryň kognitiw we durmuş ösüşine ýardam edip biljekdigini nygtaýarlar.

Innowasion tehnologiýalary mekdebe çenli bilime ornaşdyrmagyň netijeliligine baha bermek üçin dürli barlag usullary ulanylýar. Resminamalaryň derňewi hereket edýän programmalary we usulyýet materiallaryny öwrenmäge mümkinçilik berýär. Terbiýeçileri anketalaşdyrmak olaryň täze tehnologiýalary ulanmaga bolan garaýşyny we taýýarlyk derejesini ýüze çykarýar. Bilim hadysasyna gözegçilik etmek innowasion usullaryň çagalaryň ösüşine edýän täsirini bahalandyrmaga mümkinçilik berýär. Çagalary testirlemek innowasion

programmalara gatnaşyjylaryň akyl ýetiriş, aragatnaşyk we fiziki endikleriniň ösüş derejesini kesgitlemäge kömek edýär.

Dürli sanly gurallary we interaktiw platformalary öwrenmek arkaly, baý we ösdüriji okuw gurşawyny döretmek üçin, bu tehnologiýalaryň mekdebe çenli bilime netijeli ornaşdyrylyp bilinjekdigi barada düşünje alýarys. Soňky ýyllarda mekdebe çenli bilime täze tehnologiýalaryň işjeň ornaşdyrylmagy bilen, okatmak we öwrenmek çemeleşmeleri düýpli üýtgedildi. Iň möhüm ugurlaryň biri maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň (MAT) ulanylmagydyr. Olara kompýuterler, planşetler, interaktiw tagtalar we ýöriteleşdirilen programma üpjünçiligi degişlidir. MAT-yň ulanylmagy mekdebe çenli ýaşly çagalara aň-bilim ukyplaryny ösdürmäge we maglumat medeniýetini kemala getirmäge kömek edýär. Meselem, interaktiw tagtanyň ulanylmagy sapaklary has dinamik we gyzykly guramaga mümkinçilik berýär, bu bolsa çagalaryň okamak höwesini artdyrýar. Sanly tehnologiýalar toparlara bölünýär:











*Oýun tehnologiýalary çagalar baglarynda bilim berlişiniň aýrylmaz bölegidir.* Olar keşpleri we hereketli ýordumlary öz içine alyp, çagalarda hyýalbentligiň, pikirlenmäniň we aragatnaşyk endikleriniň ösmegine ýardam edýär.

*Oýun işjeňligindäki innowasion çemeleşmeler.* Bilim berlişini her çaganyň şahsy aýratynlyklaryna uýgunlaşdyrmaga we okatmagy has netijeli hem-de gyzykly etmäge mümkinçilik berýär.

*Saglygy gorap saklaýjy tehnologiýalar.* Bedenterbiýe-sagaldyş çäreleri, gün tertibiniň dogry guralmagy we oňaýly emosional ýagdaýyň döredilmegi çagalaryň saglygyny gorap saklamaga hem-de berkitmäge gönükdirilendir. Şeýle tehnologiýalar çagalarda sagdyn durmuş ýörelgeleriniň, durnukly endikleriniň kemala gelmegine we umumy fiziki işjeňliginiň ýokarlanmagyna ýardam edýär.

Mekdebe çenli çagalar edaralarynda taslamalar barha giňden ulanylýar. Çagalar bilelikdäki taslamalary ýerine ýetirmäge höwesjeň çekilýärler, bu bolsa olaryň barlag endiklerini, dörediјilikli pikirlenişini we toparda işlemek ukybyny ösdürýär. Mysal üçin, ekologik taslamalary amala aşyrmak çagalara daşky gurşawy öwrenmäge we tebigata jogapkärçilikli garaýşy kemala getirmäge mümkinçilik berýär. Barlag usullarynyň toplumlaýyn ulanylmagy innowasion tehnologiýalaryň mekdebe çenli bilimiň hiline edýän täsiri barada obýektiw maglumat almaga we olary netijeli ornaşdyrmak boýunça meýilnamalary işläp taýýarlamaga mümkinçilik berýär.

Innowasion tehnologiýalaryň mekdebe çenli bilime ornaşdyrylmagynyň derňewi çagalara bilim berlişiniň hiline we olaryň ösüşine uly täsir edýändigini görkezdi. Interaktiw tagtalar we öwrediji programmalar ýaly maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň ulanylmagy çagalaryň gatnaşygyny ýokarlandyrýar we kognitiw ukyplarynyň ösmegine ýardam edýär. Oýun tehnologiýalary okuw işini gyzykly we höweslendiriji edýär, saglygy goraýyş çemeleşmeleri bolsa sagdyn durmuş ýörelgesi boýunça endikleriniň emele gelmegine ýiti täsir edýär. Taslama işi, öz nobatynda, çagalarda hyzmatdaşlyk endiklerini we döredijilikli pikirlenmäni ösdürýär.

Gözegçilikleriň we mugallymlaryň arasynda geçirilen sowalnamalaryň netijesi innowasion tehnologiýalary işjeň ulanýan mekdeplerde çagalaryň sözleýşinde, psihiki ösüşinde, logiki pikirlenişinde we durmuşa uýgunlaşmagynda oňat görkezijilere eýe bolunýandygyny görkezdi. Innowasiýa tehnologiýalary üstünlikli ornaşdyrmak üçin şulary maslahat berilýäris:

– mugallymlaryň hünärini ýokarlandyrmak boýunça toplumlaýyn maksatnamalary, şol sanda,

täze tehnologiýalar bilen işlemek boýunça okuwlary guramagyň meýilnamasyny işläp düzmek;

– ähli mekdebe çenli bilim edaralary üçin tehniki serişdeleriň we olaryň üpjünçiliginiň elýeterliligini gazanmak;

– tehnologiýalary bilim berlişde çagalaryň ýaş aýratynlyklaryny we şahsy zerurlyklaryny utgaşdyrmak bilen döredijilikli ulanmak;

– okuw işine ornaşdyrylýan tehnologiýalaryň netijeliligine yzygiderli gözegçilik etmek we usuly çemeleşmeleri döredijilikli ösdürmek.

Şeýlelik bilen, innowasion tehnologiýalaryň mekdebe çenli çagalar edaralarynda ulanylmagy bilimiň hilini ýokarlandyrmak üçin uly mümkinçilikleri açýar, mugallymlardan sapagy işjeň guramagy, onuň netijelerini yzygiderli derňemegi, nazary bilimleri amaly işler bilen berkitmegi, ulgamlaýyn çemeleşmäni talap edýär.

Häzirki wagtda mekdebe çenli bilim edaralarynda zähmet çekýän mugallymlar, terbiýeçiler guraýan sapaklarynda innowasion tehnologiýalary işjeň ulanýarlar. Şonuň üçin mekdebe çenli terbiýe edarasynyň mugallymlarynyň esasy wezipesi çagalar bilen işi guramagyň usullaryny we görnüşlerini, şahsyýeti ösdürmek boýunça öňde goýlan maksadalaýyk gelýän innowasion-pedagogik tehnologiýalary saýlap almagy başarmakdyr.

Mekdebe çenli bilimdäki häzirki zaman pedagogik tehnologiýalar mekdebe çenli bilimiň döwlet standartlaryny amala aşyrmaga gönükdirilendir. Pedagogika çaganyň bilim-terbiýeçilik işlerindäki ornuny hemişe ileri tutýar, uly ýaşlylaryň bu işe dahyllydygyny görkezýär. Uly adam çagalar bilen aragatnaşykda: “Ýanynda däl, ýokarsynda däl, eýsem, bilelikde!” diýen ýörelgä eýermelidir. Onuň maksady çaganyň şahsyýet hökmünde kemala gelmegine ýardam etmekdir.

Ilki bilen, “tehnologiýa” adalgasynyň nämäni aňladýandygyny ýadymyza salalyň. Tehnologiýa haýsydyr bir işde, ussatlykda, sungatda ulanylýan tärleriň toplumydyr. Pedagogik tehnologiýa okatmagyň we terbiýeçilik serişdeleriniň görnüşleriniň, usullarynyň, ýollarynyň, tärleriniň ýörite ugurlaryny we gurluşyny kesgitleýän kadalar toplumydyr; ol pedagogik işiň guramaçylyk-usulyýet guralydyr.

Mekdebe çenli bilimde innowasion-pedagogik tehnologiýalar kompýuterleriň, okuw materiallarynyň kömegi bilen çagalaryň sözleýşini ösdürmek, olara öz pikirlerini erkin beýan etmegi öwretmek, özara täsir prosesini täzeden guramak we olary daşky gurşaw bilen tanyşdyrmakdyr. Mekdebe çenli terbiýäniň esasy maksady çagalary sagdyn, hemmetaraplaýyn kämil şahsyýet edip terbiýelemek we olary mekdepde okamaga taýýarlamakdyr.

Innowasion-pedagogik tehnologiýalaryň mekdebe çenli bilim prosesinde ulanylmagy oňyn netijeleri berýär. Hususan-da, “Oýlap tapyjylyk meselelerini çözmegiň nazaryýeti” (TRIZ) we “Taslama usullary” mekdebe çenli bilim ulgamyna ornaşdyryldy we amalyýetde üstünlikli ulanylýar.

Mekdebe çenli bilim edaralarynyň mugallymlarynyň wezipesi okuw materiallarynyň çagalaryň bilesigelijiligine, ukyplaryna, isleglerine laýyk gelmegini, täze maksatlary öňde goýmagy, olaryň tebigy gyzyklanmalaryny öňe sürmegini gazanmak bilen çäklenmän, olary şahsyýet edip jemgyýete goşmak nazaryýetinden ugur almalydyr. Pedagogik işde oýun beýleki işjeňlik görnüşleri bilen utgaşdyrylyp bilner, şonda çagalar biri-birine gowy düşünerler. Mysal üçin, öwrediji oýun bilen çagalyk döwrüniň oýunlarynyň utgaşdyrylmagy oňyn netije berýär. Didaktik oýunlar okuw işini talabalaýyk baýlaşdyrýar. Oýnuň kömegi bilen çaganyň pikirlenmesiniň, sözleýşiniň, ýadynyň, akyl ösüşiniň binýady tutulýar.

Öň agzalan innowasion tehnologiýalary ulanmak bilen, bilim beriş işjeňliginiň mazmuny uly ýaşly mekdebe çenli çagalaryň döredijilik ukyplaryny ösdürmäge gönükdirilendir, bu bolsa döredijilikli gurşawy emele getirmegiň esasy şertleriniň biridir, sebäbi diňe döredijilikde bilim-terbiýeçilik işleriniň ähli subýektleriniň öz-özüni ösdürmegini kesgitleýän işjeňlik özgerişi bolup geçýär, guramaçylyk-amaly komponent (tapgyrlar, şertler, görnüşler, usullar) uly ýaşly mekdebe çenli çagalaryň döredijilik ukyplaryny ösdürmek tapgyryny üpjün edýän işjeňligi aňladýar. Tebigat bilen tanyşmagyň barşynda uly ýaşly mekdebe çenli çagalarda döredijilik ukyplarynyň ösdürilmegi tapgyrlar boýunça amala aşyrylýar.

*Näzikjemal Annamyradowa,* **Arkadag şäherindäki 10-njy çagalar bakja-bagynyň terbiýeçi-usulçysy.**

**Makalany ýollan: Arkadag şäheriniň bilim müdirligi.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 1-nji maýy.**

# ÇAGALARDA EMOSIONAL INTELLEKTI ÖSDÜRMEGIŇ ÄHMIÝETINIŇ PSIHOLOGIK ESASLARY

Çaganyň emosional intellekti özüniň we töweregindäkileriň emosiýalaryny tanamaklygyna, beýlekileriň täsirine we emosiýalaryna düşünmegine ýardam edýär. Emosional intellekt çagada dogabitdi bolmaýar, onuň kemala gelşi ädimleýin bolup geçýär. Birinji ädimde emosiýalar kabul edilýär, ýagny çaga özüniň we töweregindäkileriň emosiýalaryny bilip başlaýar. Ikinji ädimde çaga emosiýa düşünip başlaýar, ýagny özüniň we töweregindäkileriň emosiýalarynyň sebäplerine akyl ýetirip, olar bilen pikirleriň arasynda gatnaşyk gurmaga başlaýar. Üçünji ädimde çaga emosiýalaryna erk edip başlaýar, ýagny emosiýalary basyp ýatyryp, oýandyryp bilýär, özüni tanap başlaýar. Dördünji ädimde pikirlenmäni işjeňleşdirmek üçin emosiýalaryny ulanýar.

*Çagalaryň emosional intellektiniň ösüşi onuň çagalar hem ulular bilen aragatnaşyk saklamagynyň netijesinde özüniň hem beýlekileriň duýgularyna akyl ýetirmek ukybyna esaslanýar. Bu hadysanyň psihologik esasy bolup çaganyň emosiýalary bilmek we olara erk edip bilmek başarnygy üçin howpsuz gurşawyň döredilmegi möhümdir. Bu ýerde esasy wezipe çaganyň ata-enesiniň şahsy göreldesidir, çünki olaryň emosional goldawy çaganyň jemgyýete uýgunlaşmagy üçin binýat bolup hyzmat edýär.*

Hususy emosiýalaryň kömegi bilen kelle beýni işjeňleşýär. Emosional intellektiň bu dört sany ädimleýin düzüjisi bir ýa-da beýleki ösüş derejesinde çagada üç ýaşlarynda döreýär. Psihologlar şol ýaşdaky çagalary “kiçijik manipulýatorlar” diýip, ýöne ýerden atlandyrmaýarlar. Olar ene-atanyň ejiz ýerlerini duýup, oňa basyş etmek bilen, isleýän zatlaryny gazanýarlar. Bu hem emosional intellektiň aýdyň mysalydyr. Biziň döwrümizde aýdyň we özüne çekiji adamlar harizmatik şahsyýetler hasaplanýar. Şol özüne çekijiligiň üstüne duýgudaşlygy we özüňi dogry bahalandyryşy hem goşsak, onda adamzat durmuşynda gerekli bolan, töweregindäkiler bilen umumy dil tapýan adam göz öňüne gelýär. Bu ýokary emosional intellekte degişlidir. Emosional intellekt psihiki saglyk bilen berk baglanyşyklydyr, ol näçe ösen bolsa, adamda psihosomatik keselleriň we durnuksyzlygyň derejesi hem azalýar. Berk we sagdyn maşgala gurmak ähtimallygy ýokarlanýar. Hünärmenleriň çaklamasyna görä, şahsy we sosial durmuşyň üstünliginiň 80 göterimini emosional intellekt berýär. Emosional intellekt diňe bir özüniň we beýlekileriň emosiýalaryna düşünmek, olary bahalandyrmak däl-de, eýsem, başga adamlaryň emosiýalaryny başdan geçirmekdir.

“Emosional intellekt” düşünjesi psihologiýa ylmyna berk ornaşandan soňra, hünärmenler onuň ölçeg birligini ýüze çykarmaklyga başlaýarlar. Akyl intellektiniň koeffisiýenti IQ ýaly, emosional intellektiň koeffisiýenti EQ hem ylmy dolanyşyga girizilendir. Adamda, şol sanda, çagada emosional intellekti bahalandyrmak, akyl intellektindäki ýaly, sowalnama arkaly amala aşyrylýar. Çagalar üçin gysga we ýönekeý sowalnamalar berilýär. Şu döwürde emosional intellekti ölçeýän köp sanly onlaýn internet sowalnamalar ulanylýar, ýöne takyk we anyk maglumat almak üçin hünärmene – çaga psihologyna ýüz tutmak zerurdyr. Çaga psihology çaga we ene-ata ýörite sowalnamalary hödürläp, çaganyň emosional intellektiniň derejesini kämilleşdirip biler. Bu ýagdaýa çagalaryň emosional ösüşine pedagogik-psihologik barlaglaryň aýratyn bir ugry hökmünde garalýar.

Häzirki döwürde emosional durnukly çagalar toparda özara we daş-töweregindäki adamlar bilen gatnaşygyny işjeňleşdirýärler. Başgaça aýdylanda, emosional intellektiň kemala gelşine oňaýly durmuşykdysady ýagdaý, çagalar baglarynyň, umumybilim berýän mekdepleriň okuw-terbiýeçilik işleriniň häzirki zaman ösen tehnologiýalarynda guralyşy we maşgalalarda döredilýän amatly ýaşaýyş şertleri ýiti täsir edýär.

Ene-atalaryň ösen emosional intellekti maşgalada çagalaryň emosiýalaryny dogry ösdürmeklerine, onuň uly ýaşly adamlar bilen gatnaşyklaryny kämilleşdirmegine, geljekde ahlak taýdan kämil şahsyýet bolup ýetişmeklerine oňyn täsir edýär. Çaganyň emosional durnuklylygy onuň soňky durmuşyna, ýagny zähmete, jemgyýetçilik işlerine, gatnaşygyna, aň-bilim ösüşine oňyn täsirini ýetirýär. Çaganyň emosiýalary

tanamak ukyplylygy onuň ösüşiniň (ontogeneziniň) möhüm şertidir we emosional intellektiň, mental nusgalarynyň ösüşiniň netijesidir.

Emosional intellekt çaganyň durmuşynyň dowamynda ösýär. Ýokary emosional intellektli çaga öz emosiýalaryna düşünýär we açyp görkezýär. Olar adamlar bilen gatnaşykda emosiýalaryň we duýgularyň ornuny bilmäge, dostlukly gatnaşygy gurmaga we saklamaga, emosiýalaryny beýan edip bilmäge, öz içki dünýäsine akyl ýetirip, ony baýlaşdyrmaga ymtylýarlar. Şeýle hem, çagalar emosiýalaryny sazlap we olara gözegçilik edip bilýärler.

Çagalaryň mekdebe çenli döwürde emosional intellektini ösdürmek üçin şu aşakdaky häsiýetleri kemala getirmek zerurdyr:

- duýgudaşlygy ösdürmek – beýlekileri ünsli diňlemek, duýgur bolmak;
- minnetdar bolmak – minnetdarlyk bildirmek beýleki adamlary özüne çekýär;
- öz-özüňe hormat goýmak – artykmaç we kemter taraplaryňy bilmek;
- toparda işlemegi başarmak – toparyň agzalary bilen hyzmatdaşlyk etmek, olaryň pikirlerini goldap, bilelikde maksada ýetmek üçin hereket etmek;
- emosiýalary beýan etmegi başarmak.

Emosional intellektiň ösüş taglymaty çagalaryň beýlekileriň emosiýalaryny tanamagyny olara düşünmegini we bahalandyrmagy özünde jemleýär. Ene-atalaryň çagalarda, edil akyl intellekti ýaly, emosional intellektiň ösmegi üçin hem mekdebe çenli we irki mekdep ýaşlaryndan aladalanyp başlamagy maksadalaýykdyr. Çaganyň emosional intellektiniň ösüşini birnäçe tapgyra bölüp bolýar:

*Birinji tapgyr.* Mekdebe çenli döwür (4 – 6 ýaş). Bu döwür çagada üç ýaşda başlanýar. Çaga özüni ejesinden aýry, özbaşdak şahsyýet hökmünde duýup ugraýar. Çagada ilkinji emosiýalar toplumy döräp başlaýar. Bu ýagdaýa ene-atalar doly taýýar bolmaly. Çaga gygyrmaly, käýemeli däl, çünki şeýle ýagdaýda emosiýalaryň ösüşinde bökdençlik döräp biler.

Üç ýaşyň ahyrynda çagada sosiallaşma döwri başlanýar. Olaryň çagalar bagynda özbaşdak hereketleri ösüp başlaýar. Şeýle-de bolsa, şol döwürde çagalar ene-atanyň goldawyna mätäçdirler. Bu döwürde çagalary emosiýanyň dürli görnüşleri bilen tanyşdyrmaly: gahar, ýigrenç, gorky, utanç, geň galmak, şatlyk, buýsanç we ş.m. Çagalary emosiýanyň dürli görnüşleri bilen tanyşdyrmakda aşakdaky tehnologiýalary peýdalanmak bolýar:

*Surat çekmegi we oýunlary guramak* ýaly tehniki usullary ulanmak mekdebe çenli ýaşly çagalarda emosional intellekti ösdürmegiň aýrylmaz we esasy bölegine öwrüldi. Oýun mekdebe çenli ýaşly çaganyň tebigy gurşawydyr. Dürli emosiýalary beýan edýän görkezme esbaplaryny, şekilleri ulanmaly. Çagalar dürli emosiýalar bilen tanyşýarlar, olary nähili beýan etmelidigine, saýgarmalydygyna we onuň ýüze çykyşynyň aýratynlyklaryna akyl ýetirýärler. Çagalar öz çeken suratlarynda dürli emosiýalary beýan edip bilýärler.

Çagalar – refleksiw meýdança tehnologiýasyna gatnaşyjylar tegelenip oturyp, berlen ýa-da erkin tema boýunça pikirlerini aýdyp, predmeti birek-birege geçirýärler. Refleksiw meýdança çaganyň emosional dünýäsini we sosial duýgularyny ösdürmegiň täsirli serişdeleriniň biridir.

*Ikinji tapgyr.* Irki mekdep döwri (6 – 12 ýaş). Bu döwürde çaga emosional intellektiň ösüşiniň hil taýdan başga görnüşleri elýeterli bolýar. Empatiýa, beýlekileriň duýgularyna düşünmeklik döräp başlaýar. Bu döwürde edermenlik, tutanýerlilik we beýleki oňyn sypatlar peýda bolýar. Çaga mekdebe çenli döwürde ertekiler arkaly ahlaklylyk bilen tanşan bolsa, onda synpdaşlary we mugallymlary bilen gatnaşykda kommunikatiw başarjaňlygy döreýär.

Emosional intellekt mekdebe çenli we irki mekdep döwründe ösüşe eýe bolýar, şol wagtda-da çaganyň öz-özüne akyl ýetirmegi, emosional kemala gelşi refleksiýanyň we söhbetdeşiniň ornuna özüni goýup görmek ukybynyň döreýänligi bilen şertlenýär.

Mekdebe çenli ýaşly çagalarda emosional intellekti ösdürmekde çagalar baglarynyň hünärmenleriniň we terbiýeçileriniň hyzmaty uludyr. Terbiýeçiler emosional intellekt barada bilimleri çuň öwretmelidirler.

***Kakajan Ataýew,*** **Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň kafedra müdiri, psihologiýa ylymlarynyň kandidaty.**
***Selbi Ataýewa,*** **Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň uly mugallymy.**

**Makalany ýollan: Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersiteti.**
**Kabul edilen wagty: 2025-nji ýylyň 12-nji maýy.**

# MEKDEBE ÇENLI ÇAGALAR EDARALARYNYŇ IŞINE TÄZELIKLERI GIRIZMEGIŇ USULYÝET ESASLARY

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bilim ulgamynda düýpli özgertmeleri amala aşyrmak üstünlikli dowam etdirilýär. Bilimde innowasiýalaryň orny ýokarlanýar, "Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasy" hereket edýär. Konsepsiýada mekdebe çenli çagalar edaralarynyň işine oňyn özgertmeleri ornaşdyrmak babatda bellenilendir. Konsepsiýanyň mazmunyny öwrenmek we ony iş ýüzünde ulanmagy başarmak döwrebap zähmet çekýän her bir pedagogyň, terbiýeçiniň wezipe borjudyr.***

Konsepsiýa laýyklykda, diňe bir umumybilim edaralarynyň däl, eýsem, mekdebe çenli çagalar edaralarynyň işine täzelikleri girizmegiň usulyýet esaslaryny kesgitlemäge giň mümkinçilikler açylýar.

Milli bilim-terbiýe ulgamyna netijeli usullary ornaşdyrmak mekdebe çenli döwürden, çaganyň irki ösüş derejesinden başlanýar. "Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasynyň" mazmunyna laýyklykda, öňdebaryjy iş tejribeleriniň esasynda ýurdumyzyň mekdebe çenli bilim edaralarynda okatmagyň we terbiýelemegiň mazmunynyň yzygiderli baýlaşdyrylmagyna, usulyýetiniň döwrebaplaşdyrylmagyna möhüm ähmiýet berilýär.







Ýeri gelende bellesek, şu Konsepsiýadan öň hem mekdebe çenli edaralaryň işini kämilleşdirmäge, onuň resminamalaýyn esaslaryny pugtalandyrmaga degişli bolan döwlet resminamalary bardyr. "Döwlet mekdebe çenli bilim edaralary hakynda Düzgünnama" mekdebe çenli ýaşly körpeleri mekdebe taýýarlamak, olaryň döwrebap terbiýelenmegini, ösüşini we saglygyny üpjün etmek maksady bilen, hereket edýän esaslyk, kadalaşdyryjy resminamadyr. Düzgünnama Türkmenistanyň "Bilim hakynda" (rejelenen görnüşi, 2021ý.) Kanunyna hem-de döwlet bilim standartlaryna esaslanýar. Şeýle resminamalarda çaganyň şahsyýetiniň kemala getirilmegine, onuň intellektual, beden, ruhy we ahlak taýdan ösmegine, mekdep durmuşyna taýýarlanmagyna ýardam bermegiň düzgünleri bellenilendir. Şeýlelikde, mekdebe çenli çagalar edaralarynyň, çagalar bakja-baglarynyň işiniň guralyş tertibi, bilim bermegiň ugurlary hem-de ony dolandyrmakdaky ýörelgeler döwlet derejesindäki resminamalar arkaly kesgitlenýär.

Mekdebe çenli bilim maksatnamasy boýunça çagalaryň umumy hereketiniň, duýgularynyň, durmuş-emosional, ownuk hereketleriniň, medeni we arassaçylyk endikleriniň sazlaşykly ösüşini gazanmak maksady bilen, terbiýe we bilim bermek işine iň öňdebaryjy innowasion çemeleşmeleri giňden ornaşdyrmak, ylmyň we

tehnikanyň iň täze gazananlaryna esaslanyp, okuw sapaklaryny dünýä tejribesine laýyklykda guramagy dowam etdirmek bellenilendir. Mekdebe çenli bilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek işi çagalarda esasy başarnyklar bolan kommunikatiw başarnyklary (dürli durmuş şertlerinde gepleşik serişdelerinden peýdalanyp bilmek), oýun başarnyklaryny (çagalar oýun oýnanlarynda we oýun gurnanlarynda, öz durmuşynda toplan tejribelerini, alan bilimlerini, özünde kemala gelen endikleri döredijilikli peýdalanyp bilmegi), durmuş başarnyklaryny (çagalaryň ulular we öz ýaşdaşlary bilen dürli durmuş şertlerinde jemgyýetde kabul edilen düzgünlere we kadalara laýyklykda özüňi alyp barmak), bilesigelijilik başarnygyny (daşky gurşawy oýlanyşykly aňlamagy we alan bilimlerini, ukyplaryny hem-de özünde kemala gelen sagdyn durmuş ýörelgelerini okuw we durmuş meselelerini çözmekde peýdalanyp bilmek) kemala getirmäge gönükdirilendir. Şu maksat bilen, mekdebe çenli çagalar edaralarynda terbiýe we bilim bermek işini amala aşyrýan pedagogik işgärler üçin ýörite ylmy-usuly gollanmalar taýýarlanylýar we okuw-terbiýeçilik işlerine ornaşdyrylýar. Mekdebe çenli çagalar edaralarynda terbiýe we bilim bermek işinde dünýä tejribesine işjeň ornaşdyrylýan hem-de çagalaryň sazlaşykly kemala gelmeginiň we ösmeginiň möhüm şerti bolup durýan innowasion tehnologiýalardan peýdalanmaga uly ähmiýet berilýär.

Şu maksat bilen, innowasion tehnologiýalaryň saglygy goraýyş, taslama, gözleg-barlag, maglumat-kommunikasiýa, oýun, çagalaryň döredijilik ukyplaryny ösdürmäge gönükdirilen, okatmagyň ösdüriji, sungat, portfolio tehnologiýalary ýaly ýokary netijeli usullaryny okuw işinde giňden peýdalanmagy ýola goýmak häzirki zaman terbiýeçileriniň öz işlerine degişli täzelikleri girizmegini talap edýär. Bu pedagogik tehnologiýalar döredijilikli ulanylyp, mekdebe çenli ýaşly çagalary mekdebe netijeli taýýarlamak we olaryň geljekde üstünlikli okamaklaryny üpjün etmek üçin, mekdebe çenli çagalar edaralarynyň terbiýeçileriniň hünär başarnyklaryny yzygiderli kämilleşdirmek hem Konsepsiýada bellenilendir. Häzirki wagtda saglyk ýagdaýy sebäpli, mümkinçiligi çäkli çagalar bilen işlemegiň aýratynlyklaryny nazara alyp, sapaklary (inklýuziw bilim) dünýä tejribesine laýyklykda, köpugurly pedagogik işgärleri we olaryň işini usulyýet taýdan düzgünleşdirýän ylmy-usuly we okuw-usuly gollanmalar işlenip taýýarlanylýar. Mekdebe çenli ýaşly çagalaryň mekdebe taýýarlykly gelmeklerini üpjün etmek maksady bilen, mekdebe çenli çagalar edaralary bilen umumybilim berýän edaralaryň arasynda ysnyşykly hyzmatdaşlygyň alnyp barylmagyna üns güýçlenýär. Mekdebe çenli çagalar edaralarynyň bilim işgärleriniň syýasy sowatlylygyny, hünär derejesini ýokarlandyrmak we pedagogik ussatlygyny kämilleşdirmek maksady bilen, pedagogik geňeşiň we usuly sagatlaryň işiniň netijeliligi döwrüň talaplaryna laýyk getirilýär. Şeýle hem, syýasy okuwlaryň mazmuny baýlaşdyrylýar we netijeliligi ýokarlandyrylýar, şägirt-halypa gatnaşyklaryny ösdürmek boýunça ulgamlaýyn işler alnyp barylýar, mekdebe çenli çagalar edaralarynyň işleriniň öňdebaryjy dünýä tejribesine laýyklykda guralmagy babatda ähli tagallalar edilýär. Mekdebe çenli çagalar edaralarynyň pedagogik işgärleriniň psihologiýa, pedagogika, okatmagyň usulyýeti babatdaky dünýä tejribesi boýunça hünär derejelerini ýokarlandyrmak maksady bilen, halkara hyzmatdaşlygy has-da işjeňleşdirilýär. Jemläp aýdanymyzda, Konsepsiýa laýyklykda, mekdebe çenli bilim edaralarynyň işine düýpli täzelikler girizilýär. Şu täzeliklere şahsy goşandyny goşmak körpe nesil bilen işleýän her bir bilim işgäriniň mukaddes borjudyr, çünki "Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasy" mekdebe çenli çagalar edaralarynyň işine täzelikleri girizmegiň usulyýet esasydyr.

***Annabagt Maýewa,* Balkan welaýat Baş bilim müdirliginiň Mekdebe çenli terbiýe, bilim we mekdepden daşary edaralary bölüminiň başlygy, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty.**

**Makalany ýollan: Balkan welaýat Baş bilim müdirligi.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 10-njy iýuly.**







# IŇLIS DILINDE OKUWÇYLARYŇ FONETIK ENDIKLERINI ÖSDÜRMEGIŇ ÝOLLARY

35 ýyllyk toýuny toýlaýan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň dil syýasaty uly ösüşlere eýe bolýar. Mälim bolşy ýaly, Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinde ýurdumyzda dil babatda iňňän öňdengörüjilikli, ynsanperwer syýasat herekete girizildi. Ýurdumyzyň geljegi bolan ýaş nesle üç dili (ene dilimiz bilen bir hatarda, iňlis hem-de rus dillerini) öwretmek bilim işgärleriniň öňünde derwaýys meseleleriň biri edilip goýuldy.

> ***Türkmenistandaky umumybilim berýän mekdeplerde okuwçylaryň iňlis dilindäki fonetik başarnyklaryny kämilleşdirmek üçin sanly serişdeleri we audio materiallary yzygiderli ulanmak örän ähmiýetlidir. Mugallymlar okuw prosesinde türkmen we iňlis dilleriniň ses ulgamyndaky meňzeşlikleri hem-de tapawutlary deňeşdirme usuly arkaly düşündirmelidirler. Şeýle hem, dürs aýdylyşy kemala getirmek üçin interaktiw oýunlar, dil öwrediji goşgular we ritmiki maşklar okuwçylaryň gyzyklanmasyny artdyrýan iň täsirli ýollaryň biridir.***

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň hem-de Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň taýsyz tagallalary bilen, mähriban ýurdumyzyň bilim ulgamyny dünýäniň ösen ýurtlarynyň bilim ulgamynyň derejesine ýetirmek maksady bilen bagly düýpli özgertmelere badalga berildi hem-de olar taryhy jähetden gysga döwrüň içinde durmuşa ornaşdyryldy. Ýurdumyzyň bilim ulgamyny özgertmek hem-de kämilleşdirmek üçin kabul edilen taryhy resminamalar bilim ulgamynyň ösüşleriniň ýol kartasyna öwrüldi. Ýaşlarymyzyň bilim ulgamynda dünýä derejesinde gazanýan üstünlikleri bolsa göwnümizi tolgundyrýar, pedagogik işgärleri buýsandyrýar.

Hawa, wagt geçýär. Heňňam aýlanýar. Häzirki döwürde umumybilim berýän mekdeplerde on sany daşary ýurt dili

öwrenilýär. Olar Ýewropanyň, Amerikanyň, Uzak hem-de Ýakyn Gündogaryň iň ýörgünli dilleridir. Zehinli türkmen ýaşlary bolsa bu gün Langston Hughes ýaly dünýä edebiýatynyň hazynasyna saldamly goşant goşan şahyr-ýazyjylaryň eserlerini ýokarda agzalan daşary ýurt dillerinden göni terjime edýärler.

Kämilligiň çägi ýok diýleni. Biziň şu makalamyzyň esasy maksady daşary ýurt dili mugallymlarymyza – umumybilim berýän mekdeplerimizde iňlis dili sapaklarynda bu diliň ses ulgamyny öwretmek babatda käbir maslahatlar bermek.

Ynsanyň dili özboluşly ulgamdyr. Bu ulgamyň esasy aýratynlygy onuň ulanmasy ýeňil bolan şertli belgilerden durýanlygydyr. Bu şertli belgileri hasyl etmek üçin, mälim bolşy ýaly, dünýä dilleriniň ählisinde sesler (fonemalar) ulanylýar. Şu jähetden, adamzadyň dilleri meňzeşdir we uniwersal häsiýete eýedir. Sesler bolsa diliň many aňlatmaýan, emma diliň many aňladyjy birliklerini (sözleri we sözlemleri) hasyl edýän iň kiçi bölegidir. Şeýlelikde, diliň şertli belgilerini hasyl edýän sesleriň dilleri ulanmak üçin nähili derwaýysdygy aýan bolýar. Mahlasy, adamzadyň dilinde sesler uly ähmiýete eýedir. Muňa garamazdan, daşary ýurt dili okadylanda, dürli sebäplere görä, sesleri, sözleri we sözlemleri dürs aýtmagy öwretmek (*pronunciation*), biziň pikirimizçe, şu wagta çenli iň az üns berlen endikleriň biridir. Hakykatda bolsa, bu endik daşary ýurt dilinde sözleýiş endiginiň möhüm düzüm bölegidir. Sözleýiş bolsa, öz gezeginde, kommunikasiýada (dilüsti aragatnaşykda) iň möhüm dil endigidir.

Eýsem, näme üçin sözleýşiň bu düzüm bölegine daşary ýurt dillerini okatmakda häzire çenli ýeterlik üns berilmän geldikä? Biziň pikirimizçe, munuň sebäbi, bir tarapdan, öz ene dilimizi öwrenişimiz bilen baglydyr. Üns bersek, ene dilimizde sesleri, sözlemleri aýtma endigi, umuman sözleýiş, gürleme endigi bize çagalykdan ene-atalarymyzdan, maşgalamyzdan, dogan-garyndaşlarymyzdan, daşky dil gurşawyndan doly aňşyrylman geçýär. Çaga ony ýörite öwrenmeýär. Onuň esasynda bolsa, çaganyň reseptiw psihologik endigi hem-de öýkünmesi ýatyr. Başga bir tarapdan bolsa, daşary ýurt dilinde sesleri aýtma endigi adamyň daşary ýurt dilinde öz pikirini beýan etmegi ýa-da daşary ýurt diline düşünmegi üçin, göräýmäge, aýdaly, daşary ýurt diliniň leksikasy, grammatikasy, sintaksisi ýaly möhüm däl endik hasap edilen bolmagy hem ähtimal. Biziň şu pikirimizi, bellibir derejede, häzirki wagta çenli daşary ýurt dillerini okatmagyň taryhynda ulanyşda bolan grammatik terjime, audio-lingual ýaly dil öwreniş usullary hem tassyklaýar.

Ýaşlara sesleri, sözleri we sözlemleri dogry hem-de dürs heň (intonasiýa) bilen aýtmagy öwretmek daşary ýurt dillerini okatmakda örän möhümdir. Muňa usulýýet biliminde "diliň fonetikasyny hem-de prosodiýasyny segment we suprasegment derejelerinde öwretmek" diýilýär. Şonuň üçin hem mugallym okuwçylara fonetikany öwretmäge we olaryň dürs fonetik endiklerini kemala getirmäge sowuk-sala garamaly däldir.

Umumybilim berýän mekdeplerde daşary ýurt diliniň fonetikasyny hem-de prosodiýasyny okuwçylara öwretmekde mugallymyň orny örän uludyr. Has takygy, daşary ýurt dilinde fonetiki dil endikleriniň binýadyny tutmak ilki bilen, başlangyç synp mugallymlarynyň paýyna düşýär. Aslynda, başlangyç synp okuwçylary ol endikleri diňe öz mugallymynyň üsti bilen öwrenip bilýär, sebäbi olar şol dilde ene dili hökmünde gürleýän adamlar bilen öz gündelik durmuşynda duşuşyp durmaýarlar. Başgaça aýdanyňda, mugallymynyň fonetikasy hem-de prosodiýasy mekdep okuwçysy üçin nusgalykdyr. Şonuň üçin daşary ýurt dilinde



mugallymyň öz sesleri, prosodiýasy dürs bolmalydyr. Şeýlelikde, umumybilim berýän mekdepleriň mugallymlarynyň hem-de mugallymçylyk ugurly orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň işgärleriniň daşary ýurt dilleri boýunça mugallymlary taýýarlamakda şu meseläni gözden salmazlyklary derwaýysdyr. Bu babatda, çaganyň başlangyç synplarda öz ýaş aýratynlygyna görä bilim maglumatlaryny özleşdiriş, öwreniş endiginiň, esasan, oýun hem-de öýkünme usulyna daýanýandygyny hem ýatladasymyz gelýär.

Indi bolsa, okadylýan daşary ýurt diliniň fonetikasyny öwretmek boýunça türkmen çagalarynyň duş gelýän käbir kynçylyklarynyň üstünde durup, öz iş tejribämiziň esasynda olary ýeňip geçmek babatda mugallyma usuly maslahatlar bereliň.

Ilki bilen mugallymyň özüniň dilde ulanylýan sesleriň tebigatyny öwrenmekde dil biliminde üç dürli ugrunyň bardygyny bilmegi zerurdyr. Olara anatomiýa-fiziologik, akustik hem-de lingwistik ugurlar diýilýär. Birinji ugur sesleriň adamyň sözleýiş agzalarynyň (dem alyş, owaz dörediji, ses dörediji we ş.m. agzalaryň) hereketleriniň netijesinde ýüze çykýandygyny görkezse, ikinji ugur döredilýän sesleriň fiziki, akustik aýratynlyklaryny (güýjüni, uzynlygyny, beýikligini, öwüşginligini we ş.m.) öwrenýär. Üçünji ugur bolsa sesleriň kommunikasiýa hadysasynda ýerine ýetirýän hyzmatyny, ýagny many aňlatmaga gatnaşygyny öwrenýär. Mugallymyň diliň ýokardaky fonetik aýratynlyklaryna göz ýetirmegi, onuň daşary ýurt dilleriniň fonetikasyny öz okuwçylaryna netijeli öwretmegine ýardam edip biler. Olaryň esasynda mugallym daşary ýurt diliniň seslerini aýtmakda okuwçynyň çekýän kynçylyklaryny anyklap, oňa ýardam etmegiň ýollaryny tapyp biler.

Mälim bolşy ýaly, ilki bilen, daşary ýurt dili öwrenilip başlanylanda, öwrenýän diliniň (L2) käbir sesleriniň öz ene diliniň (L1) seslerinden üýtgeşikligi okuwçynyň gözüne ilýär. Bu didaktikanyň bilim almagyň, öwrenmegiň esasy ýörelgeleriniň biri bolan deňeşdirme we degşirme ýörelgesi bilen baglylykda ýüze çykýan tebigy ýagdaýdyr. Mysal üçin, türkmen çagalary üçin iňlis dilindäki [ə, ɜː, æ, ʌ, ɑː, ɔ, ɔː, t, d, r, s, θ, ð, z, l, h, w] ýaly sesleriň aýdylyşy kynrak bolup biler. Mugallym çagalaryň ünsüni şol sesleriň aýratynlykda hem-de söz içinde (kontekstde) utgaşyp gelýän ýagdaýlaryna ünsüni çekip, olaryň aýdylyş, hasyl ediliş (artikulýasiýa) ýollaryny görkezmeli, ýagny bu sesleriň amal edilişinde gepleýiş organlarynyň (diliň, dodaklaryň, burun boşlugynyň we ş.m.) hereketlerini we ýagdaýyny okuwça anyk görkezmegi başarmaly. Mundan soňra mugallym okuwçylara şol sesleri hasyl etmegi öwrenmek hem-de türgenleşmek üçin maksadalaýyk gönükmeleri (phonetic drills) taýýarlamaly hem-de işletmeli. Bu gönükmeler, mysal üçin, sapagyň guramaçylyk pursadynda öwredilýän sesleri öz içine alýan ýaňyltmaçlardyr sanawaçlar, ýeňiljek goşgujyklar görnüşinde hem berlip bilner. Fonetiki gönükmeler daşary ýurt dili sapagynda toparlaýyn hem-de aýratynlykda hem işlenip bilner.

Başlangyç synplarda sesleriň üstünde işlemek, esasan, imitasiýa (öýkünme) usulynda alnyp barylmalydyr, emma bilimiň orta basgançagynda, ýagny iňlis dilinden okuw kitaplarynda transkripsiýa girizilenden soň, mugallym okuwça özbaşdak işlemek üçin goşmaça transkripsiýada ýazylan türgenleşik gönükmelerini hem berip biler. Bu döwürde okuwçylarda, olaryň ýaş aýratynlygyna laýyklykda, özbaşdak işlemek endikleri, kognitiw (düşüniş, akyl ýetiriş) endikleri peýda bolýar.

Iňlis dilinde sözleriň düzüminde sesler (fonemalar) çalşyrylsa, sözleriň manysy hem üýtgäp bilýär. Muňa dil biliminde “fonemanyň many üýtgedijilik häsiýeti” diýilýär. Bu hadysa hem çekimli hem-de çekimsiz seslere mahsusdyr. Mysal üçin, **cat – cut** (**minimal pairs**), **ship – sheep** (**short and long vowels**) **sink – think** (**dental and interdental consonants**) ýaly sözlerde tapawutlandyrylan sesler içinde gelýän sözleriň manysyny üýtgedýär. Beýle diýildigi, olary dürs ulanyp bilmezlik beýan ediljek bolýan pikiriň many taýdan ýoýulmagyna, sözleýişde ýalňyşlyga, birek-birege düşünişmezlige getirýär.

Ýokarda getirilen birinji mysaly ulanyp, iňlis dilinde edil biziň öz ene dilimizdäki ýaly, çekimli sesleriň hem uzyn hem-de gysga görnüşleriniň bolup, bu hadysanyň fonematik hyzmatyny, ýagny sözleriň manysyny üýtgetmäge gatnaşygyny düşündirip bolar. Şonuň üçin mugallym okuwçynyň ünsüni, gerek bolan ýagdaýynda, çekimlileriň bu häsiýetine hem çekmelidir (mysal üçin: **seat** – **sit**, **port** – **pot** ).

Okuwçylaryň ünsüni çekmeli zatlaryň ýene-de biri, iňlis dilinde çekimsiz sesleriň açyk hem-de dymyk görnüşleriniň, ýagny öz taýlarynyň bolýanlygydyr (t-d, p-b, f-v, s-z, k-g). Olary nädogry, çalşyryp ulanmak hem sözleriň manysyny üýtgedip bilýär we gepleşikde düşünişmezlige, aýdyljak pikiriň ýoýulmagyna getirýär (**try** – **dry**, **pass** – **bass** we ş.m.).

Indi daşary ýurt dillerinde sözleýişde okuwçynyň ene diliniň täsiri astynda ýüze çykýan fonetiki ýalňyşlaryň üstünde durup geçeliň hem-de olary düzetmegiň usullaryny görkezmäge çalşalyň. Daşary ýurt dilinde sözleýän adamyň ene diliniň täsiri sebäpli goýberýän fonetik ýalňyşlaryna *aksent* (*çalgyrtlyk, çalgyrt gepleýiş*) diýilýär. Iňlis dilini daşary ýurt dili hökmünde okatmagyň usulyýetine seljerme berilýän ylmy işlerde ene dili ispan, fransuz, nemes, hytaý, ýapon, arap, türk we ş.m. diller bolan öwrenijileriň aksenti (dil çalgyrtlygy) barada söz açylýar. Bize bu babatda ene dili türkmen dili bolan öwrenijiler bilen bagly düýpli, ulgamlaýyn işiň gabat gelmändigini bellemelidiris. Dogrusy, türk dili bilen bagly ýazylan işler bu meselede bellibir derejede peýda berdi, emma türk diliniň fonetik ulgamynyň, tipologik umumylygyna garamazdan, türkmen diliniňkiden tapawudynyň bardygyny göz öňüne getirsek, onda usuly-seljerme işinde, esasan, öz iş tejribämize daýanmaly bolýar:

Iňlis diliniň [θ, ð] dişara çekimsiz seslerini (*interdental consonants*) aýtmak türkmen çagalary üçin bellibir derejede kynçylyk döredip biler. Türkmen edebi dilinde barlygyna garamazdan, bu sesler käbir türkmen şiwesinde ýokdur. Şonuň üçin hem ol iňlis sesleri ýakynrak bolan dişdüýbi iňlis çekimsiz sesleri (*apical consonants*) bilen çalşyrylyp bilner (mysal üçin, [s] ýa-da [z] sesleri).

Şonuň ýaly-da, türkmen edebi dilinde iňlis diliniň alyn diş bilen kentlewügiň aralygynda aýdylýan dilujy *s* hem-de *z* sesleri hem ýokdur. Şol sebäpli, türkmen çagalary bu sesleri aýtmakda hem kynçylyk çekip bilerler. Köplenç ýagdaýlarda iňlis diliniň bu seslerini türkmen çagalary ýokarda getirilen iňlis diliniň dişara çekimsiz sesleri [θ] we [ð] bilen çalşyp aýdýarlar.

Iňlis dilinde w (*goşa dodak çekimsizi – bilabial consonant*), şeýle hem v dodak diş çekimsizi (*labiodental consonant*) bar. Türkmen dilinde dodak diş çekimsizi ýok, ýöne alymlar bu sesiň sözde geliş orny boýunça görnüşleriniň biri-birinden birneme tapawutlanýandygyny belleýärler. Şeýlelikde, bu hadysanyň hem türkmen çagalary üçin agzalýan sesleri dürs aýtmakda özboluşly kynçylyk döredip biljegi şübhesizdir. Mysal üçin, **voice, vote, volume** ýaly sözlerde dodak diş çekimlisiniň ýerine goşa dodak çekimlisi [w] ulanylyp biler. Şeýle hem, bu sesleriň gezekleşip gelýän sözleri hem kynçylyk döredip biler (We were weavers, weavers we were).

Iňlis dilinde sözüň dürli orunlarynda (başynda, ortasynda hem-de ahyrynda) iki-üç, hatda, ondan hem köp çekimsiz sesleriň arasynda çekimli ses bolman ýanaşyk gelmegi (consonant clusters) tebigydyr (mysal üçin: **spi:k, tri:, dısk, stri:t, flægz, ə'geınst, slouli**). Bu hadysa, mälim bolşy ýaly, turki dillere, şol sanda, türkmen diline hem mahsus däldir. Şonuň üçin hem ýokarda getirilen mysallara meňzeş çekimsizleriň ýanaşyk gelýän iňlis sözlerini aýtmak türkmen çagalary üçin aňsat düşmeýär, okuwçylar bu hili ýanaşyk çekimsizleri aýtmak üçin olaryň arasyna ýa-da önünden çekimli ses goşup aýdýarlar ( mysal üçin: ıspi:k, tıri:, dısık, ıstri:t, flægız, ə'geınıst, ısloulı).

Iňlis dilinde [l] ses, söz içinde gelýän ornuna garamazdan, hemişe ýogyn aýdylmaly. Türkmen çagalary bu sesi ene diliniň täsiri astynda [i:, æ] ýaly alynky hatar çekimlilerden öň gelende, ýumşadyp aýdýarlar (mysal üçin: lamp, lamb, black, please. pleasure).

Biz ýokarda iňlis dilini öwrenenlerinde, türkmen çagalarynda ýüze çykyp biläýjek käbir fonetiki ýalňyşlyklary belläp geçdik. Biz bu netijeleri okuwçylaryň ene dili (*L1-mother tongue*) bilen öwrenilýän daşary ýurt dilini (*L2–target language*) tipologik degşirme usulynyň esasynda seljerip, şeýle hem, okuwçylaryň gündelik sapaklaryna gözegçilik etmek usuly arkaly öwrendik. Muňa garamazdan, mekdep okuwçylarynyň, hemme derslerde bolşy ýaly, daşary ýurt dillerini öwrenmekde hem ukyp-başarnyklarynyň dürli-dürli bolýandygyny unutmaly däldir. Bu mesele, gürrüňsiz, daşary ýurt dillerini öwretmekde, öwrenmekde hem ýüze çykýar. Şonuň üçin hem daşary ýurt dili mugallymy bu meseläni çözmeklige oýlanyşykly hem-de döredijilikli çemeleşmelidir. Ýokarda belleýşimiz ýaly, mugallym okuwçylarda ýüze çykyp biläýjek fonetik ýalňyşlary düzetmegiň ýollaryny çuňňur öwrenmelidir hem-de ony öz gündelik okuw işine ornaşdyrmalydyr.

***Rejepaly Nazarow,*** **Türkmenistanyň Milli bilim institutynyň bölüm müdiri, filologiýa ylymlarynyň kandidaty, dosent.**

**Makalany ýollan: Türkmenistanyň Milli bilim instituty.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 20-nji maýy.**

# ÝOKARY SYNP OKUWÇYLARYNA TÄZE TEHNOLOGIÝALARYŇ ESASYNY DÜZÝÄN FIZIKI HADYSALARY ÖWRETMEGIŇ USULYÝETI

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň başda durmagynda ýurdumyzyň umumybilim edaralarynyň işiniň gurluşyny we mazmunyny oňyn özgertmek babatda ägirt uly işler durmuşa geçirilýär. Okuw sapaklarynyň hil derejesini ýokarlandyrmaga, täze tehnologiýalar esasynda okadylýan sapaklaryň many-mazmunyny täzelemäge aýratyn üns berilýär. Okuw işini innowasiýalar esasynda guramak babatda dünýä ülňülerine laýyk getirilen tejribeler giňden peýdalanylýar. Şunuň bilen baglanyşyklylykda, ýokary synp okuwçylaryna täze tehnologiýalaryň esasyny düzýän fiziki hadysalary öwretmegiň usulyýetini kämilleşdirmegiň möhümligi ýüze çykýar. Täze usulyýetleri okuw derslerini öwretmegiň mazmunyna ornaşdyrmak bolsa döwrümiziň talabydyr.*

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ýurdumyzyň halk hojalygynyň dürli pudaklarynda ylmyň iň soňky gazananlaryna, innowasion tehnologiýalara esaslandyrylan önümçilik enjamlary ulanylyşa girizilýär. Ýurdumyzyň orta mekdepleriniň ýokary synp okuwçylaryna, ýörite we tehniki ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryna täze tehnologiýalaryň esasyny düzýän fiziki hadysalaryň düýp mazmunyny düşündirmek örän möhümdir. Şu nukdaýnazardan, ýurdumyzda soňky ýyllarda täze innowasion tehnologiýalara esaslanan gaz turbinaly elektrik stansiýalarynyň işleýşini öwrenmek derwaýys meseledir.

Makalada beýan edilen maglumatlar orta mekdepleriň 10-njy synplarynda fizika dersinden geçilýän "Ýylylyk hereketlendirijileri. Karnonyň aýlawly prosesi", "Gaz we bug turbinalary. Reaktiw hereketlendirijiler" atly temalaryň mazmunyny has hem giňişleýin açmaga we olary çuňňur öwrenmäge ýardam berer.

Tehnikanyň we tehnologiýanyň ösmegi bilen, elektrik energiýasyna bolan isleg barha artýar. Bu bolsa energetika pudagynyň hasda ösdürilmegini talap edýär. Häzirki wagtda ýurdumyzda kuwwatlylygy 7 müň MWt golaý, jemi 11 sany elektrik stansiýa işleýär. Bu elektrik stansiýalar elektrik we ýylylyk energiýasyny öndürýän desga bolup, olarda elektrik generatory herekete getiriji hökmünde gaz turbinasy hyzmat edýär. Häzirki zaman gaz turbinaly desgalaryň peýdaly täsir koeffisiýenti (PTK-sy) 33-39% düzýär. Işlenip çykarylan gazyň temperaturasynyň ýokary bolmagy kuwwatly gaz turbinaly desgalarda gaz we bug turbinalaryny utgaşdyryp ulanmak mümkinçiligini berýär. Şeýle çemeleşme ýangyjy ulanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmaga ýardam edýär we desgalaryň elektrik PTK-syny 57-59%-e çenli ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Mary döwlet elektrik stansiýasynda 2018-nji ýylyň sentýabr aýynda utgaşykly dolanyşykda işleýän täze elektrik bekedi işe girizildi. Bu işleriň netijesinde elektrik bekediniň jemi kuwwaty 2985,7 MWt çenli ýokarlandy. Bu döwrebap elektrik stansiýasynda dünýä meşhur "General Electric" amerikan kompaniýasynyň gaz turbinalarynyň 4-si we bug turbinalarynyň 2-si oturdylandyr. Bu stansiýanyň işiniň aýratynlygy gaz turbinalaryndan çykýan zyýanly gazlaryň ýylylygyny bug turbinalarynda ulanmak arkaly goşmaça elektrik energiýasynyň öndürilmegidir. Bu döwrebap tehnologiýanyň pudaga ornaşdyrylmagy ýurdumyzda galyndysyz önümçiligi guramaga, daşky gurşawa zyňylýan zyýanly galyndylaryň möçberini ep-esli azaltmaga, şeýle hem, elektrik energiýasyny öndürmek üçin sarp edilýän tebigy gazy tygşytlamaga mümkinçilik berdi. Bugly-gazly elektrik stansiýalar diňe bir ykdysady taýdan däl, eýsem, ekologiýa babatda hem özüne çekijidir, çünki onda ýanan önümler kömürturşy gazynyň howa goýberilişi 2-3 esse azalýar (*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň elektroenergetika kuwwaty. – Aşgabat: TDNG, 2022.).

Mundan başga-da, zerurlyga baglylykda, gaz turbinaly desgalary suw gyzdyryjy ýa-da bug gazanlar bilen üpjün edilýär. Bu bolsa önümçilik zerurlygy üçin dürli basyşly buglary ýa-da standart temperaturaly gyzgyn suwy almaga mümkinçilik berýär.

Gaz turbinaly desgalaryň aýlawly hereketi iki görnüşde bolýar: ýangyjyň hemişelik basyşda we hemişelik göwrümde ýanýan aýlawy. Tejribede, esasan, ýangyjyň hemişelik basyşda ýanýan aýlawly hereketi boýunça işleýän gaz turbinaly desgalary ulanylýar. *1-nji suratda* ýangyjyň hemişelik basyşda ýanýan aýlawly hereketi boýunça işleýän sada gaz turbinaly desgasynyň çyzgysy şekillendirilendir. Ýangyç nasosy (2), kompressor (4), gaz turbinasy (8) we elektrogenerator (10) umumy walda ýerleşýär. Kompressor (4) atmosfera howasyny sorup, käbir basyşa çenli adiabatik gysýar we ýangyjyň ýanýan kamerasyna (5) gönükdirýär. Şol ýere hem ýangyç saklanýan bakdan (1), ýangyç nasosynyň (2) üsti bilen forsunkadan (3) ýangyç pürkülýär. Ýangyç suwuk ýa-da gaz görnüşde hem bolup bilýär. Ýangyç gaz görnüşli bolsa, nasosyň ornuna gaz kompressory ulanylýar (*Е.М.Соколов, В.М.Бродянский.* Энергетические основы трансформации тепла и процессов охлаждения.– Москва, 1981.).

**1-nji surat**




Kamerada ýangyç hemişelik basyşda ýanandan soň, ýangyjyň ýanan önümleri turbinanyň lülelerine (soplalaryna) (6) gönükdirilýär. Ol ýerde gaz adiabatik giňelip, mehaniki iş edýär, ýagny gaz turbinasynyň (8) pilçelerine (7) urlup, turbinanyň çarhyny aýlaýar. Soňra işlenip çykarylan gazlar daşary çykarýan sowma turbasy (9) arkaly atmosfera zyňylýar.

Kamerada ýanýan ýangyjyň we ondan çykan ýanan önümleriň temperaturasy 2000°C çenli ýetýär. Bu ýagdaý kameranyň metalynyň we turbinanyň pilçeleriniň zaýalanmagyna getirip bilýär. Onuň öňüni almak maksady bilen, kamera gereginden artyk köp mukdarda (takmynan 5 esse) howa berilýär. Bu gazyň gyzgynlygyny 1000-1300°C temperatura çenli peseldýär we metaly zaýalanmakdan goraýar.

**1-nji çyzgy**




1-nji çyzgy T-S diagrammada ýylylygyň hemişelik basyşda berilmegi bilen işleýän gaz turbinaly desganyň ideal termodinamik aýlawly hereketi şekillendirilen. Işçi jisim hökmünde kompressorda howa, ýangyç kamerasynda we turbinada ýangyjyň ýanan önümleri hyzmat edýär.

Aýlawly hereketiň bölümleri:

1-2 – kompressorda howanyň adiabatik gysylmasy (basyş $p_1$-den $p_2$-ä, temperatura $T_1$-den $T_2$-ä çenli ýokarlanýar). Adiabatik hadysada, termodinamikanyň II başlangyjyna laýyklykda, entropiýanyň üýtgemegi hemişelik galýar, ýagny

$$\Delta S = \frac{\delta Q}{T} = 0;$$

2-3 – ýangyç ýananda emele gelýän $q1$ ýylylygyň berilmegi bilen kamerada işçi jisimiň izobarik ($p_2 = const$) giňelmesi (temperatura $T_2$-den $T_3$-e çenli ýokarlanýar). Bu prosesde ýangyç kamerasynda ýangyç ýanýar;

3-4 – gaz turbinanyň lülelerinde (soplalarynda) işçi jisimiň başlangyç $p_1$ basyşa çenli adiabatik giňelmesi (temperatura $T_3$-den $T_4$-e çenli peselýär). Bu prosesde ýangyjyň ýanan önümleri lülelerde (soplalarda) giňelýär we turbinanyň çarhyny aýlaýar;

4-1 – $q_2$ ýylylygyň şertli *izobarik* ($p_1$ = *const*) alynmagy (sistema $p_1$, $T_1$, $V_1$ parametrli başlangyç ýagdaýa gaýdyp gelýär). Bu prosesde ähli ýanan önümler turbinadan atmosfera zyňylýar we kompressora täzeden atmosfera howasy sorulýar.

Gaz turbinaly desganyň aýlawly prosesiniň termiki PTK-syny kesgitlemek üçin işçi jisimi hemişelik ýylylyk sygymly ideal gaz diýip hasap ederis. 2-3 prosesde işçi jisime berlen we 4-1 hereketde ondan alnan udel ýylylyk mukdarlary

$$q_1 = c_p\,(T_3 - T_2), \qquad q_2 = c_p\,(T_4 - T_1),$$

deň bolar. Diýmek, aýlawly prosesiň termiki PTK-sy:
$$\eta_t = 1 - \frac{T_4 - T_1}{T_3 - T_2}.$$

Aýlawly hereketiň häsiýetli nokatlarynda işçi jisimiň eýe bolýan temperaturalary aşakdaky ýaly kesgitlenýär, ýagny 2 nokatda – kompressorda howanyň adiabatik gysylandaky eýe bolan ahyrky temperaturasy:
$$T_2 = T_1\left(\frac{p_2}{p_1}\right)^{\frac{\gamma-1}{\gamma}} = T_1\cdot\lambda^{\frac{\gamma-1}{\gamma}},$$
Bu ýerde $\rho = \frac{V_3}{V_2}$ – kompressorda howanyň basyşynyň ýokarlanma derejesi;

3 nokatda – $q_1$ ýylylygyň berilmegi bilen kamerada işçi jisimiň izobarik giňelendäki ahyrky (turbinanyň girişindäki) temperaturasy:
$$T_3 = T_2\frac{V_3}{V_2} = T_1\cdot\lambda^{\frac{\gamma-1}{\gamma}}\cdot\rho,$$
Bu ýerde $\lambda = \frac{p_2}{p_1}$ – ýangyç kamerasynda işçi jisimiň giňelme derejesi;

4 nokatda – işçi jisimiň gaz turbinada adiabatik giňelenden soň eýe bolan ahyrky temperaturasy
$$T_4 = T_3\left(\frac{p_4}{p_3}\right)^{\frac{\gamma-1}{\gamma}} = T_3\cdot\left(\frac{p_1}{p_2}\right)^{\frac{\gamma-1}{\gamma}} = T_1\cdot\lambda^{\frac{\gamma-1}{\gamma}}\cdot\rho\cdot\lambda^{-\left(\frac{\gamma-1}{\gamma}\right)} = T_1\cdot\rho$$
deň bolýar. Şeýlelikde, gutarnykly alarys
$$\eta_t = 1 - \frac{1}{\lambda^{\frac{\gamma-1}{\gamma}}}$$
ýagny aýlawly hereketiň termiki PTK-sy diňe kompressorda howanyň basyşynyň $\lambda$ ýokarlanma derejesine bagly bolup, aýlawly prosesiň ýerine ýetýän başlangyç we ahyrky temperaturasyna bagly däl. Aýlawly prosesiň termiki PTK-synyň onuň çäk temperaturalaryna bagly bolmazlygy ýylylygyň berilýän we alynýan proseslerinde $c_p$ ýylylyk sygymlaryň birmeňzeş bahalary bilen şertlendirilen (*Е.М.Соколов, В.М.Бродянский.* Энергетические основы трансформации тепла и процессов охлаждения. – Москва, 1981.).

Gaz turbinaly desgalaryň aýratynlygy: olar suwuk we gaz görnüşli ýangyçlaryň dürli görnüşlerinde işlemäge ukyply. Bu desgalarda tebigy gaz, kerosin, biogaz (akdyrylýan hapa suwlaryň, zir-zibilleriň we ş.m. galyndylaryndan emele gelen gaz), dizel ýangyjy, şahta gazy, koks gazy, agaç gazy we başgalar ulanylýar. Käbir gaz turbinalar düzüminde metanyň az mukdary (30%-e çenli) bar bolan pes kaloriýaly ýangyçlarda hem işläp bilýär. Şol sebäpli, bu desgalary senagatyň nebiti gaýtadan işläp çykarýan, gaz çykarýan, metal işläp taýýarlaýan, agaç işläp taýýarlaýan, galyndylary gaýtadan ulanýan, metallurgiýa, oba hojalygy ýaly dürli pudaklarda ulanmak mümkinçiligi bardyr (https://www.elektro-expo.ru/ru/articles/gazoturbinnaya-ustanovka/).

Makalada getirilen maglumatlar fakultatiw sapaklarynda fizika mugallymlaryna, takyk ugur boýunça ýöriteleşdirilen synplaryň okuwçylaryna we tehniki ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryna usuly kömek bolar diýip pikir edýäris.

Häzirki döwrüň täze tehnologiýalaryň zamanasydygy mälimdir. Ýokarda bellenilenleri jemläp aýdanymyzda, tebigat bilen berk baglanyşykly bolan fizika dersinde täze tehnologiýalaryň esasyny düzýän fiziki hadysalary öwretmek möhümdir.

Döwrebaplygy bilen tapawutlanýan şu meseleler bilen tanyşdyrmak we olaryň mazmunyny öwretmek üçin orta mekdepleriň ýokary synp okuwçylary bilen işlemek maksadalaýykdyr, muny biziň köpýyllyk iş tejribämiz hem görkezýär.

Orta mekdepleriň ýokary synp okuwçylary, özleriniň ýaş aýratynlyklaryna laýyklykda, täze tehnologiýalara düşünmäge we olardan baş çykarmaga ukyplydyrlar Şu nukdaýnazardan garalanda, makalanyň mazmunynda beýan edilen usuly maglumatlar döwrebap işleýän fizika mugallymlary üçin peýdaly gollanma bolar.

Bize döwrebap ýokary bilim alyp, kämil hünärmenler bolup ýetişmäge hemme şertleri döredip berýän hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa köp sagbolsun aýdýarys.

**_Anna Nurgeldiýew,_ Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň dosenti, tehniki ylymlaryň kandidaty.**
**_Jennet Akyýewa,_ şol uniwersitetiň mugallymy.**

**Makalany ýollan: Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 28-nji ýanwary.**

# FIZIKADAN OLIMPIADA MESELELERINI ÇÖZMEGIŇ NETIJELI USULLARY

***Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň düýbüni berkden tutan berkarar döwletimizde hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli döwlet syýasatynyň, ýadawsyz tagallalarynyň netijesinde Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň "Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan - bedew batly at-myradyň mekany" ýylynda ýaşlaryň dünýä derejesinde bilim-terbiýe almaklary, ylmy-döredijilik işleri bilen meşgullanmaklary üçin ägirt uly işler alnyp barylýar. Ýaş nesliň ukyp-başarnyklaryny, zehinlerini açyp görkezmek bilim ulgamynda alnyp barylýan işleriň aýrylmaz bölegidir. Mekdep okuwçylarynyň özbaşdak pikirlenmeklerini, bilim başarnyklaryny ele almaklaryny ösdürmekde, dürli dersler boýunça okuwa ýetişikleriniň hilini gowulandyrmakda dürli ders bäsleşiklerine, olimpiadalara taýýarlamagyň uly ähmiýeti bardyr. Şonuň üçin-de fizikadan olimpiada meselelerini çözmegiň netijeli usullaryny kärdeşlerimize hödürlemegi makul bildik.***

Ýurdumyzyň dünýäniň ylym-bilim giňişligine sazlaşykly goşulyşýan häzirki döwründe okatmagyň mazmunyny baýlaşdyrmak, onuň döwrebap, netijeli usullaryny ulanmak, innowasion tehnologiýalardan döredijilikli peýdalanmak, ykdysadyýetiň pudaklary üçin bilimli, ökde hünärmenleri taýýarlamak ýokary okuw mekdepleriniň öňünde durýan esasy wezipelerdir. Ýaşlarymyzyň ylym-bilim bilen içgin meşgullanmaklary üçin döredilýän giň mümkinçilikleriň netijesinde, okuwçylar halkara derejesinde geçirilýän ders olimpiadalaryna işjeň gatnaşýarlar we ýokary netijeleri görkezýärler. Halkara bilim bäsleşiklerinde ýaşlarymyzyň gazanýan şeýle ajaýyp üstünlikleri hormatly Prezidentimiziň amala aşyrýan ylym-bilim syýasatynyň has-da dabaralanýandygyny we onuň halkara derejesine çykýandygyny subut edýär.

Halkara olimpiadalarynda mekdep okuwçylaryna hödürlenýän ýumuşlar çylşyrymlylygy bilen tapawutlanýar. Şonuň üçin olimpiada taýýarlyk sapaklarynda meseleleri çözmegiň usullaryny öwretmek uly ähmiýete eýedir.

Fizikada meseleleri çözmegiň dürli usullary bellidir.

***Ölçeg birlikleri usuly.*** Ölçeg birliklerini derňemäge esaslanýan usul, käbir çylşyrymly meseleler çözülende, oňat netijeleri berýär. Bu usulyň düýp manysy esasy fiziki ululyklaryň ölçeg birliklerinden peýdalanyp, olaryň arasyndaky baglylygy tapmakdadyr. Ölçegler usulynyň meselä girýän fiziki ululyklary diňe bahalandyrmaga, ýagny olaryň tertip ululyklaryny tapmaga mümkinçilik berýändigini belläliň.

**1-nji mesele. *Howada hereket edýän paraşýutçy.*** Dowamly böküşde paraşýutça täsir edýän garşylyk güýji $F = 0{,}1\ h^n \rho^k \vartheta^f$ eksperimental formula arkaly kesgitlenýär, bu ýerde $h$-paraşýutçynyň boýy, $\vartheta$ - onuň tizligi, $\rho$- howanyň dykyzlygy, $n,\ k,\ f$ käbir hemişelikler. Hemişelikler nämä deň?

**Çözülişi:**

Şu görnüşli meseleleri çözmek üçin hödürlenen formula girýän ululyklaryň ölçeg birliklerini seljermek usulyny ulanmak maksadalaýykdyr. Gözlenilýän hemişelikleriň bahalaryny formulanyň çep we sag taraplaryndaky ululyklaryň ölçeg birliklerini deňeşdirip taparys. Güýjüň, uzynlygyň, dykyzlygyň we tizligiň birlikleri şeýledir:

$$[F] = 1N = 1kg \cdot m \cdot s^{-2}$$
$$[h] = 1m$$
$$[\rho] = 1kg / m^3$$
$$[\vartheta] = 1m \cdot s^{-1}$$

Çep we sag bölekleriniň ölçeg birlikleri gabat gelmelidir. Onda $1kg^1\ m^1\ s^{-2} = 1kg^k\ m^{n-3k+f}\ s^{-f}$ deňligi alarys. Bu ýerden

$k = 1$

$n - 3k + f = 1$

$f = 2$ gelip çykýar.

Diýmek, $n = 1+3k - f = 1+3-2 = 2$ bolar.

**Energiýanyň saklanmak kanunyny ulanmak usuly.** Fiziki hadysalarda energiýanyň bir görnüşden beýleki bir görnüşe öwrülmegi bolup geçse-de, islendik wagt pursadynda olaryň jemi saklanýandyr. Bu tebigatyň esasy kanunlarynyň biri bolup, ol energiýanyň ähli görnüşlerine (mehaniki, elektrik, magnit we beýl.) degişlidir.

Fizikanyň bölümlerinde käbir çylşyrymly meseleler çözülende, energiýanyň öwrülme we saklanma kanunlarynyň netijeli ulanylmagy dogry jogabyň alynmagyna getirýär. Şunlukda, kinetik energiýanyň tizligiň ölçenilýän hasaplama ulgamyna baglydygy göz öňünde tutulmalydyr.

Potensial (mümkin bolan) energiýa bilen bagly meseleler çözülende, onuň başlangyç nol dereje hökmünde kabul edilen bahadan hasaplanylmagyna üns berilmelidir.

**2-nji mesele. *Zynjyrda bölünip çykýan ýylylyk mukdary.***

Çyzgyda görkezilen elektrik shemasyndaky $C$ kondensatoryň plastinalary $A,B$ nokatda geçiriji sim bilen özara birikdirilen. Bu halda zynjyrda näçe mukdarda ýylylyk bölünip çykar?




**Çözülişi.** Kondensatorlar ulgamynyň başlangyç energiýasy:

$$W_1 = C_{um}\frac{U_0^2}{2} = \frac{2}{3}C\frac{U_0^2}{2} = \frac{1}{3}CU_0^2.$$

Kiçi sygymly kondensatoryň plastinalary özara utgaşdyrylandan soňra, diňe $2C$ kondensator zynjyra birikdirilgi bolýar we ulgamyň energiýasy:

$$W_2 = 2C\frac{U_0^2}{2} = CU_0^2.$$

Bu ýagdaýda zynjyr boýunça

$$\Delta q = 2CU_0 - C_{um}U_0 = 2CU_0 - \frac{2}{3}CU_0 = \frac{4}{3}CU_0,$$

goşmaça zarýad geçer. Şunlukda, tok çeşmesi

$$A = \Delta q U_0 = \frac{4}{3}CU_0^2,$$

işi ýerine ýetirýär. Indi energiýanyň saklanma kanuny boýunça

$$W_1 + A = W_2 + Q.$$

Bu ýerden bolsa,

$$Q = W_1 + A - W_2 = \frac{1}{3}CU_0^2 + \frac{4}{3}CU_0^2 - CU_0^2 = \frac{2}{3}CU_0^2.$$

Soňky deňlik, $C$ kondensatoryň plastinalary özara gysga utgaşdyrylanda, zynjyrda bölünip çykýan ýylylyk mukdarynyň aňlatmasydyr.

***Bahalandyrma usuly.*** Kynçylykly meseleleri çözmegiň ýene bir usuly bahalandyrmadyr. Bu usulyň ulanylmagy, meseleleriň şertleri durmuşda gabat gelýän ýagdaýlar bilen baglanyşykly bolanda, oňat netijeleri berýär. Şeýle meseleler uly gyzyklanma döretmek bilen bir hatarda, çylşyrymly bolýar, sebäbi olary çözmek üçin gerek bolan berlenleriň käbiri şertde görkezilmeýär. Şeýle-de bolsa, bu meseleleriň soraglaryna jogaby tapyp bolýandyr.

Onuň üçin seredilýän hadysa täsir edýän esasy ýagdaýlary ýüze çykaryp, ýönekeýleşdirmeli (onuň modelini gurmaly) we durmuş tejribesinden ugur alyp, meseläniň şerti berilmedik, ýöne çözmek üçin zerur bolan ululyklaryň takmyn bahalary, şeýle hem, mümkin bolan tablisa hemişekileri bilen doldurmaly.

**3-nji mesele. *Ýeriň atmosferasynyň massasy.*** Biziň planetamyzy gurşap alan howanyň massasyny bahalandyrmaly.

**Çözülişi:**

Atmosfera basyşyny p=101kPa hasap edip, howanyň Ýeriň üstüne basyş güýjüni tapalyň.

Basyş güýji F=P·S, bu ýerde S=510 mln km$^2$= 5,1·10$^{14}$m$^2$ –Ýeriň üstüniň meýdany. Onda alarys F=101·10$^3$ Pa · 5,1 · 10$^{14}$ m$^2$ ≈ 5,2·10$^{19}$ N.

Bu basyş güýji howanyň P=mg agramy bilen şertlenendir. Diýmek, howanyň massasy $m = \frac{F}{g}$ takmynan $m = \frac{5,2\cdot 10^{19}\,N}{9,8^{N}/kg} \approx 5,3\cdot 10^{18}\,kg$ deň bolar.

Şeýlelikde, makalada agzalan usullary ulanyp, fizikanyň dürli bölümlerine degişli ýokary kynçylykly meseleleriň çözüliş tärleri getirildi. Alnan netijeler zehinli ýaşlarymyzy abraýly halkara olimpiadalaryna taýýarlyk sapaklarynda ulanylsa, maksadalaýyk bolar diýip pikir edýäris.

*Gylyçmämmet Orazow,* **Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň okuw işleri boýunça prorektory, fizika-matematika ylymlarynyň kandidaty.**

**Makalany ýollan: Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary instituty.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 28-nji ýanwary.**

# OKUW-TERBIÝEÇILIK IŞLERINIŇ SAZLAŞYGYNY GAZANMAKDA SANLY ULGAMYŇ ORNY

Bilim edarasynyň çarçuwasynda sanlylaşdyrmak dolandyryş, bilim we terbiýe beriş işlerini bitewüleşdirýän maglumat gurşawy hökmünde göz öňüne getirilip bilner. Bu tehnologik toplum bolup, okuwçy bilen mugallymyň we ata-enäniň arasyndaky arabaglanyşygyň häsiýetini üýtgetmäge ukyply tehnologik çözgütdir. Eýsem, bilim beriş edarasynyň sanly ulgamynyň düşünjesi we gurluşy nämeden ybarat?

Sanly bilim gurşawy diňe bir kompýuterleriň toplumy we internet elýeterliligi bilen çäklenmeýär. Bu gurşaw özara baglanyşykly birnäçe düzüjilerden ybarat çylşyrymly ekoulgamdyr.

*Maglumat-dolandyryş düzüjisi.* Bu düzüjä elektron žurnallar we gündelikler, sapaklaryň tertibini düzýän ulgam, okuwçylar barada sanlylaşdyrylan maglumatlar, awtomatik usulda taýýarlanýan hasabatlar degişlidir.

*Okuw-usulyýet düzüjisi.* Okuw-usulyýet düzüjisiniň düzümine sanly kitaphanalar, interaktiw okuw kitaplary we gollanmalary, bilim beriş platformalary, simulýatorlar hem wirtual laboratoriýalar girýär.

*Kommunikatiw düzüji.* Bu düzüm özüne dürli çatlary, forumlary, uzak aralykdan bilim bermek işini ýola goýmak we ata-eneler ýygnaklaryny geçirmek üçin wideomaslahat aragatnaşygy serişdelerini birleşdirýär.

*Terbiýe berijilik düzüm bölegi.* Gazanylan üstünlikleriň portfoliosy, sapakdan daşary işi, meýletinçileriň işini, kär saýlamaklygy netijeli guramak üçin platformalar şu düzüjini emele getirýär. Şeýle ulgamyň hereket etmeginiň esasy maksady bilim berlişiniň elýeterliligini, ýokary hilliligini, howpsuzlygyny, şeýle hem, bu hadysanyň ähli tapgyrlarynyň oňa gatnaşyjylar üçin aýdyňlygyny gazanmakdyr.

***Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň taýsyz tagallalary bilen, ýurdumyzyň bilim ulgamy dünýä standartlaryna laýyk gelýän hünärmenleri terbiýeläp ýetişdirmekde uly üstünlikleri gazanýar. Bu ulgamyň öňünde duran wezipe alan bilimini tejribede ulanmak başarnygy bolan, durmuşyň öňünde goýýan islendik meselesini başarnykly çözmäge taýyn hünärmeni terbiýelemekdir. Okuw-terbiýeçilik işine sanly ulgamlaryň ornaşdyrylmagy bilim ulgamynyň öňünde duran köp sanly meseleleri çözmekde oňyn orny eýelemäge ukyplydyr. Onuň kömegi bilen bilim ulgamyny dolandyrmagy aňsatlaşdyrmakdan başlap, mugallymlaryň üstüne düşýän ýüki ýeňletmäge, berilýän bilimi şahsylaşdyrmaga çenli meseleleri çözmek bolýar.***

Sanly tehnologiýalar bilim berlişde täze mümkinçiliklerdir. Bilim berlişine sanly ulgamlaryň ornaşdyrylmagy sapak bermegiň däp bolup gelýän usulynyň üýtgemegine getirýär: ony has işjeň hala we gyzykly hadysa öwürýär. Okuwyň barşyny awtomatlaşdyrmakda hem optimallaşdyrmakda birnäçe möhüm ugurlary bellemek bolar.

*Bilim berlişiniň şahsylaşdyrylmagy.* Emeli aňyň algoritmleriniň kömegi bilen we uly maglumatlaryň (Big Data) analiziniň netijesinde, sanly ulgamlar okuw maglumatlaryny okuwçynyň zerurlyklaryna, maglumaty kabul edip biliş depginine we aýratynlyklaryna laýyklykda sazlaşdyrmaga ukyplydyr. Çaganyň belli bir maglumaty özleşdirmekde kynçylyk çekýänini aňsa, sanly ulgam oňa awtomatik taýdan goşmaça tabşyryk berýär we maglumaty berkitmäge mümkinçilik döredýär.

*Interaktiw we görkezip okatmak usuly.* Goşmaça (AR) we wirtual (VR) hakykat, interaktiw paneller we 3D modelirlemek tehnologiýalaryndan peýdalanmak çylşyrymly abstrakt hadysalary göze görner ýaly edip gurmaga mümkinçilik berýär. Meselem, fizika, himiýa, biologiýa sapaklarynda okuwçylar howpsuz ýagdaýda wirtual tejribe geçirip, adamyň gan damarlarynyň işine syn edip ýa-da atomyň gurluşyny öwrenip biler.

*Bilim berlişiniň hiline gözegçiligi optimallaşdyrmak.* Sanly test platformalary bilimiň hiline, öwrenilen maglumatyň ýatda galyjylygynyň dowamlylygyna gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär. Sanly ulgam mugallymyň depderleri yzygiderli barlap durmak işini hem ýeňilleşdirýär. Ulgam işleri özbaşdak barlamagy, olary bahalandyrmagy, zerur bolsa, möhüm maglumatnamany taýýarlamagy başarýar, haýsy maglumaty özleşdirmegiň okuwçylarda kynçylyk döredendigini kesgitläp bilýär.

*Sanly gurşawyň täsiri bilen terbiýe bermek işiniň üýtgemegi.* Bilim ulgamynda sanly gurşaw diýleninde, köplenç, okuw hadysasy göz öňüne getirilýär, emma döwrebap tehnologiýasyz terbiýe bermegi hem göz öňüne getirip bolmaz. Çagalaryň täze nesli sanly ulgamda öz wagtlarynyň köp bölegini geçirýärler. Diýmek, terbiýe bermegiň bir bölegi hem sanly ulgama geçmekdir.

*Sanly edep hem mediasowatlylyk.* Bu gün terbiýe bermek kiberhowpsuzlygyň berjaý edilmegini göz öňünde tutmalydyr. Mugallym okuwçylara sanly giňişlikde ýalan täzelikleriň bolýandygyny ýatlatmalydyr, olary nähili edip tanamalydygyny, öz şahsy maglumatlaryny goramagy hem torda aragatnaşyk saklamak edebini öwretmelidir.

*Taslamalara gatnaşmak we sosiallaşmak.* Döwrümiziň sanly platformalary meýletinlik işini, mekdep öz-özüňi dolandyryşy we taslama işlerini sazlaşdyrmaga mümkinçilik döredýär. Bilelikde saýtlary döretmek, mekdep bloguny işini ýola goýmak, sosial taýdan möhüm temalarda wideorolikleri döretmek okuwçylarda jogapkärçiligi terbiýelemekde möhüm gurallardyr.

*Sanly portfolio.* Köp sanly kagyz göterijide okuwçy baradaky saklanýan maglumatlaryň ýerine häzirki döwürde onuň sanly portfoliosy döredilýär. Onda okuwçynyň diňe bir okuwdaky üstünlikleri däl-de, onuň bäsleşiklere gatnaşyşy, sport toparlarynda türgenleşmegi, döredijilikdäki üstünlikleri öz beýanyny tapýar. Şeýle edilmegi synp ýolbaşçysyna we mekdep psihologyna okuwçynyň höweslerine dogry baha bermäge we onuň hünär saýlamagyny goldamaga mümkinçilik döredýär.

Bitewi sanly ulgamy tejribä ornaşdyrmagyň artykmaçlyklary şulardan ybaratdyr:

► *Mugallymlar üçin.* Köp sanly kagyz göterijidäki maglumatlary toplamakdan hem saklamakdan halas edýär, usulyýet çeşmelerini elýeterli edýär, ata-eneler bilen aragatnaşygy ýeňilleşdirýär.

► *Okuwçylar üçin.* Bilim almaga höwesini ýokarlandyrýar, islän wagty okuw materialy bilen tanyşmaga mümkinçilik döredýär, bilimine obýektiw baha berilmesini gazandyrýar, Maglumat tehnologiýalaryndan peýdalanmak boýunça başarnygyny ösdürýär.

► *Ata-eneler üçin.* Çagalarynyň okuwa gatnaşyklaryna we ýetişiklerine hemişe gözegçilik etmäge şert döredýär, mekdep durmuşynyň açyk-aýdyňlygyny üpjün edýär, mekdebiň dolandyryjy düzümi we mugallymlar bilen arabaglanyşygyny ýeňilleşdirýär.

► *Mekdep ýolbaşçylary üçin.* Bilim berlişiniň hiline öz wagtynda baha bermäge, serişdeleri netijeli dolandyrmaga, zerur çözgütleri wagtynda kabul etmäge mümkinçilik döredýär.

Bilim edarasyna sanly ulgamy ornaşdyrmagyň bellibir derejede kynçylygy hem bardyr. Olara şu ýagdaýlar degişlidir:

• Ýurduň ähli ýeriniň sanly ulgamy tejribä ornaşdyrmakda deň mümkinçilige eýe bolmazlygy.

• Sanly ulgamdan has giňişleýin peýdalanmagyň netijesinde janly aragatnaşygyň azalmagy. Sanly tehnologiýa mugallymy çalyşmaly däl-de, eýsem, onuň üçin iş guraly bolmalydyr. Janly aragatnaşyk, teatra gidip, spektakllara tomaşa etmek, jedelli meseleleri ara alyp maslahatlaşmak terbiýe işiniň esasyny düzmelidir.

• *Saglygy goramak meselesi.* Kompýuteriň monitoryna uzak wagtlap seredip oturmak çagalaryň katdyny dogry tutmagyna päsgel berýär we görşüne zeper ýetirip bilýär.

• *Mugallymlaryň psihologik taýýarlygy.* Täzelikleri mugallymlaryň ählisi birsydyrgyn kabul edip bilmeýär. Şol sebäpli, mugallymlaryň öz hünärinde yzygiderli kämilleşmegini guramaly.

Jemläp aýdanymyzda, okuw-terbiýeçilik işinde sanly tehnologiýalar bilim ulgamyny çalt depgin bilen ösdürmegiň serişdesidir. Hiç wagt mugallymy çalşyp bilmese-de, sanly ulgam mugallymy birsydyrgyn işden halas edip, ony okuwça has golaýlaşdyrar. Bu bolsa mugallymyň iň möhüm wezipesini – şahsyýeti terbiýelemek işini ýokary hilde ýerine ýetirmegine ýardam edýär.

Bilim ulgamynda adam faktory bilen sanly tehnologiýalar faktoryny jebis birleşdirip, okuwçylarymyzyň ýokary derejede bilimli we terbiýeli şahslar bolup ýetişmekleri üçin ähli şertleri döredip beren Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza hoşallygymyzyň çägi ýokdur.

***Saparmyrat Ýagmyrbaýew,* Aşgabat şäherindäki 17-nji orta mekdebiň müdiriniň terbiýeçilik işleri boýunça orunbasary.**

**Makalany ýollan: Aşgabat şäherindäki 17-nji orta mekdep.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 22-nji apreli.**



# ÝOKARY BILIM

## ÝOKARY BILIMI ÖSDÜRMEGIŇ STRATEGIK UGURLARYNY KESGITLEMEK HÄZIRKI ZAMANYŇ MÖHÜM TALABYDYR

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň beýik başlangyçlarynyň netijesinde bilim işiniň milli terbiýeçilik ýörelgeleri esasynda alnyp barylmagyna uly üns berilýär. Döwrüň ýaşlarynda ynsanperwerlik, ruhubelentlik, paýhaslylyk, rehimdarlyk, kiçigöwünlilik, asyllylyk, sadalyk, halallyk, sabyr-kanagatlylyk, durnuklylyk, dogruçyllyk, maksada okgunlylyk, Watana, il-halka wepalylyk ýaly ynsanperwerlik ruhuna ýugrulan gylyk-häsiýetleriň kemala getirilmegine gönükdirilen bilim maksatnamalaryna laýyklykda, ýokary bilimi dolandyrmagyň mazmunyna degişli täzelikler girizilýär. Ýokary bilimi ösdürmegiň esasy ugurlaryny kesgitlemekde “Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026 – 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasy” ygtybarly resminamadyr. Döwlet Baştutanymyz tarapyndan tassyklanan bu uzak möhletli resminamanyň VIII baby “Ýokary okuw mekdeplerinde ruhy-ahlak we terbiýeçilik işleriniň netijeliligini ýokarlandyrmak” diýlip atlandyrylýar hem-de türkmen ýaşlarynda ruhy-ahlak terbiýesini kemala getirmegiň ylmy-nazary meselelerini kesgitleýär.*

Türkmenistan döwletimizde häzirki zaman ýaşlarynyň ruhy-ahlak terbiýesini kemala getirmegiň we şahsyýetiň jemgyýete mynasyp hyzmat etmegini gazanmagyň strategik ugurlaryny kesgitleýän hukuk esaslarynyň many-mazmuny iş ýüzüne yzygiderli ornaşdyrylýar. Watanymyzyň ykbalyny geljekde gerdenine aljak ýaşlary ýokary okuw mekdeplerinde ruhy-ahlak taýdan terbiýelemekde “Bilim hakynda” (rejelenen görnüşi), “Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda” Türkmenistanyň Kanunlary we beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalar kabul edilip, mugallymlara, bilim işgärlerine ýetirildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2025-nji ýylyň 17-nji oktýabryndaky Karary bilen tassyklanan “Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026 – 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasy” şu hukuknamalardan döredijilikli peýdalanmakda ygtybarly çeşmedir. Strategiýa ýokary bilimde terbiýeçilik işini amala aşyrmak babatda döwletiň ileri tutýan ugurlaryny, milli terbiýäniň netijeliligini, adamyň mertebesine hormat goýmagy, maşgalanyň aýgytlaýjy ornuny goldamagy, türkmen dilini baýlaşdyrmagy, däp-dessurlary, urp-adatlary, edim-gylymlary wagyz etmegi, ýaşlaryň kämil




raýatlar hökmünde kemala getirilmegini maksat edinýär.

Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bilim-terbiýeçilik ideýalary ýokary bilimde ýaşlaryň ruhy-ahlak terbiýesini kemala getirmegiň ylmy-nazary meselelerini işläp düzmegiň berk binýadydyr. Hormatly Prezidentimiz: “Gahryman Arkadagymyz Magtymguly Pyragynyň edebi döredijiliginiň jana-jan muşdagy. Kakamyň Magtymguly Pyragynyň çuňňur many-mazmunly setirlerine, sözlerine berýän düşündirişleri, şol sözleriň şu günümize täsiri, geljegimize ähmiýeti, Magtymgulynyň sözleri bilen nesilleri terbiýelemek baradaky söhbetleri, berýän maslahatlary, dogrusy, aýratyn bir pedagogik goldanma, düýpli bir eser” diýip belleýär. Şeýle ajaýyp sözler her bir talyba bilim bermek bilen deň hatarda, milli buýsanç duýgusyny kemala getirmegiň, oňa berilýän milli terbiýäni netijeli dolandyrmagyň, zehin baýlygyny artdyrmagyň oňaýly ugrudyr. Magtymguly Pyragynyň ajaýyp goşgulary terbiýäniň özboluşly mekdebidir, olarda Watany, topragy, zähmeti söýmegiň, päk ahlakly, edep-ekramly nesilleri ýetişdirmegiň belent ideýalary, halkymyzyň gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýan baý medeni mirasy, milli däp-dessurlary, ahlak kadalarynyň baý mirasy jemlenendir. Şu gymmatlyklar nesilden-nesle geçip, has-da kämilleşýär. Şolaryň ählisi milli mirasymyzyň genji-hazynalary bolup, ýaşlaryň ahlak terbiýesini kemala getirmekde, ösdürmekde baý çeşmedir.

Ýokary okuw mekdepleriniň iş meýilnamalarynda ruhy-ahlak terbiýesini kemala getirmegiň strategik ugurlarynyň ylmy-amaly taýdan türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň merdana halkymyzyň ruhy, medeni, ahlak, Watany goramak, döwletiňe wepaly hyzmat etmek, kiçini söýmek, ulyny sylamak, ýaşululara hormat goýmak, jemgyýeti aň-bilimli, sowatly, hünärine ussat, ynsanperwer, rehimli, parahatçylygy gorap saklamaga yhlasly hyzmat edýän ýaşlary terbiýelemäge ýol görkezýän eserleri mugallymlar üçin gymmatly gollanmalardyr.

Milli Liderimiziň, hormatly Prezidentimiziň döwlet dilimiziň arassalygyny goramak, jemgyýete peýdaly işlere gatnaşmak, bilimiňi artdyrmak, hünär derejäňi kämilleşdirmek, halal zähmet çekmek, döwletiň ykdysady kuwwatyny artdyrmak, sagdyn jemgyýeti kemala getirmek, ýurduň raýatlarynyň agzybirligini we bitewüligini saklamak ýaly asylly häsiýetleriň emele getirilişini çuňňur hem-de çeper beýan edýän eserleri ynsanperwer, jemgyýetçilik-syýasy ugurly we beýleki dersleriň okuw meýilnamasyna girizilendir. “Älem içre at gezer”, “Döwlet guşy” romanlary, “Watan goragy mukaddesdir”, “Enä tagzym – mukaddeslige tagzym”, “Mertler Watany beýgeldýär”, “Ýaşlar – Watanyň daýanjy”, “Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet”, “Magtymguly – dünýäniň akyldary” ýaly kitaplar häzirki zaman ýaşlary üçin terbiýe mekdebidir, dünýägaraýşy guraýan ýolgörkezijidir. Şu çeşmelerden peýdalanyp, ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň talyplara berýän bilimi Watana bolan beýik söýgüden, milli buýsançdan başlanýar. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk syýasaty halkymyzyň ynsansöýüjilik, halallyk, pespällilik ýörelgelerine, oguz mekdebiniň milli aýratynlyklaryna esaslan-

dyrylýar. Watanymyzyň şöhratly taryhy häzirki mekdeplerimiziň uzak geljegi nazarlaýan usulyýet ulgamyny dünýäniň bilim giňişligine çykarýar. Ýaşlarymyzyň her biri halkymyzyň nesilden-nesle geçirip gelýän watançylygyny, ahlak kadalaryny, milli diliniň söz baýlygyny, gyzyla gaplaýmaly nakyllaryny, atalar sözlerini, ahlak kadalaryny düýpli sapak edinmelidirler.

Talyplara şeýle maglumatlary ýetirmek bilen, professor-mugallymlar olaryň bilimlerini yzygiderli baýlaşdyrýarlar, hünär öwrenmäge bolan islegini artdyrýarlar. Işde şeýle usuldan peýdalanmak diňe bir ýaşlary däl, eýsem, tutuş jemgyýetçilik ahlagyny berkitmegiň we döwleti kuwwatlandyrmagyň strategik ugurlaryny kesgitleýär, halkymyzyň röwşen geljege bolan gadamyny batlandyrýar. Başgaça aýdylanda, häzirki zaman dünýäsiniň ruhy-ahlak ösüşinde Milli Lidermiziň hem-de hormatly Prezidentimiziň yhlasy bilen, Türkmenistan parahatçylygy söýýär, ynsanperwer ugurlary berkidýär, halkara jemgyýetçiliginde belent at-abraýdan peýdalanýar, bilim-terbiýeçilik işini alyp barmakda öňdebaryjy ylmy esasly ýurt derejesine ýetendigini görkezýär.

Strategiýada bellenilişi ýaly, raýat-watançylyk terbiýesiniň strategik kesgitlenmesi-de hasaba alarlyklydyr. Eziz Watanymyzyň hyzmatynda bolmak, oňa wepaly gulluk etmek, hukuk medeniýetini öwrenmek, döwletiň kanunlaryna tabyn bolmak, raýatlyk hukuklaryna we borçlaryna düşünmek, döwlet häkimiýetini, onuň nyşanlaryny hormatlamak, umumy medeniýeti saklamak, ata-babalarymyzyň şöhratly işlerine, däp-dessurlaryna buýsanç duýgusy bilen garamak her bir talybyň mukaddes borjudyr. Strategiýada esasy maksatlaryň biri hökmünde kesgitlenen we ony ýerine ýetirmegiň zerurlygy döwletiň hukuk medeniýetini öwrenmegiň we kanuna tabyn bolmagyň, şahsy mertebe duýgusynyň we düzgün-nyzamlylygyň kemala getirilmeginiň, öz raýatlyk we konstitusion borjuňy ýerine ýetirmäge hemişe taýýar bolmagyň döwrebap jemgyýetçilik talaplarynyň sazlaşykly utgaşdyrylmagy bilen şertlendirilýär. Şulary amal etmekde her ýyl ýurdumyzyň ýokary bilim ojaklarynda türkmen taryhynyň şöhratly döwürlerine, halkymyzyň müňýyllyklaryň dowamynda döreden ruhy-ahlak gymmatlyklaryna, taryhy-medeni baýlyklaryna, dünýä meşhur bolan şahsyýetlerimize, alymlarymyza, nusgawy şahyrlarymyza, ýazyjylarymyza, dürli şanly senelere bagyşlanyp geçirilýän jemgyýetçilik çäreleriniň, ylmy-amaly maslahatlaryň, sergileriň ähmiýetli orny bardyr.

“Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026 – 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasyndan” görnüşi ýaly, häzirki zamanyň nesil terbiýesinde halk döredijilik eserleriniň, “Oguznama, “Gorkut ata”, “Görogly” ýaly harby-gahrymançylyga ýugrulan eserleriň, halk döredijiliginiň pähim-paýhasynyň, Barbut, Merwezi, Omar Haýýam, Salyr baba Gulaly ogly ýaly söz we sungat ussatlarynyň, Horezmi, Ibn Sina, Faraby, Mäne baba, Zamahşary ýaly ägirtleriň ömri, döredijiligi, işi bilen tanyşdyrylmagy, olaryň öwredilmegi ýaşlaryň ruhy-ahlak keşbiniň kemala getirilmeginde we ösdürilmeginde esasy gollanmalar bolmalydyr. Şeýle gollanmalaryň hatarynda nusgawy edebiýatyň wekilleri bolan Döwletmämmet Azady, Magtymguly Pyragy, Nurmuhammet Andalyp, Mämmetweli Kemine, Gurbandurdy Zelili, Seýitnazar Seýdi we şularyň beýleki döwürdeş şahyrlarynyň, kyssaçylarynyň döredijiliginden peýdalanylmalydyr. Şundan soňraky döwrüň edebiýaty – XX asyryň edebi wekilleri A.Gowşudowyň, N.Saryhanowyň, A.Kekilowyň, Ş.Kekilowyň, M.Seýidowyň, K.Gurbannepesowyň, G.Ezizowyň, H.Kulyýewiň we beýleki ussatlaryň, sazandalaryň, bagşylaryň çeper döredijiligi talyplaryň ruhy-ahlak terbiýesiniň çeşmelerine öwrülmelidir. Ýaşlaryň ruhy-ahlak çeşmeleriniň gönezligi bolan çeper döredijilik babatda talyp ýaşlaryň arasynda wagyz-nesihat işleriniň geçirilmegi üznüksiz dowam etdirilmäge degişlidir.

“Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026 – 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasynda” ýaşlaryň ruhy-ahlak terbiýesiniň ylmy esasly alnyp barylmagyny üpjün etmek bilen bir hatarda, ýaşlaryň durmuşa uýgunlaşmagyny üpjün etmek, döwrebap ýaşaýşa ukyplylygy kemala getirmek göz öňünde tutulandyr. Şunuň bilen berk baglanyşyklylykda, bilim ulgamynda terbiýeçilik işleriniň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagy ýaşlary milli däp-dessurlarymyza, umumadamzat jemgyýetiniň gazananlaryna, ynsan mertebesine hormat goýmak ruhunda terbiýelemäge, terbiýeçilik işinde maşgalanyň ornuny berkitmäge, ony goldamaga, milli dilde sözleýiş medeniýetini ösdürmäge,

türkmen sözleýiş diline söýgini terbiýelemäge, şol bir wagtyň özünde, halkara jemgyýetçiligindäki bäsleşiklere ukyplylygy kemala getirmäge, umuman, ýurdumyzda ýaşlary terbiýelemek işleriniň guralmagynda ylmy esasa daýanýan bitewi bir ulgamy döretmäge gönükdirilendir.

Häzirki wagtda bilimi dolandyrmagy ylmy esasda alyp barmaga, bu ugurdaky özgertmeleriň netijelerini milli ykdysadyýetimiziň ösüşine gönükdirmäge aýratyn üns berilýär. Şunuň bilen baglanyşyklylykda, toplumlaýyn döwlet maksatnamalary durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde sanly bilim ulgamynyň tor programma üpjünçiliginiň bolmagy, onuň binýadynda sanly bilim portalynyň işe girizilmegi talyplaryň sanly bilim portalyny ulanyp, okuw sapaklaryna degişli elektron kitaplardan ýeňillikli peýdalanmak mümkinçiligine eýe bolmagyna getirýär. Sanly tehnologiýalaryň okuw işine ornaşdyrylmagy netijesinde, ýokary okuw mekdepleriniň arasynda sanly wideoşekilli maslahatlar dowamly guralýar. Teleköprüli we wideoşekilli sapaklaryň guralmagy, onlaýn duşuşyklaryň geçirilmegi usulyýet ulgamyny baýlaşdyrýar, ýaşlara bilimler dünýäsiniň täze giňişliklerine aralaşmaga mümkinçilik berýär. Şular ýaly halkara bilim tejribeleriniň iş ýüzüne ornaşdyrylmagy ýaşlaryň terbiýesine milli ahlak kadalarynyň berk ornaşdyrylmagy bilen sazlaşdyrylmalydyr.

Ýokarda-da bellenilişi ýaly, “Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026 – 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasynyň” esasy maksatlarynyň biri ony dünýä ylym-bilim giňişligine integrirlemekdir. Şu maksada ýetmekde resminamanyň many-mazmunyndan gelip çykýan wezipelere laýyklykda, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň abraýyny ýokarlandyrmak hem-de olaryň halkara derejesinde bäsleşige ukyplylygyny üpjün etmek üçin, halkara tejribeleri öwrenilýär. Şeýle tejribeler milli tejribeler bilen sazlaşyklylykda ulanylyp, Strategiýanyň we beýleki bilim konsepsiýalarynyň durmuşa ornaşdyrylmagy ruhy hem beden taýdan sagdyn, päk ahlakly, Watana wepaly, bilimli, ylymly ýaş nesli ýetişdirmekde üstünlik getirmäge gönükdirilýär.

Strategiýa laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň “Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň ýaşlarynyň arasynda ylmy işler boýunça bäsleşigi guramak hakyndaky” Kararynyň täsiri has-da güýçlenýär. Her ýylda ýurdumyzyň zehinli ýaşlarynyň ylma, bilime we täze tehnologiýalara bolan höwesini artdyrmak maksady bilen, Ylymlar güni mynasybetli, ýaş alymlaryň arasynda däbe öwrülen ylmy bäsleşik täze many-mazmuna eýe bolýar. Ylmy-tehniki ösüşiň gazananlaryna, täze tehnologiýalara we innowasiýalara daýanmak bilen, döwlet möçberinde ylmyň ösüşiniň netijeliligini mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Ýurdumyzyň alymlary tarapyndan nanotehnologiýalar, himiýa tehnologiýalary, energetika, biotehnologiýa, molekulýar biologiýa, oba hojalygy, ekologiýa, genetika, maglumat we aragatnaşyk ulgamlary, kompýuter tehnologiýalary, lukmançylyk enjamlary, derman senagatynyň tehnologiýalary, innowasion ykdysadyýet, ynsanperwer ylymlar babatda netijeli ylmy barlaglar alnyp barylýar we onuň netijeleri önümçilige gönükdirilýär, il-halkyň bähbidine peýdalanylýar. Şeýlelikde, döwletimiziň we jemgyýetimiziň şu günki hem-de geljekki ösüşleriniň berk binýady döredilýär. Ylmyň we bilimiň sazlaşykly ösüşini üpjün etmek, özara integrasiýa meselesi döwlet tarapyndan üns merkezinde saklanylýar.

Jemläp aýdanymyzda, Strategiýada bellenilenleriň durmuşa ornaşdyrylmagy, resminamanyň VIII babynda bellenilişi ýaly, ýaşlaryň ruhy-ahlak medeniýetiniň, milli terbiýesiniň sagdyn kemala getirilmegi bilen şertlenýär. Häzirki döwrüň talaby milli ruhda terbiýelenen ata-babalarymyzyň däp-dessurlaryna wepaly, peder ýörelgelerine ýüregi buýsançdan doly, şol bir wagtyň özünde-de, halkara bilim giňişliginde bäsdeşlige ukyply ýaş hünärmenleri ýetişdirmekden ybaratdyr. Şu maksada ýetmekde Strategiýada bellenilenleriň örän uly ähmiýeti bolar.

***Orazgeldi Öwezsähedow,* Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň rektory, filologiýa ylymlarynyň kandidaty.**

**Makalany ýollan: Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 13-nji iýuly.**

# TALYPLARY BÝUJET BOÝUNÇA OKATMAGYŇ KÄBIR JÄHETLERI

*Ýaş ykdysadyýetçileri býujet bilen baglanyşykly taýýarlamak maliýe taýdan meýilnamalaşdyrmagyň, girdejileri we çykdajylary dolandyrmagyň, puluň hereketine gözegçiligi ýola goýmagyň binýatlyk düşünjeleri bilen tanyşdyrmagy göz öňünde tutýar. Býujet düzmek bilen bagly bilimleri amaly taýdan ele almak geljekki hünärmenlere edaranyň strategik maksatlaryny anyk maliýe görkezijilerine geçirmäge mümkinçilik berýär. Ýaş ykdysadyýetçilere bu ugurdan bilim bermek maliýe jogapkärçiliginiň merkezlerini, işi awtomatlaşdyrmaga we maliýe analiziniň usulyýetini derňäp öwrenmäge mümkinçilik berýär.*

Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň parasatly baştutanlygynda ýurdumyz ykdysady ösüşiň bazar modeline yzygiderli geçmek ugruny saýlap aldy hem-de ony takyk ädimler we çözgütler esasynda amala aşyrýar. Ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmekde saýlanyp alnan milli modeliň birnäçe häsiýetli aýratynlyklara eýedigini bellemek gerek. Hususan-da, bu model Türkmenistanyň döwlet syýasaty “Döwlet adam üçindir!” diýen ynsanperwer şygardan gözbaş alýar we halkymyzyň jana-jan bähbitlerine gönükdirilýär. Ykdysady ösüşiň türkmen modeliniň ýene-de bir aýratynlygy, onuň eýeçiligiň dürli görnüşleriniň sazlaşykly ösdürilmegini, döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň yzygiderli çuňlaşdyrylmagyny, ykdysadyýetiň bazar we meýilnamalaýyn usullar esasynda dolandyrylmagyny, düzgünleşdirilmegini nazarlaýandygy bilen baglydyr. Şol usullaryň biri-de önümçilik işini býujetleşdirmek we býujet dolandyryşy esasynda düzgünleşdirmek usulydyr.

Býujetleşdirmek we býujet dolandyryşy ykdysadyýetiň hem-de maliýe ulgamynyň binýatlyk sütünleriniň biridir. Ýaş ykdysatçylary bu ugurda okatmagyň esasy maksatlary we işiň zerur aýratynlyklary resurslary dogry paýlaşmagy öwretmek, strategik meýilleşdirme ukybyny ösdürmek, maliýe jogapkärçiligini kemala getirmek töwekgelçilikleri dolandyrmakdan ybaratdyr.

Býujet dolandyryşyny talyp ýaşlara öwretmek diňe bir nazaryýet däl, eýsem, amaly endikleri hem talap edýär. Onuň esasy aýratynlyklary analitik çemeleşmeler, hukuk we kadalaşdyryjy binýat, sanly ulgam, gözegçilik we analiziň ähmiýetidir.

Ýaş ykdysatçy üçin iň wajyp zat “Býujet bu diňe sanlar toplumy däl, eýsem, meýilleşdirilen geljekdir” diýen düşünjäniň kemala gelmegidir. Şonuň üçin okatmakda (real) hakyky durmuşdan alnan mysallara, amaly işlere we smeta düzmegiň inçeliklerine aýratyn üns berilmelidir.

Hojalyk işini alyp barmakda häzirki döwürde öňe çykarylýan şertler hem bazar ýagdaýlarynyň tiztizden üýtgäp durmagy önümçilik gatnaşyklaryna girýän taraplaryň aglaba böleginden özüniň maliýe-ykdysady ýagdaýyny düýpli, hemmetaraplaýyn, dürs seljermegi talap edýär. Munuň özi hojalyk işini alyp barýan kärhananyň gurluş düzüminde degişli maddy-tehniki (gönüden-göni önümçilik bilen bagly bolan) düzümlerden daşarky, içerki dolandyryş ulgamynyň döredilmegini talap edýär. Şeýle ulgam kärhananyň ykdysady ýagdaýlarynyň dolulygyna esaslandyrylan hasaplamalaryna daýanýar hem-de serişde gorlarynyň tygşytly ulanylmagyny, ozal peýdalanylmadyk gorlaryň ýüze çykarylmagyny, ahyrky netijede-de, gazanylan jemi maliýe görkezijileriniň ep-esli ýokarlandyrylmagyny üpjün etjek netijeli çözgütleriň kabul edilmegine gönükdirilmelidir (*Ким Л.И.* Стратегический управленческий учёт: Монография. – Москва: «Инфра-М», 2022.).

Kärhananyň işiniň netijeli dolandyrylmagyny gazanmakda esasy orunlaryň biri maliýe gorlaryny dolandyrmakda öňdebaryjy ykdysady çemeleşmeleri ýerlikli peýdalanmak meselelerine degişli edilýär. Bu ugurda öňe sürülýän düýpli wezipeleriň arasynda meýilnamalaşdyrmak işine aýratyn ähmiýet berilýär. Edara-kärhanalaryň iş tejribesine geçirilen seljermeleriň netijelerine salgylansak, önümçilik işiniň göwrümlerini dürs meýilnamalaşdyrmak kärhanalaryň uly topary üçin çynlakaý kynçylyk döredýär, olaryň käbiri tarapyndan bolsa asla-da ýerine ýetirip bolmajak wezipe hökmünde kabul edilýär. Bilermenler bu ýagdaýyň sebäbini hojalyk işini alyp barýan edara-kärhanalaryň aglabasynda orta we uzak möhletli iş strategiýasynyň ýoklugy, takyk hem ykdysady taýdan delillendirilen maliýe-ykdysady maksatlaryň we olary amal etmegiň ýollarynyň, şertleriniň ylmy esasda işlenip taýýarlanylmaýanlygy bilen

düşündirýärler. Kärhananyň ýolbaşçylyk düzümi öz işinde takyk bellenen maksatlardan ugur almadyk ýagdaýynda, şol maksatlaryň many-mazmunyna bazaryň çylşyrymly ýagdaýlaryny nazara almak bilen çuňdan düşünmek, çeýe utgaşdyrmak olara başartmaýar. Netijede, önümçilik işlerini meýilnamalaşdyrmak meseleleri ikinji orunda goýulýar-da, esasy üns gündelik wezipelere berilýär. Munuň özi önümçilik işine töwerekleýin, köpugurly esasda garamaga, ony bazaryň şu günki hem çaklap bolýan geljekki ýagdaýlaryny hasaba almak bilen guramaga çynlakaý päsgelçilik döredýär.

Mälim bolşy ýaly, meýilnamalaşdyrmak işi takyk maglumatlara esaslanýar. Diýmek, meýilnamalaýyn maglumatlaryň dürslügi hem öz wagtlylygy kärhananyň işiniň meýilnamalaşdyrylyşynyň hem-de dolandyrylyşynyň hilini kesgitleýär. Maglumatlar dürs bolmasa, olara esaslanýan meýilnamalary dolandyrmak işinde netijeli peýdalanyp bolmaýar. Meýilnamalaşdyrmak işine soňky ýyllarda berilýän ähmiýetiň bellibir derejede pese düşmegine sebäp bolan ýagdaýlaryň ýene-de biri hökmünde bazar hadysalarynyň üznüksiz esasda dowam edýändigini görkezmek bolar. Başgaça aýdanyňda, öndürilen önümleri bazara yzygiderli çykarmasaň, olaryň ornuny beýleki haryt öndürijiler tutýar. Bazaryň bu aýrylmaz alamatyndan ugur almak bilen, kärhananyň ýolbaşçylary köp halatda başy başlanan önümçilik taslamalaryny durmuşa geçirmekde gysga wagtda, mümkin boldugyça, uly girdeji almak maksadyna eýerýärler. Meýilnamalar bolsa, adatça, orta we uzak möhletli geljegi nazarlamak bilen, seýrek bolmadyk ýagdaýda kärhananyň ykdysady gulluklarynyň gurluş düzüminiň üýtgedip gurulmagyny nazarlaýar. Bu işler düýpli maliýe serişdelerini hem wagty talap edýär, bu iki düýpli serişdeler bolsa, mälim bolşy ýaly, kärhanalaryň köpüsinde, adatça, ýetmezçilik edýär.





Şol sebäpden kärhananyň ýolbaşçylarynyň köpüsi meýilnamalarda öňe sürülýän hasaplamalara hem maslahatlara eýermek islemeýär, kärhanany dolandyrmak işinde toplan iş tejribesine, bazaryň gündelik ýagdaýlaryny öwrenýän marketing seljermelerine, hyzmatdaşlar bilen ýola goýlan gatnaşyklaryň ygtybarlylygyna, kämahal bolsa şahsy gatnaşyklara bil baglaýar. Bazara geçiş döwrüni başdan geçirýän ykdysadyýetde meýilnamalaşdyrmagyň edara-kärhanalaryň işini dolandyrmagyň möhüm bölegi bolup durýandygyny düşündirmek ugrunda düýpli ylmy gözlegleriň alnyp barylýandygyny bellemek zerur. Hususy telekeçiligi ösdürmekde hem meýilnamalaýyn çemeleşmäni bazar ýörelgeleri bilen ýakyndan utgaşdyrmagyň zerurlygyny bilermenler nygtaýarlar, sebäbi dürs düzülen meýilnamalar we bazar çaklamalary işewürlikde üstünlik gazanmagyň baş şertleriniň biri hökmünde öňe sürülýär.

Şeýlelikde, meýilnamalaşdyrma işi hasap, hasabat, seljerme we gözegçilik bilen deň derejede, kärhananyň işini dolandyrmagyň düýp wezipeleriniň hatarynda görkezilýär. Ykdysatçy alym Ý.Ý.Ýesakowanyň belleýşi ýaly, meýilnamalaşdyrma geljekde ýerine ýetirilmeli işleri takyk kesgitlemek işidir (*Есакова Е.Е.* Формирование интегрированной системы учета затрат и себестоимости продукции безалкогольной промышленности / Е.Е. Есакова // Международный бухгалтерский учет. – 2012. – № 33. Консультант Плюс [Электронный ресурс]).

Şunuň bilen baglylykda, býujetleşdirmek işine berilýän ylmy kesgitlemelere garap geçmek ýer-

likli bolar. Ykdysatçy alym N.D.Wrublýowskiý strategik meýilnamalaşdyrmanyň býujetleşdirmek işi bilen ýakyndan bagly bolup durýandygyny nygtamak bilen: “Býujetleşdirmek maliýe çaklamalaryny we meýilnamalaryny işläp düzmekdir, ol öz içine strategik meýilnamalaşdyrmany almasa-da, oňa doly esaslandyrylýandyr” (Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy. – Aşgabat: TDNG, 2022.) diýip belleýär. Býujetleşdirmek çemeleşmesine häzirki döwürde edara-kärhanalaryň işini dolandyrmakda ünsüň bellibir derejede artýandygyny bellemek bolar. Oňa, başgaça, “çenlik meýilnamalaşdyrmasy” hem diýilýär. Býujetleşdirmek diýlende, kärhananyň maliýe býujetini işläp düzmegiň aýratyn görnüşiniň işlenip taýýarlanylmagy göz öňünde tutulýar, onda kärhananyň işi bilen bagly girdejiler, çykdajylar boýunça meýilnamalaýyn we hakyky (iş ýüzünde gazanylan) görkezijiler öz beýanyny tapýar. Başgaça aýdylanda, býujetleşdirmäni ýokarda ady agzalan maliýe resminamasyny işläp düzmegiň hem-de ony amaly taýdan durmuşa geçirmegiň bitewi işi hökmünde häsiýetlendirip bolar.

Şu ýerde “býujet” we “býujetleşdirmek” adalgalarynyň arasynda bellibir derejede aratapawudyň bardygyny nygtamak isledik (Щиборщ К.В. Бюджетирование деятельности промышленных предприятий России [Текст]: Учеб, пособие / К.В. Щиборщ. – Москва: «Дело и Сервис», 2001. 479 с.). Býujet degişli mukdar girdejileriň uly toparyny öz içine alýan resminamadyr, edara-kärhana özüniň hojalyk işini şol resminama esaslanmak bilen alyp barýar. Käbir edara-kärhanalarda býujetleşdirmäniň seýrek bolmadyk ýagdaýlarda aýry-aýry düzüm bölekleri peýdalanylýar. Meselem, býujeti öňde durýan hasabat döwrüne işläp düzýärler, ýagny kärhananyň işiniň belli-belli ugurlary boýunça harçlanmagy göz öňünde tutulýan pul möçberleriniň çäk görkezijileri bellenilýär, şol çäk görkezijilerden artykmaç serişdäniň harçlanmagyna ýol berilmeýär ýa-da munuň üçin ýolbaşçylaryň ýörite rugsat bermegi talap edilýär, ýagny bu ýagdaýda býujetleşdirmäniň many-mazmuny harajatlary takyk bellenilen çäk möçberleriniň çäginde hasaplamak we olara gözegçilik etmek bilen baglanyşdyrylýar. Şunlukda, ulgamlaýyn esasda ýola goýulmasa, maliýe meýilnamalaşdyrmasynyň netijeliligi peselýär. Şol sebäpden býujeti düzmegiň adaty usullaryndan has amatlaşdyrylan çemeleşmelere geçmek meýilleri soňky döwürde barha güýjeýär, bilermenler bu işi strategik dolandyryşyň aýrylmaz bölegi hökmünde görkezilýän “strategik býujetleşdirme” diýip atlandyrýarlar.

Kärhananyň işini býujetleşdirmäge itergi berýän sebäpleriň arasynda bilermenler önümçilik işini takyk meýilnamalaşdyrmak, önümçiligi bazar ýagdaýlaryny çaklamagyň esasynda amatly sazlamak, gözegçilik işini guramaçylykly ýola goýmak hem-de alyp barmak, kärhananyň düzümlerini we işgärler toparyny has ýokary netijeleri gazanmaga höweslendirmek, ýolbaşçylar düzüminiň ygtyýarlyklaryny hem mümkinçiliklerini takyklamak, ýüze çykyp biljek çekeleşikli meseleleriň hem düýpli çaprazlyklaryň öňüni almak ýaly derwaýys meseleleri görkezýärler.

Býujetleşdirmek meselelerine bagyşlanan ylmy işlere geçirilen seljermeleriň netijelerine salgylanmak bilen, bu usuly kärhanany dolandyrmakda peýdalanmagyň, beýleki maliýe gurallarynyňka garanyňda, oňyn artykmaçlyklaryny ýüze çykaryp bolýar. Şunda kärhananyň býujeti özüniň düýp mazmunynda öňde durýan döwre bellenen ösüş görkezijilerine esaslanýandygyny, şol sebäpden hem, kärhanany uzak möhletleýin esasda ösdürmek boýunça bellenilen meýilnamalaryň aýrylmaz bölegi bolup çykyş etmelidigini nygtamak zerur. Öňde bellenen wezipelere görä, iki görnüşde işlenip düzülýär: olaryň birinjisinde kärhana gelip gowuşýan pul serişdeleri bilen çykdajylara esaslanýar (ol pul serişdeleriniň hereketi baradaky hasabata meňzeşdir); ikinjisinde alynmagyna garaşylýan girdejiler kärhananyň çykdajylaryna esaslanmak bilen işlenip taýýarlanylýar. Şeýlelik bilen, býujetleşdirmäniň baş maksady täjirçilik önümçiligini pul gorlary bilen gerek bolan möçberde hem-de gurluş düzümini üpjün etmekden ybaratdyr.

Býujetleşdirmek işiniň meýilnamalaýyn jähetleri ýolbaşçylara çözgütleri kabul etmek işiniň üýtgäp durýan ölçegleriniň köp bölegine gözegçilik etmäge ygtyýarlyklaryň berilmegi bilen baglydyr. Kärhanalaryň býujeti dolandyryş gözegçiliginiň möhüm guraly hökmünde çykyş edýär. Meýilnamalar ylalaşylandan hem-de ýerine ýetirilip başlanandan soň, olary hakykat ýüzünde bar bolan netijeler bilen deňeşdirmek zerurlygy ýüze çykýar. Hakykat

ýüzünde bar bolan hem-de býujet görkezijileriniň arasyndaky tapawutlar (ýa-da kadadan sowulmalar) ýolbaşçylara:

– önüm öndürijilik görkezijileri garaşylýandan has ýokary ýa-da pes bolan ýerleri, ýa-da ugurlary ýüze çykarmaga hem-de (gerek bolan ýagdaýynda) degişli düzediş amallaryny ýerine ýetirmäge;

– öz işinde garaşylýandan has ýokary netije gazanan işgärleri höweslendirmäge hem sylaglamaga, garaşylýan netijeleri gazanyp bilmediklere degişli temmi çärelerini bellemäge;

– önümçilik işinde gazanylan hakyky netijelerden ugur almak bilen, geljekki döwre bellenilýän meýilnamalara we maksatlara zerur bolan düzedişleri hem görkezijileri girizmek barada çözgütleri kabul etmäge kömek berýär.

Gözegçilik işiniň möhüm usullarynyň ýene-de biri “aradan aýyrmak arkaly dolandyrmak” diýlip, şertli atlandyrylýan iş usulydyr. Bu usul hakykat ýüzünde bar bolan hem-de býujet görkezijileriniň arasyndaky tapawutlaryň ýüze çykarylmagyny (ýa-da kadadan sowulmalaryň hemmetaraplaýyn seljerilmegini) göz öňünde tutýar. Şunuň ýaly aratapawutlar bellenen çäklerinden çykyberende, ýolbaşçylar munuň düýp sebäbini gözläp tapýar we olary aradan aýyrmak ýa-da düzetmek boýunça degerli çäreleri amala aşyrýar. Iş ýüzünde bar bolan netijeleýin maglumatlar ýygnalanda hem-de bahalandyrylanda, özwagtlylyk we ygtybarlylyk ýörelgeleriniň pugta berjaý edilmegi, şeýle-de, degişli üýtgetmeleri girizmek boýunça çäreleriň degerli derejede geçirilmegi islendik gözegçilik ulgamynyň ahyrky netijeliligini kesgitleýär.

Kärhananyň işini býujetleşdirmegiň dürs ýola goýlan ulgamy geljekde ýüze çykyp biljek oňaýsyz ýagdaýlary öňünden çaklamaga, öňde durýan strategik ähmiýetli maksatlara ýetmegiň has netijeli we amatly ýollaryny gözläp tapmaga mümkinçilik berýär.

Şeýlelik bilen, maliýe gorlaryny netijeli dolandyrmagyň döwrebap ulgamyny kemala getirmek işi kärhananyň biri beýlekisine tabyn býujetleriniň işlenip taýýarlanylmagyna hem-de yzygiderli, pugta gözegçilikde saklanylmagyna esaslanýar. Şunuň ýaly çemeleşme kärhanada emele gelýän pul akymlaryny köpugurly esasda seljermäge hem-de olary, bazaryň tiz-tizden üýtgäp durýan şertlerine görä, çeýe meýilnamalaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Býujetler bitewi ulgama pul serişdeleriniň gelip gowuşmagyna hem-de harçlanylmagyna pugta gözegçilik edilmegini göz öňünde tutmak arkaly, ýokary derejede netijeli bolan maliýe strategiýasynyň işlenip taýýarlanylmagyna zerur bolan ähli şertleri üpjün edýär.

Buhgalterçilik hasaba alnyş dersi boýunça geçilýän okuw sapaklaryny many-mazmun taýdan kämilleşdirmek, olary önümçilik zerurlyklaryna hem-de gündelik esasda üýtgäp durýan bazar ýagdaýlaryna kybaplaşdyrmak boýunça netijeli iş alnyp barylýar. Bu ugurda başy tutulýan başlangyçlaryň, amala aşyrylýan toplumlaýyn çäreleriň, alnyp barylýan ylmy gözlegleriň baş maksady okap bilim alýan ýaş hünärmenlere bazar gatnaşyklary şertlerinde netijeli dolandyryş işiniň öňdebaryjy tärlerini we endiklerini öwretmekden ybaratdyr. Ýurdumyzy hemmetaraplaýyn ösdürmegiň binýatlaýyn resminamalary bolan “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasynda”, şonuň ýaly-da, “Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda” bellenen jogapkärçilikli wezipeleriň netijeli durmuşa geçirilmegi köp babatda öz işine ökde, täzeçe pikirlenmegi, öňdebaryjy innowasiýalary iş ýüzünde ussatlyk bilen peýdalanmagy başarýan iş dolandyryjylaryň kämil nesli bilen baglanyşdyrylýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaş nesle döwrebap bilim-terbiýe bermek, hünär öwretmek üçin hemme mümkinçilikleri döredip berýän hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa we türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza köp sagbolsun aýdýarys.

***Gülşat Akyýewa,*** **S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy, tehniki ylymlaryň kandidaty.**

**Makalany ýollan: S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersiteti.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 18-nji fewraly.**

# RADIOTELESKOPLARYŇ ÄHMIÝETI WE ULANYLYŞ AÝRATYNLYKLARY

***Bilim ulgamynda uzak aralyga maglumat ugratmak, kabul etmek, kosmos gözegçiliginde we beýleki ýörite maksatlar bilen ulanylýan radioteleskoplara daşky gurşawyň, tebigy hadysalaryň täsiri göz öňünde tutulyp, olara gözegçiligi amala aşyrmak maksady bilen düzlüklerde, çöllerde, dag gerişlerinde, ummanlarda gämileriň üstünde, kosmosda ýerleşdirmek mümkindir. Radioteleskoplara daşky gurşawyň üznüksiz hem-de oňaýsyz täsiriniň bardygyny nazarda tutup, olaryň ýylylyk ýagdaýyny durnuklaşdyrmak boýunça geçirilýän ylmy-barlag işleriniň netijelerini geljekki hünärmenlere (talyplara) öwretmek maksadalaýykdyr.***

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda dowam etdirilýän giň gerimli işler, iri möçberli durmuş-ykdysady özgertmeler amala aşyrylýar. “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasynda”: “Ýer ýüzüniň degişli çägine gözegçilik etmek, hemra aragatnaşygyny ösdürmek, kosmos işi babatda ylmy-barlag we tejribe konstruktorçylyk işleriniň geçirilmegini utgaşdyrmak, halkara kosmos forumlaryna gatnaşmak ugrunda işler alnyp barylýar” diýip bellenilýär. Bu ugurda hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan tassyklanan “Türkmenistanda ylym ulgamyny ösdürmegiň 2024 – 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasynda” ylym-bilimiň, önümçiligiň özara baglanyşykly bolmagyna aýratyn ähmiýet berilýär.

Paýtagtymyz Aşgabatda öz düzüminde teleradiogeplenişikleri häzirki zaman halkara ölçegleriniň talaplaryna laýyklykda taýýarlamaga we ýaýlyma bermäge mümkinçilik berýän “Türkmenistan” teleradioýaýlymlar merkeziniň gurlup işe girizilmegi, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Milli kosmos agentliginiň döredilmegi, “TürkmenÄlem 52°E” milli emeli hemramyzyň 2015-nji ýylda geostasionar orbita çykarylmagy we beýlekiler aragatnaşyk ulgamynda durmuşa geçirilýän düýpli özgertmeleriň netijeleridir.

**1-nji surat**




***Antennanyň ugrukdyryş diagrammasy***

Mysal üçin, häzirki wagtda emeli hemra arkaly amala aşyrylýan radioaragatnaşygy (1-nji surat) parabola (gazan) şekilli antennalaryň üsti bilen ulanylýar.

Radiosignallaryň maksatlaýyn “hereketi” ylmy taýdan öwrenilmäge degişlidir. Şöhlelendirijiden çykandan soňra, radiosignallaryň kabul edijä barýança, daşky gurşawda ýuwudylýandyklary, pytradylýandyklary hem-de serpikdiriji üstleriň ýagdaýyna baglylykda ýoýulýandyklary bellidir. Şu nukdaýnazardan garalanda, habarlaryň uzak aralyga durnukly we ygtybarly geçirilişini üpjün etmek üçin, daşky gurşawyň radiosignallara täsirini öwrenmek, edil şonuň ýaly-da, klimat faktorlarynyň täsiri astynda işleýän radioteleskoplaryň termomehaniki häsiýetlerini toplumlaýyn barlamak derwaýys meseledir. Şunuň bilen baglanyşyklylykda, käbir ylmy barlaglaryň alnyp barlandygy-da hasaba alynmalydyr. Daşky gurşawyň täsirindäki radioteleskoplaryň ýylylyk ýagdaýyny öwrenmek bilen baglanyşykly ylmy işler *Бахрах Л.Д., Галимов Г.К., Гурбаннязов М.А., Козлов А.Н., Тарасов В.Б., Николаев В.П., Демидов Е.В., Greve, Albert & Bremer, Michael, Wei S.X., Kong D.Q., Wang Q.M., Трофимова Т.* we beýlekiler tarapyndan ýerine ýetirilendir.

Türkmenistanyň şertlerinde daşky gurşawyň täsirindäki radioteleskoplaryň ýylylyk ýagdaýyny kesgitlemegiň peýdaly usulyny gözlemek we alnan netijeleri amaly durmuşymyzda ulanmaga synanyşyk etmek biziň alyp barýan ylmy barlagymyzyň esasy maksadydyr.

2-nji surat




*Radioteleskopyň umumy gurluşy*

3-nji surat




*Radioteleskopyň ulanylyşy*

Dürli maksatly häzirki zaman radiotehniki ulgamlarda ulanylýan elektromagnit tolkunlary çugdamlaýjylaryň (konsentratorlaryň) arasynda giň ýaýran görnüşi parabola şekilli (2-nji surat) radioteleskoplardyr. Olar dürli tolkun diapazonynda, ýagny metr tolkun uzynlygyndan tä millimetr we ondanam gysga tolkun uzynlygynda ulanylýar. Bu antennalaryň şeýle giň ýaýramagy olaryň ýokary PTK-sy (peýdaly täsir koeffisiýenti) we pes goh temperaturasy bolan sazlaşykly gurluş bilen dürli görnüşli ugrukdyryş diagrammalaryny emele getirmek mümkinçilikleriniň barlygy bilen düşündirilýär.

Radioteleskoplaryň işleýiş prinsipi fokusdan serpikdirijä we serpikdirijiden apertura çenli aralyklaryň jeminiň hemişelik ululyklygyna esaslanýar. Fokusda sferik tolkun çeşmesi ýerleşýän bolsa, onda serpikdirijiden serpigen tolkun tekiz tolkuna öwrülýär, antennanyň şöhlelendiriji açyk agzy sinfazalaýyn oýandyrylýar.

Radioteleskop radiotolkunlary kabul etmek we ibermek üçin niýetlenen çylşyrymly tehniki gurluşlar bolup, olaryň arasynda Kassegren we Gregory ulgamlary has giňden ýaýrandyr. Olar dürli howa şertlerinde hereket edýärler (3-nji surat). Daşky gurşawyň we tebigy hadysalaryň täsiri göz öňünde tutulyp, uzak aralyga maglumat ugratmakda we kabul etmekde, kosmos gözegçiliginde we beýleki ýörite maksatlar bilen ulanylýan radioteleskoplar düzlüklerde, çöllerde, dag gerişlerinde, ummanlarda gämileriň üstünde, umuman, Älem giňişliginiň gözegçilik edilmegi meýilleşdirilen nokadynda ýerleşdirilýär. Açyk meýdanda ýerleşdirilýän radioteleskoplara gije-gündiziň, pasyllaryň dowamynda daşky gurşaw üznüksiz, özem oňaýsyz täsir edýär. Şu jähetden garalanda, Älem giňişliginiň gözegçilik edilmegi meýilleşdirilen nokadynda kosmos giňişligini öwrenmek bilen, asman jisimlerine gözegçilik etmegi täze ylmy maglumatlar bilen baýlaşdyrmak arkaly, ýokary hilli, daşky gurşawyň täsirine durnukly presezion radioteleskoplary gurmaga we kämilleşdirmäge degişli mümkinçilikleriň bardygyny bellemek bolar. Bellenilip geçilişi ýaly (3-nji surat), netijeler radioteleskoplaryň dizaýnyny kämilleşdirmekde, olaryň awtomatik dolandyryş ulgamlarynda ýylylyk kemçiliklerini (pogreşnostlaryny) kompensasiýa etmek (öwezini dolmak) üçin programma üpjünçiligini döretmekde göni ulanylyp bilner.

Şonuň üçin ýurdumyzda ylmyň, tehnikanyň we innowasion tehnologiýalaryň ösdürilmegine uly üns berilýär.

*Muhammetberdi Geldimämmedow,*
**Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty,**
**Mejlisiň Ylym, bilim, medeniýet we ýaşlar syýasaty baradaky komitetiniň agzasy.**

**Makalany ýollan: Türkmenistanyň Mejlisi.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 7-nji iýuly.**

# BÜTINDÜNÝÄ DARTYLMA WE KULONYŇ KANUNLARYNYŇ SEBÄPLI DÜŞÜNDIRILIŞI

***Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow: "Akyldar danyşmentleriň kitaplarynda ylym hökmünde teswirlän pikirlerini biz ata-babalarymyzdan taglymat hökmünde kabul edýäris. Düýpli esaslydygy üçin hem halkymyzyň ruhy mirasyndaky pähimli ýörelgeler hiç bir döwürde-de synman ýaşaýar" diýip belleýär. Gahryman Arkadagymyzyň bu setirleri beýik çeh pedagogy Ýan Amos Komenskiniň bize miras galdyrýan pikirleri bilen hem sazlaşýar. Onuň asyrlaryň synagyndan geçen pedagogik taglymaty diňe bir häzirki zaman pedagogika ylmynyň binýady bolman, onuň geljekki ösüşleri üçin hem gönezlik bolup hyzmat edýär.***

Bu pedagogyň "Beýik didaktika" atly kitaby onuň naýbaşy eseri hasaplanylýar. Ol bu kitabynda: "Biz beýik didaktikany, ýagny hemmelere hemme zady öwretmegiň ählumumy sungatyny döretmegi maksat edindik. Şunuň bilen birlikde, elbetde, netijeli okatmak, netijesiz okatmaga mümkinçilik galdyrmazlyk, tiz okatmak, okuwçyny we mugallymy ýadatman, irizmän, iki tarapyň uly kanagatlanma bilen tiz okamagy, ýüzleý däl, diýmek, görnüş üçin däl-de, belki, okuwçylaryň hakyky ylym almagy, oňat ahlakly, çuňňur takwalyga eýe bolmagy üçin esasly okatmaga aýratyn ähmiýet berdik" (*Коменский Я.А.* Великая дидактика. Избранные педагогические сочинения. В двух томах. – Москва: «Педагогика», 1982. с. 656.) diýip belleýär. Ý.A.Komenskiý okuw maglumatlaryny sebäpli düşündirmegiň ähmiýetini we zerurlygyny nygtap: "Hiç bir zat sebäpsiz ýüze çykmaýar. Şeýdip, zadyň döreýiş sebäplerini açyp görkezmek onuň asyl manysyny öwretmek diýmekdir, bilmek zadyň peýda bolmak sebäplerini anyklamak diýmekdir, sebäp akyl üçin medetdir. Diýmek, iň gowusy, iň aňsady, iň dogrusy zatlar nähili ýaradylan bolsa, olary şol tertipde öwretmeli... Zat nähili ýaradylan bolsa, şol tertipde beýan edilse, ol dogry we aňsat aňlanylýar, zadyň öz tertibi asyl bolşy ýaly açylyp görkezilmese, okuwçyny bu, şübhesiz, ýalňyşdyrýar. Şeýlelikde, ylmyň usulynyň zatlaryň usulyna meňzemegi gerek, ýagny zatlaryň hasyl boluş tertibi birinji bolup, olary öwrenmegiň tertibi hem şoňa meňzeş bolmaly" (*Şol ýerde,* 388 s.) diýip ýazýar. Ý.A.Komenskiniň bu setirleriniň düýp manysynyň sebäpliligiň ähli ylymlar üçin umumy filosofik ýörelge bolup, bilimleriň ählumumylygyny üpjün edýändigi, öwretmek nukdaýnazaryndan berilýän bilimleriň tebigatyň ählumumy kanunlary esasynda düşündirilmegi, ýagny tebigata laýyklyk ýörelgesine amal edilmegi hökmünde aňlamak bolar. Soňky ýyllarda tebigatyň ählumumy kanunlarynyň sebäplilik ýörelgesi esasynda umumylaşdyrylan metafiziki kanunlardygy baradaky gelnen netijeler muňa esaslanma bolup hyzmat edýär (*Рустемов Б.Х.* Метафизическая теория всего и всеобщие законы природы // Философия социальных коммуникаций. – 2025. – №1(62). URL: https://www.elibrary.ru/contents.asp?titleid=28052).

Ý.A.Komenskiý fizika başlamazdan öň, filosofiýany, ýagny metafizikany (ol muny "profizika" diýip atlandyrmagy teklip edýär) öwretmegi maslahat berýär. Onuň tassyklamagyna görä, bu ylym barlygyň iň umumy kadalaryny we aksiomalaryny öwredýär. Şundan soň görünýän dünýäniň (tebigatyň) syrlaryny öwrenmäge – fizika girişilýär. Ý.A.Komenskiý metafizikanyň esaslarynyň sekiz ýaşly çagalar üçin hem güýçýeterlidigini we ony öwretmek üçin okuw ýylynyň üçden bir bölegine deň wagtyň ýeterlikdigini belleýär.

Biz şu makalamyzda fizika dersinde öwredilýän "Bütindünýä dartylma kanuny", "Kulonyň kanuny" ýaly temalaryň manysyny sebäplilik ýörelgesi esasynda düşündirmegiň mümkinçiligini açyp görkezmegi maksat edindik. Ylymda kanunlar beýan ediji we düşündiriji hyzmatlary ýerine ýetirýär. Beýan edýän kanunlar nämäniň nähili bolup geçýändigini, obýektiň nähili häsiýetleriniň bardygyny, baglanyşyklary ýüze çykarýar. Düşündirýän häsiýetli kanunlar hadysanyň, wakanyň näme üçin bolup geçýändigini, sebäp-netije baglanyşyklary açyp görkezýän, has ýokary düşündirijilik güýjüne eýe. Düşündirýän häsiýetli kanunlar, köplenç, beýan edýän kanunlaryň esasynda guralýar. Beýan edýän häsiýetli kanunlar esas bolup, sebäpleri düşündirmek ylma akyl ýetirmegiň indiki has ýokary derejesi hasaplanylýar. Fizikanyň kanunlaryny bir sebäpli we iki sebäpli kanunlar hökmünde aňlamak bolar.

Bütindünýä dartylma kanunynyň açylanyna ýüzlerçe ýyl geçen-de bolsa, bu kanunlaryň many-

syny ýüze çykarmak şu güne çenli açylman gelýär. Okuw kitaplarynda bu kanunlara olaryň matematiki formulasy esasynda kesgitleme bermek bilen çäklenilýär. C.Pilotyň "Q - nazaryýet: Nýutonyň Bütindünýä dartylma we Kulonyň kanunlarynyň arasyndaky baglanyşyk" atly makalasynda grawitasiýa we elektrostatik özara täsirleriniň meňzeşlikleri we düýpli tapawutlary sanalýar, muňa garamazdan, bu kanunlaryň ýüze çykma sebäpleri ylmy derňewiň çäginden daşarda galýar.

R.Feýnman Kulonyň kanunyny seljermek arkaly, ony düşündirmek üçin, bu kanunyň matematiki aňlatmasyny iki sany – $E = \frac{q_1 r}{4\pi\varepsilon_0 r^3}$ we $F = q_2 E$ bölege bölmegi teklip edýär (*Фейнман Р., Сэндс.М.* Фейнмановские лекции по физике. Т.1. Современная наука о природе, законы механики. URL: http://www.t-z-n/ru/archives/tom1.pd). Kulonyň kanunyny şunuň ýaly böleklere bölmek ony bellibir derejede düşündirmegi ýeňilleşdirýän ýaly görünse-de, özara täsiriň ýüze çykma sebäbini düşündirmäge mümkinçilik bermeýär.

I. Rupkom we başgalar tarapyndan awtordaşlykda ýazylan "Birleşdirmek üçin täze nazary esas: Nýutonyň grawitasiýasy we Kulonyň kanunynyň arasyndaky ajaýyp baglanyşyk" atly makalada beýan edilýän konsepsiýada düýpli güýçlere düşünmek üçin, fiziki kanunlaryň esasynda ýatýan mümkin bolan simmetriýalary ýüze çykarmagyň zerurdygy öňe sürülýär. Bu makalada

$$E_{21} = -\frac{PE_{e1}}{4\pi r^2} A\pi r_{e2}^2,$$

$$E_{12} = -\frac{PE_{e2}}{4\pi r^2} A\pi r_{e1}^2$$

formulalaryň esasynda Kulonyň kanunyny düşündirmäge synanyşyk edilýär. Bu ýerde, $E_{21}$ we $E_{12}$, degişlilikde, e1 elektron tarapyndan e2 elektrona we e2 elektron tarapyndan e1 elektrona täsir edýän energiýalaryň intensiwligi, $PE_{e1}$ we $PE_{e2}$ – e1 we e2 elektronlaryň mümkin bolan energiýalary, $r_{e1}$ we $r_{e2}$ - e1 we e2 elektronlaryň nusgawy radiusy (*Roopkom I. and et al.* A new Theoretical Framework Unification: The Surprizing Link Between Newton's Gravity and Coulomb's Law. 24 Januar, 2025. Doi.10.20.944/preprints202501.2391.v1. URL: httpspreprints.org).

Kulonyň kanunynyň ýokardaky görnüşde böleklere bölünmegi mümkin bolan simmetriýalary ýüze çykarmaýar. Fizikada mümkinçilikleriň simmetriýasy diýlende, meýdanyň energetik häsiýetnamasynyň – mümkinçilikleriň käbir özgertmelere görä üýtgewsizligi, inwariantlygy göz öňünde tutulýar. Umuman, simmetriýa bu obýektleriň ýa-da hadysalaryň käbir oka, tekizlige ýa-da merkeze görä izomorf böleklere bölünmegidir. Bütindünýä dartylma we Kulonyň kanunlaryny sebäplilik esasda düşündirmek bu kanunlarda mümkin bolan simmetriýalary ýüze çykarmak bilen baglanyşyklydyr.

Bir ylmy işde (*Рустемов Б.Х., Алтыева Дж., Ораева А.И., Нургелдиев О.Н.* Эмерджентизация законов физики. Sciences of Europe. – 2024, – №155. С.84-92. DOI: 10.5281/zenodo.14561091. URL:=https://cyberleninka.ru>article>emerdzhentizasiya) Bütin-dünýä dartylma kanunynyň matematiki aňlatmasy $\varphi_G = \frac{F_r}{m}$ we $\varphi_G = G\frac{M}{r}$; Kulonyň kanuny $\varphi_E = \frac{F_r}{q^2}$ we $\varphi_E = k\frac{q_1}{r}$ görnüşde izomorf böleklere bölünýär, bu aňlatmalarda $\varphi_G$ we $\varphi_E$ degişlilikde, grawitasiýa we elektrostatik meýdanlaryň mümkinçilikleri. Ýüze çykarylan bu simmetriýalar Bütindünýä dartylma we Kulonyň kanunlaryny iki sebäpli kanunlar hökmünde düşünmäge düýpli esasdygyna, Kýuriniň simmetriýa we desimmetriýa ýörelgesiniň bu kanunlar üçin adalatlydygyna şaýatlyk edýär. Bu ýörelgä laýyklykda, sebäpleriň simmetriýa elementleri olaryň netijelerinde ýüze çykmaly. P. Kýuri: "Men kristallograflar üçin adaty bolan simmetriýa düşünjesiniň fizika girizilmegini zerur hasaplaýaryn" (*Войтеховский Ю.А.*. Еще раз о десимметрии П.Кьюри. Записки Российского минералогического общества. – 2019. Часть CXLIII, №3, s. 121. URL: C:Users/sss/Downloads/11074-30119-1-PB.pdf) diýip ýazýar.

Ýokardaky beýan edilenler esasynda aşakdaky: 1. Fizika dersiniň okuw maksatnamasyna we okuw kitabyna giriş bölümine degişli temalardan soň 7-nji synpda "Tebigat hadysalarynyň arasyndaky sebäp-netije baglanyşyklar" diýlen bölümi girizmekligi; 2. Bütindünýä dartylma we Kulonyň kanunlaryny degişli bölümlerde mümkinçilik düşünjesi girizilenden soň öwretmek ýaly teklipleri öňe sürmek bolar.

***Babakuly Rustemow,*** **Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň uly mugallymy, tehniki ylymlaryň kandidaty.**
***Aýgül Gurbangeldiýewa,*** **şol institutyň mugallymy.**

**Makalany ýollan: Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 20-nji marty.**

# MAKROYKDYSADY MODELLERIŇ DÖWLETIŇ YKDYSADYÝETINI KÄMILLEŞDIRMEKDÄKI ÄHMIÝETI

***Adamzat taryhynda zerur desgalary öwrenmek üçin olary böleklere bölmek, fiziki taýdan agyr synaglara sezewar etmek ýaly dürli ýollar ulanylypdyr. Häzirki döwürde bilimiň, ylmyň ösmegi bilen, bu ýollar has ynsanperwer, az çykdajy talap edýän usullar bilen çalşyrylýar. Desgalary, olar bilen bagly hadysalary öwrenmegiň ýollaryny takyklamak, usulýetini döretmek, modellerini taýýarlamak we öwrenmek bilen meşgullanýan ylmy modelirleme ýurduň makroykdysady görkezijilerini ýokarlandyrmak üçin zerurdyr.***

Desgalar, hadysalar modelirlenende, olaryň häsiýetli aýratynlyklary ylmy esasda seljerilýär. Soňra şol häsiýetleri özünde jemleýän model döredilýär. Öwrenilýän desga dogry gelýän (adekwat – biri-birine meňzeş, barabar) modelleri gurmak işi oňyn netije berýär. Häzirki döwürde modelirleme usullaryny has kämilleşdirmek aktual meseleleriň biridir. Bu meseläniň döwrebaplygy, bir tarapdan, ylmy-barlag we döwlet ykdysady işlerinde talabyň güýçlenýändigi, beýleki tarapdan, häzirki zaman ýokary tehnologiýanyň mümkinçilikleriniň görlüp-eşidilmedik derejä ýetendigi bilen düşündirilýär. Ýeri gelende, häzirki zaman ýokary tehnologiýalaryň kömegi bilen modelirleme usullarynda öwrenilýän desgalaryň ähli häsiýetlerini diýen ýaly ýüze çykarmaga mümkinçilik berýändigini bellemekçidiris. Modelirleme usullary, modelirleme serişdelerine görä, material we ideal modelirleme görnüşlerine bölünýär.

Barlag geçirilýän model bilen öwrenilýän desganyň arasynda obýektiw arabaglanyşyk döretmäge ýardam berýän, maddy häsiýete eýe bolan modelirlemä maddy modelirleme diýilýär. Model bu ýagdaýda barlagçy tarapyndan fiziki jisimlerden gurulýar. Maddy modelirleme şertli üç bölege bölünýär: *giňişlikdäki, fiziki we analogik modelirleme*.

Giňişlikdäki modelirleme öwrenilýän desganyň giňişlikdäki häsiýetlerini şekillendirmäge niýetlenendir. Model bu ýagdaýda öwrenilýän desga geometrik şekil berýär (Mysal üçin, dürli görnüşli maketler).

Fiziki modelirleme tehnikada giňden ýaýran we dürli tehniki ulgamlary taslamakda ulanylýar. Mysal üçin, söweş enjamlaryny barlamakda we ş.m.

Analogik modelirleme – desganyň we modeliň matematiki analogyny ýazyp beýan etmek. Mysal üçin, mehaniki yrgyldylary elektrik ulgamynyň kömegi, şekilleri differensial deňlemeleriň üsti bilen bermek.

Öwrenilýän desganyň maddy häsiýete eýe bolmadyk, ideýalaryň, belgileriň, obrazlaryň, çyzgylaryň, formulalaryň üsti bilen berilýän model ideal modelirleme işlerini beýan edýär.

Ideal modelirleme formal we formal däl modelirlemä bölünýär. Formal modelirleme obrazlaryň üsti bilen berilýär. Belgili ulgama çyzgylar, grafikler, shemalar, formulalar we ş.m. degişlidir. Analogik we ideal modelirlemä matematiki modeller mysal bolup biler. Matematiki modelirlemelerde öwrenilýän desgalaryň, hadysalaryň esasy häsiýetleri matematiki çyzgylarda, grafalarda, ölçeglerde we deňlemelerde beýan edilip, model düzülýär, olar matematikanyň grafalar, ähtimallyklar nazaryýeti, matematiki statistika, geometriýa, algebraik, differensial we integral deňlemeler, dinamiki ulgamlar, wariasion hasaplamalar ýaly bölümleriniň kömegi bilen çuňňur öwrenilýär. Matematiki modelirlemäniň aýratynlygy onuň usullarynyň berk matematiki pikir ýöretmä esaslanýandygy, modelleriniň ýeterlik derejede elýeterlidigi we has arzandygy bilen şertlendirilýär. Şu jähetden, olar maddy modelirlemeden tapawutlanýar we köp ulanylýar. Obrazly modelirleme maýyşgak, şar, suwuk akym, jisimiň hereketiniň ýoly ýaly belli elementlerden durýar.

Formal däl modelirlemä dürli meseleleriň seljermesi degişli. Bu ýagdaýda model formallaşdyrylmaýar. Oňa derek onuň pikirdäki şekillendirmesi peýdalanylýar we çözüwi kabul edilýär.

Matematiki modelirleme ykdysady ylmy ugurlylygy bilen häsiýetlidir. Ykdysady desgalary we hadysalary öwrenmek üçin ulanylýan maddy modeller desganyň öz bahasy bilen deňeçer çykdajyny talap edip, hemişe oňyn netijäni berenok.

Döwletiň makroykdysady görkezijilerini, ykdysady ulgamlary, ykdysadyýeti öwrenmek üçin, esasan, matematiki modeler, matematiki arabaglanyşyklaryň ulgamlaryndan peýdalanylýar. Öwrenilýän ykdysady meseläni matematiki arabaglanyşyklaryň (deňlemeleriň, deňsizlikleriň, funksiýalaryň, grafikleriň) üsti bilen ýazyp beýan etmek has giňişleýin maglumatlary berýär we bellenilip geçilişi ýaly, maddy we desgalara sarp edip, goşmaça çykdajylary tygşytlaýan modeller

ulanylýar. Matematiki modelleri we usullary peýdalanmak bilen, ykdysadyýetiň ýagdaýyny aňladýan görkezijileriň (ululyklaryň) arasyndaky dürli arabaglanyşyklary ýüze çykarmak, bu arabaglanyşyklaryň geljekki ýagdaýyny ylmy taýdan çaklamak mümkin. Ykdysadyýete gözegçilik etmek bilen alnan maglumatlary peýdalanyp, ykdysadyýetiň ýagdaýyny we ösüşini ýazyp beýan edýän matematiki modelleri gurmak häzirki zaman ykdysady nazaryýetiň aktual meseleleriniň biridir. Matematiki modeller we usullar ykdysadyýetde täze bilimleri almagyň kuwwatly serişdesidir. Matematiki modelleriň we usullaryň kömegi bilen ykdysady nazaryýetiň düzgünlerini we düşünjelerini takyk ýazyp beýan edip, çuňlaşdyryp bolýar.

Desgalary we olar bilen bagly hadysalary modelirlemek işleriniň toplumy modelirleme bilen beýan edilýär. Modelirleme şertli üç ugra bölünýär:

1. Öwrenilýän desga ýa-da hadysa degişli bolan nazary kanunalaýyklyklary we onuň gurluşy hem-de aýratynlyklary baradaky empiriki maglumatlary seljermek.

2. Öwrenilýän desganyň ýa-da hadysanyň modelini döretmek, gerek bolan usullary kesgitlemek we olaryň kömegi bilen modeli öwrenip, meseläni çözmek.

3. Alnan netijäni seljermek

Matematiki modeli gurmagyň ahyrky maksadyny kesgitlemek we esasy kriterini döretmek birinji döwrüň meseleleriniň biridir. Ykdysady meselelerde hem-de ykdysady seljermede şeýle kriteriler iň uly girdeji, iň kiçi önümçilik çykdajylary, enjamlardan, ätiýaçlyk gorlardan peýdalanmak, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak bilen bagly bolup biler.

Matematiki programmirleme meselesi goýlanda, önüm öndürmek üçin peýdalanylýan serişdeler çäkli diýlip kabul edilýär. Önümçilik serişdeleriniň ähli görnüşleri (çig mal, zähmet serişdeleri, maşynlaryň kuwwaty we ş.m.) önüm öndürmek üçin peýdalanylýan bolsa, önümiň bir görnüşini öndürmek üçin sarp edilýän ähli serişdeleri (çeşmeler, baýlyklar) bilmek hökmandyr. Ykdysady meseläni esaslandyrýan ähli şertler (çäklendirmeler) biri-birine garşylykly bolmaly däldir, ýagny ähli şertleri esaslandyrýan çözgüt tapylmalydyr.

Ykdysady meseleleri modelirlemegiň ikinji döwründe goýlan meseläni çözmegiň iň oňaýly usullary saýlanylýar. Garalýan meseläniň aýratynlygyna görä, ony çözmek üçin ulanyp boljak usullaryň iň oňaýlysynyň berýän netijelerine, sarp edilýän wagtyna, gymmatyna we beýleki häsiýetnamalaryna görä saýlanyp alynýar. Mysal üçin, çyzykly programmirleme meselesini çözmegiň *simpleks, potensiallar, grafiki* çözüliş usullary bellidir.

Ykdysady taýdan gowy model diýlip diňe çylşyrymly bolmadyk, real ýagdaýlaryň, hadysalaryň häsiýetine has ýakyn bolan model hasap edilmeýär. Gowy model iň gowy ykdysady netijeleri alyp bolýan we çözgüdi kyn bolmadyk modeldir.

Modelirlemegiň üçünji döwri, ykdysady meseleler öwrenilende alnan netijeleriň köptaraply seljermesidir. Modeliň hiliniň, takyklygynyň ahyrky bahasyny hakyky önümçilikde alnan netijeler, çözgütler, bahalar kesgitleýär. Alnan netijeler hakyky önümçilikde şertlerini görkezmese, onuň sebäplerini ýüze çykarmak üçin täzeden seljerme geçirmelidir. Peýdalanylýan maglumatlaryň doly takyk däldigi, ulanylýan matematiki serişdeleriň gabat gelmezligi ýaly meseleleriň ýüze çykmagy mümkindir

Ykdysadyýetde peýdalanylýan matematiki modeller modelirlenýän desganyň aýratynlyklaryna, modelirlemegiň maksadyna we ulanylýan serişdelere görä, makro, mikro modelirlemä, nazary we amaly ähmiýetli optimallaşdyrma, deňagramlylyk, dinamik we statistik modellere bölünýär.

Makroykdysady modeller ykdysadyýeti bir bitewi ulgam görnüşinde ýazyp beýan edýär, öwrenýär. Bu ýagdaýda ykdysadyýetiň ähli görkezijileri, esasan, sarp ediş, maýa goýumlar, hümmetsizlenmäniň göterim derejeleri, iş bilen üpjünçilik we ş.m. birleşdirilip, biri-biri bilen baglanyşdyrylyp alynýar hem-de öwrenilýär.

Mikroykdysady modeller ykdysadyýetiň funksional düzüjilerini we onuň gurluşyny, ýagny aýratyn alnan düzüjilerini (kärhana, seh we ş.m.) öwrenmäge mümkinçilik berýär.

Mikroykdysady modelirleme ykdysady-matematiki nazaryýetiň esasy bölegidir. Soňky ýyllarda mikroykdysady modelirlemede bazar şertlerinde firmanyň özüni alyp barşyny öwrenmekde uly nazary netijeler alyndy. Nazary modeller ykdysadyýetiň umumy ýagdaýyny, häsiýetlerini, düzüm böleklerini nazaryýet taýdan öwrenmäge mümkinçilik berýär.

Amaly ähmiýetli modeller takyk ykdysady desganyň parametrlerini bahalandyrmaga we amaly çözgütleri kabul etmek üçin teklipleri taýýarlamaga mümkinçilik berýär. Bazar ykdysadyýetini modelirlemekde deňagramlylyk modellerine aýratyn orun berilýär. Deňagramlylyk modelleri deň täsirli ähli

daşky güýçleriň hem-de ykdysadyýetiň berlen ýagdaýyndan üýtgetmäge ymtylýan ähli güýçleriň nola deň bolan ýagdaýyny öwrenmäge mümkinçilik berýär. Umuman, matematiki modelleri, olaryň öwrenýän ulgamynyň ýagdaýyna we ulanýan enjamyna laýyklykda, aşakdakylara bölüp bolar: *diskret we üznüksiz modeller; statik we dinamik modeller; çyzykly we çyzykly däl modeller; optimallaşdyrma, determinirlenen we stohastik modeller.*

Diskret modellerde öwrenilýän desgalara degişli ululyklar diskret (aýrybaşgalaşdyrylan, biri-birinden üzňe) bahalary kabul edýär. Üznüksiz modellerde olar üznüksiz bahalary kabul edýär. Statik modeller ykdysadyýetiň ýagdaýyny takyk bir wagtda ýa-da bir döwürde ýazyp beýan etmek we öwrenmek üçin düzülýär. Dinamik modeller döwürleýin häsiýetli hadysalary öwrenýär.

Çyzykly modellerde öwrenilýän ykdysady ulgamlardaky häsiýetnamalar (serişdelere we ş.m. degişli çäklendirmeler, maksady görkezýän kriteriler, şertler) näbelli gözlenýän ululyklara görä, çyzykly funksiýalaryň görnüşindedir. Çyzykly däl modellerde bu çäklendirme aradan aýrylýar. Şonuň üçin olar ykdysady ulgamyň hakyky ýagdaýyna has ýakyndyr.

Optimallaşdyrma modeller mikroderejede sarp edijiniň peýdasyny artdyrmakda ýa-da firmanyň girdejisini köpeltmekde giňden peýdalanylýar. Determinirlenen modeller modeliň üýtgeýänleriniň arasynda berk funksional baglanyşygyň bolmalydygyny talap edýär.

Stohastik modellerde öwrenilýän görkezijä täsir edýän tötänleýin faktorlar bardyr. Olar şeýle modelleri öwrenmekde ulanylýar. Şonuň üçin bu ýagdaýda, esasan, ähtimallyklar nazaryýetiniň we matematiki statistikanyň elementlerini ulanmaly. Ykdysady we makroykdysady görkezijileriň ulgamlaryny we hadysalaryny modelirlemegiň meseleleri, maksatlary, esasan, şertli üç topara bölünýär: *ykdysady ulgamlary seljerme etmek; ykdysady çaklama; ykdysady ulgamyň ähli derejelerinde dolandyrmagyň zerur çözgütlerini tapmak.*

Bir bitewi ykdysady ulgam öwrenilende, ýokarda beýan edilen modelleriň dürli görnüşleriniň ulanylmagy mümkin. Meselem, ykdysady ulgamlaryň desgalarynyň seljermesi geçirilende ulanylýan modeliň görnüşi dogry saýlanylmalydyr. Ykdysady desga wagta görä üýtgeýän ulgamyň düzüminde garalsa, dinamik modeller ulanylýar. Wagta görä, üýtgemekligiň esasy häsiýetnama hasap edilmeýän döwründe ykdysady desganyň ýagdaýy statistik modeller bilen öwrenilýär.

Ykdysady çaklamada, köplenç, sholastik modeller we olar bilen bagly matematiki statistikanyň usullary ulanylýar. Ykdysady ulgamyň geljekki çaklama ýagdaýy ýa-da şol ýagdaýa görä alternatiw ýoly ylma esaslandyrylmalydyr.

Makroykdysady seljermäniň usullary we modelleri. Modellerde ulanylýan üýtgeýän ululyklar. Üýtgeýän ululyklaryň arasyndaky funksional baglanyşyklar we olaryň görnüşleri. Akymyň we ätiýaçlyklaryň üýtgeýänligi.

Näme sebäpli käbir ýurtlaryň ykdysadyýetiniň ösüş depgini ýokary, käbir ýurtlarda hümmetsizlenmäniň derejesi pes, käbirlerinde bahalar durnukly, beýlekilerinde bolsa milli puluň hümmeti çalt üýtgeýär? Haýsy sebäpler ykdysady çökgünlige alyp barýar? Onuň döwürlerini we meselelerini çözmäge nähili çemeleşmeli? Şulara meňzeş soraglar her bir adamy gyzyklandyryp biler. Makroykdysadyýet bitewi ulgam hökmünde ýokardaky soraglara jogap tapmak maksady bilen öwrenilýän ylymdyr.

Mikroykdysadyýetde esasy üns öý hojalyklardaky, firmalardaky we haryt bazarlaryndaky ykdysady gatnaşyklara we çözgüt kabul edilişine syrygýar. Harytlaryň ýerleşdirilişiniň baha baglydygy sebäpli, mikroykdysadyýetiň meselelerine diňe çäkli önümçilik serişdeleriniň optimal ulanylyşy däl-de, bazarda nyrhyň emele gelşi, nyrhlarda deňagramlylyk ýagdaýynyň döremegi hem degişlidir.

Makroykdysadyýet ykdysady ulgama gatnaşyjylaryň ählisiniň bilelikde özüni alyp barşyny öwrenýär. Ol ykdysady synçylara hümmetsizlenmek, işsizlik, salgyt salmak, bazar göterim derejesi, býujet ýetmezçiligi hem gymmat kagyzlaryň kurslary we ş.m. hakda pikir ýöretmäge giň ýol açýandygy üçin gyzyklydyr, emma makroykdysadyýetiň ýokarda sanalan meseleler boýunça taýýar çözgütleri bermeýändigi üçin, ykdysady ulgamy dolandyrmakda adam ykdysady ulgama täsir edýän faktorlaryň ählisini göz öňünde tutmalydyr.

***Myrat Şükürow,*** **Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy.**

**Makalany ýollan: Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersiteti.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 3-nji apreli.**

# YLYM-BILIM MILLI YKDYSADYÝETIŇ INNOWASION ÖSÜŞINIŇ KEPILIDIR

*Ylym-bilim ulgamynyň yzygiderli ösdürilmeginiň ykdysadyýeti ýokary tehnologiýalar bilen üpjün etmäge we ýurdumyzyň kuwwatyny ýokarlandyrmaga oňyn täsir edýändigi barada hormatly Prezidentimiz: "Maglumatlar we tehnologiýalar asyry" diýlip atlandyrylýan XXI asyrda ylmyň iň täze gazananlary bilen aýakdaş gitmek, milli ykdysadyýetimizi ýokary tehnologiýaly pudaklar bilen üpjün etmek döwrüň talaby we güýçli döwlet bolmagyň esasy şertidir" diýip belleýär. Ylym-bilim we innowasion tehnologiýalar milli ykdysadyýetimizi döwrebap ösdürmegiň kepilidir.*

Ylmy edebiýatlara "sanly başarnyk" adalgasy girizilendir. Bu adalga daşary ýurtlaryň ylmy edebiýatlarynda dürli-dürli düşündirişler berilýär. "Sanly başarnyk" adalgasyny umumylaşdyryp aýdanymyzda, ony sanly ulgama howpsuz, işjeň gatnaşmaga mümkinçilik berýän bilimleriň we başarnyklaryň jemi hökmünde kabul etmek bolar.

Bütindünýä bankynyň hasabatlarynda kompýuterlerden we internetden peýdalanmak, şeýle hem, maglumatlary dolandyrmak we howpsuzlygyny üpjün etmek hünärmeniň sanly başarnyklary hökmünde kesgitlenilýär. Bütindünýä bankynyň 2016-njy ýylda dünýäniň ösüşi baradaky hasabatynda häzirki zaman sanly ykdysadyýetde hünärmeniň hünär derejesiniň ösmegi we bazar şertlerine üstünlikli uýgunlaşmagy üçin hünär derejesi bilim, jemgyýetçilik, özüni alyp barmak, tehniki başarnyklary ýaly toparlara bölmek bilen kesgitlenilýär.

*DigComp 2.2*. Sanly başarnyklaryň modeli bäş sany esasy hünär başarnyklaryny öz içine alýar. Olara maglumat, aragatnaşyk sowatlylygy, hyzmatdaşlyk, sanly maglumatlary taýýarlamak we maglumatlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek başarnyklary degişlidir. Umuman aýdylanda, "sanly başarnyklar" boýunça ölçegleriň her biriniň hünärmeniň bu ugurdaky derejesini kesgitlemekde özboluşly artykmaçlyklara we aýratynlyklara eýedir. Bu ölçegler hünärmenleriň okuw meýilnamalarynyň düzülmeginde we hünär ýokarlandyryş okuwlarynda sanly bilimi kämilleşdirmegiň ugurlary hökmünde peýdalanylýar.

Ýokary okuw mekdebiniň uçurymlarynyň sanly başarnyklarynyň kämil bolmagy kärhanalaryň häzirki zaman tehnologiýalaryna oňat erk edýän hünärmenler bilen üpjün edilmegine ýardam edýär. Bu bolsa, kärhanalaryň innowasion ösüşini ýokarlandyrmaga we öndürilýän önümleriň bazarda bäsleşige ukyplylygyny artdyrmaga oňyn täsir edýär.

Adam maýasynyň hiliniň ýokary derejesi ykdysadyýetiň innowasion ösüşiniň esasy şertidir. Hünärmenleriň sanly başarnyklarynyň derejesiniň ýokarlanmagy bilen zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagynyň arasynda gönümel baglanyşygyň bardygy seljerilýär. W.A.Wiktorowanyň we L.W.Silakowanyň "Russiýanyň sanlylaşýan şertlerinde ilatyň zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak üçin möhüm başarnyklary ýüze çykarmak" atly ylmy işinde kärhanada zähmet çekýän işgärleriň sanly başarnyklarynyň ýokary bolmagy, olaryň häzirki zaman tehnologiýalardan netijeli peýdalanmaklaryna ýardam edýändigi bellenilýär (*Викторова В.А., Силакова Л.В.* Выявление актуальных компетенций для повышения производительности труда населения в условиях цифровизации России // Экономика труда. – 2023. Т. 10. – № 7.). Olaryň ylmy işinde sanly başarnyklara eýe bolan işgärleriň täze maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryny ulanmagyň, ýerine ýetirýän işlerini awtomatlaşdyrmagyň we hilini ýokarlandyrmagyň hasabyna beýleki işgärlerden zähmet öndürijiliginiň ýokarydygy bilen tapawutlanýandyklary beýan edilýär.

M.W.Rýazansewanyň "Sanly başarnyklaryň kämilleşmegi zähmet öndürijiliginiň ösmeginiň çeşmesi hökmünde" atly ylmy işinde durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmekde we ykdysadyýetiň pudaklarynyň bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmakda hünärmenleriň sanly başarnyklaryny ösdürmäge maýa goýmagyň wajyplygy bellenilýär. Hünärmenleriň sanly başarnyklarynyň ýokary bolmagy diňe bir zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna täsir etmän, eýsem, kärhanalaryň innowasiýalary öz wagtynda ornaşdyrmaklaryna, sanly ykdysadyýetiň ösüş şertlerine laýyklykda, sanly ulgamda çalt kämilleşmeklerine oňyn täsir edýär.

Ýurtda sanly ykdysadyýetiň ösdürilmeginde hünärmenleriň sanly başarnyklarynyň ýokarlanmagy möhüm şertleriň biridir. I.E.Žukowskaýa özüniň "Häzirki zaman şertlerinde sanly başarnyklar hünär-

menleri taýýarlamagyň aýrylmaz bölegi hökmünde” atly ylmy işinde ýokary okuw mekdeplerinde taýýarlanýan hünärmenleriň kämil derejede sanly başarnyklara eýe bolmaklarynyň ýurtda durmuş-ykdysady ösüşiň ýokarlanmagyna oňyn täsir edýändigini belleýär (*Жуковская И.Е.* Цифровые компетенции как неотъемлемая часть подготовки специалистов в условиях современных вызовов // Открытое образование. – 2025. Том 29. – № 5.).

Dünýäniň ösen döwletleriniň tejribesiniň görkezişi ýaly, ykdysadyýetiň pudaklarynyň innowasion ösüşi ýurduň durmuş-ykdysady ösüşine ýardam edýär. Halkara derejede ýurduň ykdysadyýetiniň innowasion ösüşini görkezýän birnäçe görkezijiler hereket edýär. Bu ugurda iş alyp barýan intellektual eýeçiligiň bütindünýä guramasynyň Global innowasion indeksini aýratyn bellemek bolar.

Global innowasion indeks (GII) – dünýä ýurtlarynyň ykdysadyýetiniň innowasion we durmuş-ykdysady ösüşiniň görkezijisidir. Bu indeks ýylda bir gezek neşir edilýär. 2025-nji ýylda dünýäniň ýurtlarynyň Global innowasion indeksi boýunça ilkinji 15 ýurduň maglumatyny 1-nji tablisadan görmek bolýar.

1-nji tablisada Global innowasion indeks (GII) boýunça ýurtlaryň balyny görkezýän sütün (0-dan 100 bala çenli) ýurduň ylmyny ösdürmäge gönükdirýän maýa goýumlaryna, bellige alnan patentleriň sanyna, bilim ulgamynyň ýeten derejesine esaslanýar. Intellektual eýeçiligiň bütindünýä guramasy girdeji derejesi boýunça ýurtlary 4 topara bölýär. Munuň özi

**1-nji tablisa**

| T/b | Ýurtlaryň ykdysadyýeti | GII boýunça baly | Girdeji derejesi boýunça reýtingi | Sebit boýunça reýtingi |
|---|---|---|---|---|
| 1 | Şweýsariýa | 66 | 1 | 1 |
| 2 | Şwesiýa | 62,6 | 2 | 2 |
| 3 | ABŞ | 61,7 | 3 | 1 |
| 4 | Günorta Koreýa | 60 | 4 | 1 |
| 5 | Singapur | 59,9 | 5 | 2 |
| 6 | Beýik Britaniýa | 59,1 | 6 | 3 |
| 7 | Finlýandiýa | 57,7 | 7 | 4 |
| 8 | Niderlandlar | 57 | 8 | 5 |
| 9 | Daniýa | 56,9 | 9 | 6 |
| 10 | Hytaý | 56,6 | 1 | 3 |
| 11 | Germaniýa | 55,5 | 10 | 7 |
| 12 | Ýaponiýa | 53,6 | 11 | 4 |
| 13 | Fransiýa | 53,4 | 12 | 8 |
| 14 | Ysraýyl | 52,3 | 13 | 1 |
| 15 | Gonkong | 51,5 | 14 | 5 |

***Dünýä ýurtlarynyň innowasion indeksi (GII – Global innowasion indeks), 2025-nji ýyl***

**2-nji tablisa**

| | |
|---|---|
| | Girdejiniň pes derejesi |
| | Girdejiniň ortaçadan pes derejesi |
| | Girdejiniň ortaçadan ýokary derejesi |
| | Girdejiniň ýokary derejesi |
| | Sub-Sahara Afrika |
| | Merkezi we Günorta Aziýa |
| | Günorta-Gündogar Aziýa, Gündogar Aziýa, Okeýaniýa |
| | Demirgazyk Afrika we Günbatar Aziýa |
| | Latyn Amerikasy we Karib deňziniň sebiti |
| | Demirgazyk Amerika |
| | Ýewropa |

***Girdejiniň derejesi we sebitleýin bölünişi boýunça ýurtlaryň ykdysadyýetiniň toparlara bölünişi***

ýurtlaryň maliýe serişdeleriniň ulanylyşynyň netijeliligini aýdyň edýär. GII-de ýokary orunlarda durýan ýurtlaryň aglabasynyň jemi milli önümiň (JMÖ) ilatyň jan başyna düşýän gymmatynyň ýokarydygyny, bu ýurtlaryň bilime, ylma, innowasion tehnologiýalara gönükdirýän maýa goýumlarynyň möçberiniň köpdügini we netijeliliginiň ýokarydygyny görkezýär.

1-nji tablisadan görnüşi ýaly, Hytaý Halk Respublikasynyň JMÖ-niň ilatyň jan başyna düşýän gymmatynyň orta derejeden ýokarydygyna garamazdan, GII-de öňdäki orunlarda durmagy bu ýurtda innowasiýalary ösdürmäge uly ähmiýet berilýändigini görkezýär. Tablisanyň soňky sütüni ýurtlaryň haýsy sebite degişliligini görkezýär we onda GII boýunça, ýurtlaryň sebitdäki görkezijisini görmek bolýar.

Ykdysadyýetiň innowasion ösüşinde bilimiň, ylmyň we önümçiligiň özara baglanyşygynyň ýokarlandyrylmagynyň, innowasion klasterleriň ösdürilmeginiň ähmiýeti örän uludyr. Innowasion klaster – bu bir çäkde ýerleşen täze tehnologiýalary bilelikde işleýän we önümçilige ornaşdyrýan ylmy institutlaryň, ýokary okuw mekdepleriniň, özara baglanyşykly kärhanalaryň, infrastruktura düzümleriň jemidir. Klasteriň döredilmeginiň we ösdürilmeginiň esasy maksady bilimiň, ylmyň we önümçiligiň özara baglanyşygyny ýokarlandyrmakdyr. Munuň netijesinde kärhanalar bäsleşige ukyply önümleri bazara çalt hödürlemäge mümkinçilik alýar. Şu nukdaýnazardan, dünýäniň ösen döwletleriniň innowasion klasterleriniň nusgasyny öwrenmek ähmiýetlidir. Bu ugurda Intellektual eýeçiligiň bütindünýä guramasynyň dünýäniň innowasion klasterleriniň maglumatlaryna seretmek bolar.

Şençjen-Gonkong-Guançjou innowasion klasteriň bu ugurda ýokary görkezijilere eýedigi 3-nji tablisadan görünýär. Şeýle hem, kesgitlenýän döwürde Tokio-Ýokohama innowasion klasteri tarapyndan halkara patentleriň sany köp hasaba alnypdyr. Tab-

lisanyň soňky sütüninde innowasion klasterleriň dünýäniň wençur maýa goýumlaryndaky paýy görkezilýär. Bu görkeziji innowasion klasterlerde wençur maýa goýumlarynyň möçberiniň köpdügini, startap taslamalarynyň we täze tehnologiýalar bilen işleýän kärhanalaryň maýa goýum üpjünçiliginiň ýokarydygyny aňladýar. Tablisada berlen maglumatlar bilimiň, ylmyň we önümçiligiň özara baglanyşygynyň ýokarlanmagynyň innowasion ykdysady ösüşi üpjün etmekde möhümdigini görkezýär.

**3-nji tablisa**

| T/b | Klasteriň ady | Dünýäniň ylmy makalalaryndaky tutýan paýy | Halkara patentlerindäki tutýan paýy | Dünýäniň wençur maýa goýumlaryndaky paýy |
|---|---|---|---|---|
| 1 | Şençjen-Gonkong-Guançjou | 2,4% | 9% | 2,9% |
| 2 | Tokio-Ýokohama | 1,4% | 10,3% | 2,2% |
| 3 | San Hose-San Fransisko | 0,7% | 3,9% | 6,9% |
| 4 | Pekin | 4% | 3,8% | 2,9% |
| 5 | Seul | 1,7% | 5,4% | 3,1% |
| 6 | Şanhaý-Sujou | 2,5% | 3,3% | 3,7% |
| 7 | Nýu-Ýork siti | 0,9% | 1% | 4,8% |
| 8 | London | 0,7% | 0,5% | 4,4% |
| 9 | Boston-Kembrij | 0,9% | 1,5% | 2% |
| 10 | Los Anjeles | 0,5% | 0,9% | 2,5% |

***Dünýäniň iň iri innowasion klasterleri***

Ykdysadyýeti innowasion esasda ösdürmekde ylym-bilim ulgamyna uly orun degişlidir. Okuw döwründe sanly başarnyklaryny kämilleşdiren talyplar geljekde ykdysadyýeti innowasiýalaşdyrmaga goşant goşjak kämil hünärmenler bolup ýetişerler. Ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplaryň we kärhanalarda zähmet çekýän hünärmenleriň hünär derejesiniň yzygiderli ýokarlandyrylmagy innowasiýalaryň we startap taslamalarynyň sanynyň köpelmegine oňyn täsir edýär.

***Begenç Sahatkuliýew,* Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň mugallymy.**

**Makalany ýollan: Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş instituty.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 12-nji maýy.**

## GYZYKLY YKDYSADYÝET

Ykdysadyýet ylmynda okyjylary gyzyklandyryp biljek maglumatlar kändir. Bu ulgama degişli alymlaryň toplan maglumatlarynyň käbirini kärdeşlerimize ýetirmegi makul bildik.

1. Dünýä belli Nobel baýragynyň ähli ugurlaryny bu tanymal alymyň (Nobeliň) özi kesgitlemändir. Ykdysadyýet boýunça Nobel baýragy 1969-njy ýylda (alym ýogalandan soň) Şwesiýanyň banky tarapyndan döredilýär.

2. 1986-njy ýylda Londonda çap edilýän «The Economist» atly žurnal "Big Mak indeksi" diýen düşünjäni ulanyşa girizýär (Big Mak – çalt taýýarlanýan iki gatly burger). Bu görkeziji dünýäde ulanylýan gyzyl pullaryň satyn alyş hümmetini deňeşdirmegiň usuly hökmünde ulanylýar. Big Mak bu ugurda gowy esas bolup hyzmat edýär, çünki bu iýmit dünýäniň ähli ýerinde şol bir görnüşdedir.

3. 1949-njy ýylda fizik alym Frenk Maknamara ýalňyşyp, puluny başga eşiginde goýup gaýdany üçin, restoranda iýen naharynyň puluny töläp bilmeýär. Şu we şuňa meňzeş ýagdaýlardan çykalga hökmünde, restoranyň hemişelik müşderileriniň «Diners Club» atly klubuny döretmek pikirine gelinýär. Bu klubuň agzalary, restoran bilen baglaşylan şertnama laýyklykda, kredit kartlary bilen töleg edip bilýär. Aýyň ahyryna olar üýşen puly kluba geçirýärler. 1950-nji ýyldan başlap, «Diners Club» kompaniýasy halkara işjeňligini ýola goýýar. Şeýlelikde, kredit kartlary bilen işlemegi tejribä ornaşdyran ilkinji halkara töleg ulgamy döredilýär.

4. Frenk Wulwort 1324-nji ýylda 21 ýaşynda satyjy bolup işe ýerleşýär. Ýaşdygy, utanjaňdygy, sakynyp gürleýändigi üçin, ol hojaýynynyň garaşan girdejisini getirip bilmeýär. Dükanyň eýesi onuň öňünde şert goýýar: ol bir çalşykda dükanyň gündelik girdejisine barabar söwda etmeli ýa-da işden gitmeli. Şol döwürde alyjynyň maliýe ýagdaýyna baha bermek, şoňa laýyklykda hem harydа baha kesmek satyjynyň wezipesine degişli bolupdyr. Ol her harydyň ýüzüne iň az bahany goýýar, ýokarda geçmän duran harytlaryň ýüzüne bolsa "ählisi (hersi) 5 sentden" diýip ýazýar. Şeýlelikde, ol 6 günde satyp boljak harydy bir günde satýar we şondan soň işden gidip, öz dükanyny açýar.

***Oguljennet Jumabaýewa,* Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň mugallymy.**

# DÖWLETMÄMMET AZADYNYŇ DÖWLETLILIK ÝÖRELGESI WE PARAHATÇYLYK TAGLYMATY

Türkmen halkynyň beýik akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň kyblasy Döwletmämmet Azady öz döwrüniň çuňňur sosial we filosofik pikirli alymy, sopuçylyk taglymatynyň görnükli wekili bolupdyr. Gahryman Arkadagymyz: “Azady – ylmyň, parasatyň öýjügi. Ol yslam kada-kanunlaryndan hem, türkmençilik kada-kanunlaryndan hem örän gowy baş çykarypdyr. Onuň parasatyny, şu ýokarda getirilen sözüni hem islendik ylym, islendik medeniýet, islendik ýol-ýörelge, şol sanda yslam hem diňe dogry tapyp, oňlap biler” (*Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ömrümiň manysy. – Aşgabat: TDNG, 2022. 324 s.). Türkmen edebiýatyny öwrenmekde, ony dünýä tanatmakda örän uly işleri bitiren A.N.Samoýlowiç bolsa Azadynyň türkmen halkynyň arasyndaky at-abraýyny, belent mertebesini: “...Türkmenleriň dürli tirelerinden maňa belli bolan şahyrlaryň arasynda Magtymgulynyň kakasynyň mertebesinde goýar ýaly bir adam ýok” (*Самойлович А.Н.* Стихи Доулет-Мамеда моллы, отца Махтумкули. ЗВОИРАО, т 22, вып. 1, 140 с.) diýip beýan edýär.

**_Beýik türkmen alymy hem şahyry Döwletmämmet Azady özüniň çuňňur filosofik mazmunly “Wagzy-Azat” poemasy we beýleki eserleri bilen türkmen poeziýasynda we filosofiýada çuňňur yz galdyran meşhur şahsyýetdir. Ol eserlerinde beýan eden döwletlilik ýörelgesinde kanuna daýanýan we onuň berjaý edilmegini goraýan, adalatly, güýçli, merkezleşdirilen döwlet baradaky pikirini öňe sürüpdir. Azady häkim parasatlylyk hem ynsanperwerlik bilen, halkyň ýaşaýşyna göz bolup, jemgyýetde parahatçylygy gorap höküm sürmeli diýipdir. Onuň parahatçylyk baradaky setirleri adamlary bitewülige, içerki duşmançylyga garşy durmaga çagyrypdyr. Akyldaryň ynsanperwer pikirleri ogly Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde öz dowamyny tapýar we häzirki döwürde hem döwletimiziň alyp barýan parahatsöýüjilikli syýasatynyň ýörelgelerini kesgitleýär._**

Azady ilki öz obasynda Nyýazsalyh molladan sapak alyp, soňra garyndaşlarynyň kömegi bilen häzirki Özbegistanyň çäginde ýerleşýän medreseleriň birinde kämil bilime eýe bolýar (Türk dünýäsiniň ortalyk edebiýaty. Türk dünýäsiniň edebiýatçy ensiklopeditasi, S.2, AKM Yay. – Ankara, 2002. 95 s.). Medresede okan döwründe arap we pars dillerini çuňňur öwrenýär, Gündogar alymlarynyň, şahyrlarynyň eserlerini okap kämilleşýär, dünýägaraýşyny has-da giňeldýär.

Döwletmämmet Azadynyň edebi tahallusy barada birnäçe maglumatlar berilýär. Magtymguly Pyragy özüniň “Haky çün” atly goşgusynda kakasy Döwletmämmediň tahallusynyň Azadydygyny anyk görkezipdir.

*Magtymguly, çagyr Repbul-ybady // Bu dünýä, ahyret bergil myrady // Resulalla goýmuş adyn Azady // Atam Döwletmämmet molla haky çün* (*Magtymguly*. Saýlanan eserler. – Aşgabat: TDNG, 2024. 124 s.).

Şahyryň edebi tahallusynyň Azadydygyny tassyklaýan ýene bir maglumata A.N. Samoýlowiçiň işinde duş gelýäris. Onda şeýle diýilýär: “Günlerde bir gün Döwletmämmediň düýşüne Muhammet pygamber girip: “Sen dowzahdan azat” diýipdir. Şol günden soň şahyr özüne Azad ýa-da Azady edebi tahallusyny alýar” (*Самойлович А.Н.* Стихи Доулет-Мамеда моллы, отца Махтумкули. ЗВОИРАО, т 22, вып. 1, 140 с.).

Filologiýa ylymlarynyň doktory A.Baýmyradow tarapyndan ýygnalyp, neşir edilen “Magtymguly hakynda rowaýatlar ” atly kitapda ýerleşdirilen “Ady Garrymolla bolsun” atly rowaýata görä: “Magtymguly Ýonaçynyň garran döwründe bir ogly bolupdyr. Olar çaga näme at goýjaklaryny bilmändirler. Şonda biri: “Magtymgulynyň orta ýaşdan agansoň ogly boldy. Çaganyň ady Garry bolsun!” diýipdir. Bu söz Magtymguly Ýonaça ýarapdyr. Ol: “Dogry aýdýarsyňyz. Meniň atamyň ady Döwletmämmetdi. Çaga okadansoň, oňa Garrymolla diýipdirler. Goý, çaganyň ady Garrymolla bolsun!” diýipdir. Şeýlelikde, Magtymguly Ýonaçynyň maşgalasynda ýene Döwletmämmet Garrymolla dünýä inipdir” (Magtymguly hakynda rowaýatlar.

– Aşgabat: TDNG, 2014. 3 s.). Şunuň netijesinde onuň “Garrymolla” diýen lakamy hem bolupdyr.

Azadynyň döredijiligini öwrenen alymlaryň beryan maglumatlaryna görä, ol “Wagzy-Azat”, “Behiştnama” poemalaryny, “Bäş namaz”, “Hekaýaty-Jabyr ensar”, “Rubagyýet ez ruýy-zary we doga” ýaly göwrümli eserleri hem-de birnäçe gazaldyr murapbaglary miras goýupdyr.

Ussadyň hut özüne degişli, “Muhtaser” ady bilen belli eseriň Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutyndaky 546-njy bukjada saklanýan golýazmasynda şeýle sözlere gabat gelmek bolýar: “Kätip el-abyt el-pakyr el-hakyr el-nady la mülk el-gafur el-hady Döwletmämmet bin el Magtymguly” (*Döwletmämmet Azady.* Eserler ýygyndysy. – Bursa, 2012. 7 s.).

Döwletmämmet Azadynyň “Wagzy-Azat” eseri onuň döredijiliginiň iň belent nokadydyr. Eserde öňe sürülýän meseleler barada gürrüň etsek, awtoryň, ilkinji nobatda, watansöýüjiligi esasy orunda goýup, I bapdan başlap, şol galagoply döwürde türkmen halky üçin iň möhüm närseler bolan özbaşdak döwlet, agzybir halk, adyl patyşa, asuda, parahat asman barada çuňňur filosofik pikirleri ýöredýändigini bellemelidiris. Azady bu eseriniň ilkinji setirlerinden başlap, garaşsyz, berkarar döwlet binýadynyň özeniniň adyllykdygyny, adyllygyň höküm süren ýerinde ynsanyň asuda, parahat, ertirine uly umytly durmuşda ýaşajakdygyny belleýär: *Haktagaladan adalat, rehmet ol // Fathy-bab-u döwlet-u hem nusrat ol // Ol Resuldan soň ýene birniçe ýar // Adl ile älemde boldy berkarar* (*Şol ýerde*, 38 s.).

Bu meseläni Döwletmämmet Azadynyň esasy orunda goýmagy ýöne ýerden däldir. Ol dagynyk ýaşaýan türkmen tire-taýpalarynyň birleşip, bir bitewi milleti emele getirip, özbaşdak berkarar döwlet gurmagyny ündäpdir, ýurdy adalatly edara etjek döwlet ýolbaşçysynyň bolmagynyň möhümdigini şeýle belläpdir: *Ýer ýüzüniň zynatydyr patyşa // Halk-u döwlet nusratydyr patyşa // Patyşasy bolmasa bir ülkäniň // Bolmaz imiş haýry-yhsany onuň* (*Şol ýerde*, 39 s.).

Azady türkmen halkyny agyr ýagdaýdan çykaryp, garaşsyz döwlet gurmak, bir adyl patyşanyň raýaty bolmak ýaly çuňňur filosofik pikirleri öňe sürüp, bu garaýyşlary öz ogly Magtymguly Pyragyda oýarypdyr hem-de onda umumadamzat gymmatlyklary baradaky pikirleriniň kemala gelmeginde uly orun eýeläpdir.

*Bilmeýin bihet günäler eýledim // Ýer ýüzünde çoh tebahlar eýledim // Dünýäniň ardy bilen goýdum gadam // Istedim sagatma - sagat, dembe-dem* (*Şol ýerde*, 34 s.).

Döwletmämmet Azady türkmen tire-taýpalarynyň agzalalygynyň sebäpleriniň esaslarynyň biri hökmünde birek-birege edilýän zulumyň, jebir-sütemiň artmagyny görkezip, şeýle nygtaýar: *Zulm-u jebr birle bolar halk pişesi // Ahyretden bolmagaý endişesi // Bir-bire jebir eýlegen dek gurt-guş // Halk ederler bir-biri birle uruş* (*Şol ýerde*, 39 s.).

Filosof şahyr türkmen halkynyň XVIII asyr durmuş şertlerine garap, patyşasyz ýurtda asuda we parahat ýaşaýşyň bolmajakdygyna, düzgün-tertibi, kanunçylygy ýola goýmagyň mümkin däldigine göz ýetiripdir hem-de halkymyzyň çuňňur manyly “Baş bolmasa, göwre läş” nakylyny bendiniň içinde getiripdir: *Azaşar ýol ähli rehbersiz ola // Dagylar leşger ki serdarsyz ola // Göwre läş bolgaý eger baş bolmasa // Bitmez iş Hak lutpy ýoldaş bolmasa* (*Şol ýerde*, 58 s.).

Azadynyň “Wagzy-Azat” eserinde öňe sürýän pikirleriniň ýene biri ýurtda raýatyň iş bilen üpjünçiligi meselesidir. Ol her bir raýatyň oňat durmuşda ýaşamagyny üpjün etjek bolsaň, şol döwrüň kesp-kärlerini, hünärlerini, ýagny daýhançylygy hem maldarçylygy ösdürmegiň zerurdygyny nygtaýar. Şahyr ynsanlaryň eşretli durmuşyň hözirini görmegini, ähli ýerde bolelinligiň we elýeterliligiň bolmagyny arzuw edipdir.

*Ekin ekmek halka emr etgeý emir // Ýagny ondan nep ala baý-u pakyr // Ýagny mezruglar içinde kytga ýer // Goýmagaýlar bizeragat, bisemer* (*Şol ýerde*, 54 s.).

“Wagzy-Azat” eserinde daýhanlar köp hasyl alsa, her bir adamyň durmuşynyň gowulanyp, ýurtda parahatçylygyň we asudalygyň höküm sürjekdigi aýratyn bellenilýär:

*Ekin ekgeý çün ragyýýat set hezar // Hasyl algaý bihasab-u bişumar // Bes, halaýyk dokluk-u arzan ola // Hem parahatlykda hoş döwran ola* (*Şol ýerde*, 54 s.).

Azady ýurduň abadançylygy üçin patyşanyň we raýatlarynyň niýet-pälleriniň dürs bolmalydygyny, haýyr işleri köpräk etmelidiklerini, dürli zyýanly pi-

şelerden gaça durmalydyklaryny aýdýar: *Kylsa haýr endişe ol, Taňry bakar // Ýerlere ýagmyr ýagar, otlar çykar // Düzlener il, çeşmeler bolgaý rowan // Gi- ňeler halk-u, nyzam tapgaý jahan* (*Şol ýerde*, 43 s.).

Şahyr ýurduň berkararlygyny we asudalygyny has-da berkitmek üçin, onuň her bir raýatynyň aladasynyň edilmelidigini, olaryň ýaşaýyş şertleri üçin hemmetaraplaýyn durmuş üpjünçilikleriniň döredilmelidigini, raýatlary gorap, olary ezizlemelidigini öňe sürýär: *Mähribanlyk kyl ragyýýatlar sary // Şafkat etgil halky-äleme bary // Döwletiň Hak artdyrar günden-güne // Şafkat etseň uşbu älem halkyna* (*Şol ýerde*, 49 s.).

*Sen dahy gel hoş ynanlyk eýlegil // Halk era hoş, mähriban söz söýlegil* (*Şol ýerde*, 46 s.).

Döwletmämmet Azady "Wagzy-Azat" eserinde döwletde asudalygy, parahatçylygy pugtalandyrmak, daşary ýurtlar bilen oňyn diplomatik aragatnaşygy ýola goýmak üçin hoşamaý sözüň, özara ynanyşmagyň uly güýçdügini aýratyn belläpdir.

2025-nji ýylyň "Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly" diýlip yglan edilmegi türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan döredilen "Dialog parahatçylygyň kepili" atly täze filosofiýanyň halkara gatnaşyklarda barha giň gerime eýe bolýandygyna şaýatlyk edýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyz hem peder taglymatyny üstünlikli dowam etdirip, halkymyzy ösüşiň täze belentliklerine, ýaş neslimizi röwşen geljege alyp barýar.

Şu nukdaýnazardan, Döwletmämmet Azadynyň çuňňur many-mazmunly edebi döredijiligi, esasan-da, "Wagzy-Azat" eseri diňe bir ýaş nesilde adamkärçilik duýgularynyň kemala gelmegine, ynsanperwer gylyk-häsiýetleriniň ösmegine uly itergi bermek bilen çäklenmän, gymmaty egsilmejek edebi mirasymyzdyr.

***Azymberdi Annamuhammedow*, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymy.**

**Makalany ýollan: Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 12-nji ýanwary.**

## DÖWLETMÄMMET AZADYNYŇ ŞAHSYÝETE GARAÝŞY

Azadynyň edebi mirasynda sazlaşykly ösen şahsyýete mahsus, kämil adam baradaky düşünje orta çykýar. Alym Azadynyň şahsyýet babatdaky garaýyşlarynda ynsan mertebesi Arşa göterilýär. Ynsanperwer garaýyşlar, ynsan paýhasy we onuň ruhy ýokary göterilişi akyldaryň "Wagzy-Azat" eserinde dolulygy bilen ýüze çykýar. "*Maksad oldur, maksad oldur, maksad ol // Matlab oldur, matlab oldur, matlab ol*" (*Döwletmämmet Azady.* Saýlanan eserler. – Aşgabat, 1982. 177 s.). Şu mysaldaky "matlab" şahyryň durmuşda görmek isleýän şahsyýetini terbiýelemek, görmek maksadydyr.

"Wagzy-Azat" kitabynda sazlaşykly ösen şahsyýeti kemala getirmekdäki öňe sürülýän ideýanyň maksadyny aşakdaky pikirler hem delillendirýär: "*Kyl gamy – dünýäden özüňni azad // Kim üzüldi dünýäden, tabdy myrad*" (*Şol ýerde,* 177 s.). Şu setirlerde "hysyrdyly, başagaý, mal-mülk üçin köp wagt, zähmet sarp edilýän dünýäden özüňi azat etmek" ideýasy, ýagny ynsany "dünýä köňül bermän", jemgyýetçilik bähbitlerinden, adamlara peýda getirmekden ugur alyp ýaşamaga çagyrýar. *Kyl bu dünýäde müjerrede özüňi // Biwepa emtaga salma gözüňi* (*Şol ýerde,* 177 s.) diýen setirler hem filosofik garaýyşlar bilen ýokarda getirilen mysallarda öňe sürülýän ideýalaryň üstüni ýetirýär. Şonuň ýaly-da: *Ol resulyllah aýtdy bu sözi // Aç köňül gözün, açylsyn dost ýüzi* (*Şol ýerde,* 177 s.) diýen setirlerden görnüşi ýaly, "köňül gözüni Alla üçin açmak ", ýagny döwrüň ideologiýasyndan üzňe ýaşamazlyk ýaly ideýalar öňe sürülýär. *Kim makamy – wahdete ýetirdi pa //Berdi köňlün birge – birigdi huda.* Şu setirlerde şahsyýetiň iň soňunda päkligiň gözel derejesine ýetmelidigi, gözel ýara – Alla birikmelidigi ündelýär. Umuman, "Wagzy-Azat" poemasy ylmy häsiýete, didaktik mazmuna eýedir. Şol bir wagtda-da, şu poema XVIII asyr türkmen durmuşyna çuň seljerme berýän liriki eserdir. Poemanyň formal ýordumy, kompozision gurluşy ylmy traktatlara meňzeýär, didaktik esere çalym edýär, emma eserdäki ideýalar keşp bilen açylýar. Bu keşp liriki "meniň" – Azadynyň keşbidir. Şol keşp arkaly şahyryň şahsyýete garaýşy beýan edilýär.

***Mährijemal Hapyzowa*, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň mugallymy.**

# TÜRKMENISTANDA PASPORT ULGAMYNY KÄMILLEŞDIRMEGIŇ ÄHMIÝETI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ösüşiň belent sepgitlerini nazarlap, okgunly öňe barýan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň mähriban halky Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýolbaşçylygynda bagtyýar we abadan durmuşda ýaşaýar. Syýasatda, ykdysadyýetde we medeniýetde halkyň bähbitlerine gönükdirilen beýik işler barha ýaýbaňlanýar. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary netijesinde ýurdumyzyň dünýä döwletleri bilen ýola goýan syýasy, ykdysady we medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryny ösdürmek boýunça giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Ol beýik işleriň öz wagtynda we ýokary derejede amala aşyrylmagy üçin bolsa, ilkinji nobatda, kämil hukuk binýady zerurdyr.

*“Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany” ýylynda ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri her bir adamyň syýasy, ykdysady, durmuş we raýatlyga bolan hukugyny hem-de azatlyklaryny durmuşa geçirmekden, döwletiň we jemgyýetiň demokratik ýörelgelerini we hukuk esaslaryny berkitmekden ybaratdyr. Her bir adamyň raýatlyk mertebesi barada aýdylanda, ilkinji nobatda, onuň şahsyýetini we raýatlyk hukugyny kepillendirýän esasy resminama bolan pasport göz öňüne gelýär. Pasportyň dünýäde baý we uly taryhy bardyr, onuň dürli döwürlerde daşky görnüşi, ady, hatda ulanylyş maksatlary hem üýtgäpdir.*

Türkmenistanyň milli syýasatynyň esasy umumy demokratik ýörelgelerden, ozaly bilen bolsa, adam hukuklaryndan ybaratdyr. Bu meselä şunuň ýaly çemeleşilmegi, hususan-da, jemgyýetçilik gurluşynyň ähli çygyrlarynda özleriniň haýsy milletdigine garamazdan, ýurduň ähli raýatlary üçin deňhukuklylygy we mümkinçilikleri üpjün etmegiň, öz milletleriniň bähbitlerini goramagy, milletara gatnaşyklardaky garşylyklary düşündirmek arkaly düzgünleşdirmegi göz öňünde tutýar.

Pasportyň ýüze çykmagynda fransuz koroly Lýudowik XIV uly orun tutupdyr. Lýudowik XIV 1672-nji ýylda raýatlaryna pasportsyz Fransiýadan çykmagy, şeýle hem, daşary ýurtly raýatlaryň Fransiýa gelmeklerini gadagan edipdir. Pasport ulgamynyň ilkinji watany hem Fransiýa hasaplanylýar. Syýahatçylaryň köpüsi deňiz arkaly Fransiýadan çykmagy makul bilipdirler, şonuň üçin olara «Portdan geçmek», fransuz dilinde «Passe porty» üçin resminamalar gerek bolupdyr. Lýudowigiň goly bilen ýol kagyzlarynyň halk tarapyndan «pasport» diýilmegine sebäp bolupdyr.

Türkmenistanda her bir adamyň raýatlygyny hem-de şahsyýetini tassyklaýan resminamasy pasportdyr. Esasy resminama hasaplanýan pasport, Türkmenistanyň raýatlygy hakyndaky kanuna laýyklykda, ýurdumyzyň çäginde hemişelik ýaşaýan we bu ýurduň raýatlygyndan ýazmaça boýun gaçyrmadyk adamlara berilýär.

Pasporta raýatyň şahsyýetini kepillendirýän maglumatlar – familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan güni, ýyly, aýy, doglan ýeri we milleti baradaky maglumatlar girizilýär. Her bir raýatyň pasport bilen baglanyşykly düzgünleri bilmegi we olary dogry berjaý etmegi hökmandyr.

Pasportlary häzirki wagtda döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirmek ugrunda birnäçe işler alnyp barylýar. Şeýle hem, maglumat tehnologiýalarynyň çalt depginde ösmegi bu ugurda innowasiýalary, Türkmenistanyň raýatynyň pasportlary we salgylary baradaky elektron maglumatlaryň merkezleşdirilen maglumatlar goruna girizmegiň, işlemegiň we saklamagyň könelen usullaryny täze usullara çalyşmaga mümkinçilik berýär.

Türkmenistan döwletimiz Garaşsyzlygyny alanyndan soň, 1996-njy ýylyň 25-nji oktýabryndaky “Türkmenistanda pasport ulgamy hakyndaky Düzgünnamasyny tassyklamak” hakyndaky Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Türkmenistanyň raýatlarynyň pasportynyň nusgasy tassyklanyldy. Pasport türkmen, rus we iňlis dillerinde ýeke-täk nusga boýunça taýýarlanyldy. Şol kararyň esasynda hem öňki SSSR döwletiniň 1974-nji ýyldaky köne nusgadaky pasportlary çalşyryldy.

Türkmenistanda pasport ulgamy içeri işler edaralary tarapyndan durmuşa geçirilýär. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Ilaty pasportlaşdyrmak we hasaba almak müdirligi, öňünde goýlan wezipe borçlaryna laýyklykda, ilaty pasportlaşdyrmak we

hasaba almak düzümleriniň işlerine gözegçiligini amala aşyrýar. Türkmenistanyň içeri işler edaralary häzirki wagtda raýatlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak bilen bir hatarda, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary bilen bilelikde döwletimiziň raýatlaryny Türkmenistanyň raýatynyň pasporty bilen resmileşdirmek işlerini alyp barýarlar. Häzirki wagtda ýurdumyzyň şäherlerinde, etraplarynda, hatda iň çetki obalarynda ýaşaýan 16 ýaşyny dolduran raýatlarymyza raýatlyk pasportlary öz wagtynda resmileşdirilip, olary gowşurmak işleri guramaçylykly alnyp barylýar. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Ilaty pasportlaşdyrmak we hasaba almak bölümleri tarapyndan welaýat häkimlikleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleriniň, hormatly ýaşulularyň, kümüş saçly eneleriň, köp sanly ýaşaýjylaryň we ýaşlaryň gatnaşmagynda ýurdumyzyň hemme ýerinde 16 ýaşyny dolduran ýaşlara pasport gowşurylyş dabaralary ýokary derejede, guramaçylykly geçirilýär.

Türkmenistanda ýeke-täk pasport ulgamy bolup, ol ýurduň jemgyýetçilik-ykdysady özgerişleriniň meýilnamasyny, adamyň konstitusion hukuklaryny netijeli amala aşyrmak Türkmenistanyň çäklerinde bolýan ýeriniň üýtgemeginiň, ýaşaýyş ýerini seçip almaklygyň erkinligini üpjün etmekde, hukuk tertibini, kanunylygyny, milli howpsuzlygyny pugtalandyrmakda hem-de “Türkmenistanyň raýatlygy hakyndaky” Türkmenistanyň Kanunynyň 10-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň raýatlarynyň raýatlygyny tassyklamak üçin we Türkmenistanyň raýatynyň pasporty bilen üpjün edilmegine niýetlenendir.

Häzirki wagtda ýurdumyzda pasport ulgamyny döwrebap kämilleşdirmek ugrunda birnäçe buýruklar, şeýle hem, kararlar kabul edilýär. 2023-nji ýylyň 20-nji oktýabryndaky “Türkmenistanyň raýatynyň pasportynyň meseleleri hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary kabul edildi. Bu Karar kabul edilmezden öň, pasportlar 32 sahypadan ybaratdy. Bu Karar kabul edilenden soň, pasportyň sahypasy 20 sahypa çenli azaldyldy.

Pasporta içeri işler edaralary tarapyndan Türkmenistanyň raýatynyň (mundan beýläk – raýat) şahsyýeti barada onuň dogluş hakynda şahadatnamasyna laýyklykda şu maglumatlar: familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan güni, aýy, ýyly, doglan ýeri, jynsy, şeýle hem, milleti girizilýär. Ata-eneleriň milletine laýyklykda, pasportda millet hakynda ýazgy ýazylýar. Eger ata-eneler dürli milletlere degişli bolsa, onda pasport berlen mahaly, pasport alyjynyň milleti islegine görä ýazylýar. Milletini çalyşmak kanunlarda bellenilen tertipde, ýöne bir gezekden köp bolmazdan geçirilýär [3].

Pasportyň güýji möhlet bilen çäklendirilmeýär. Türkmenistanda ýaşaýan raýat 25 we 45 ýaşa ýetende, pasportyna ýaşyna laýyk gelýän suratyny geçirmek üçin ýaşaýan ýeri boýunça ýazga alnan ýerindäki, eger ýazgydan çykyp, täze ýazga alynmadyk bolsa, soňky ýazgydan çykan ýerindäki, asla ýazga alynmadyk bolsa, ýaşaýan ýerindäki içeri işler edaralaryna suraty bilen pasportyny berýär [4]. Şeýle surat bolmadyk pasport hakyky däldir.

Indi bolsa pasportyň ähmiýeti barada gysgaça durup geçmelidiris.

► Pasport, ilki bilen, adamyň Türkmenistanyň raýatydygyny tassyklaýan resminamasydyr. Raýatlar daşary ýurtlara okamaga, işlemäge, dynç almaga giden ýagdaýlarynda, olaryň Türkmenistanyň raýatydygyny elindäki 88x125mm ölçegdäki kitapça bolan pasporty tassyklaýar.

► Pasportda raýatlaryň şahsy maglumatlary: ady, familiýasy, atasynyň ady, doglan güni, aýy, ýyly, ýaşaýan ýeri, milleti, jynsy, maşgala ýagdaýy, çagalary, gan topary, suraty ýerleşdirilýär.

► Raýatlar döwlet edaralaryna, kärhanalara, guramalara işe girenlerinde, olardan ilkinji talap edilýän resminamalaryň biri pasportydyr.

► Adamlar hukuk kadalaryny bozan ýagdaýynda, olaryň şahsyýetini tassyklaýan pasporty hökman gerekdir. Pasport bu ýagdaýlarda olary eden bidüzgünçilikleri üçin jogapkärçilige çekmekde, çykarylýan çözgütlerde kimdigini doly görkezmek üçin gerekdir.

Bu görkezilenlerden başga-da, pasport durmuşda örän köp ýerde ulanylýar. Pasportyň harsal saklanyp zaýalanmagy, ýitirilmegi, onuň raýatlaryň elinden bikanun alynmagy üçin hem jogapkärçilikler göz öňünde tutulandyr. Pasporty aýawly saklamak her bir raýatyň borjudyr.

*Nurmuhammet Muhammedow,* **Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň uly mugallymy.**

**Makalany ýollan: Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň instituty.**
**Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 13-nji maýy.**

## ÝURDUMYZYŇ BILIM SYÝASATY

Aýna Bakyýewa
**Türkmenistan – bagtyýar çagalygyň mekany** 2

Aşyrgeldi Ataýew
**Bilim ulgamynda halkara gatnaşyklar rowaçlanýar – ýaşlarymyz ýeňiş gazanýar** 4

Berdi Saparmyradow
**Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň eserleri – etnopedagogikanyň çeper beýany** 6

Jahangül Myradowa
**Milli bilim kanunçylygynyň ýaşlaryň hukuk medeniýetini kemala getirmekdäki orny** 8

Ymamguly Rejepow, Döwletgeldi Aýazow
**Bilimde sanly tehnologiýalaryň orny** 11

Akgül Akmämmedowa
**Ýokary bilimde senagat syýasatyny öwretmek – döwrüň talaby** 13

## YLMY MAKALALAR

Jepbarguly Hatamow
**Gaznalylar türkmen döwletinde bilim-terbiýe we ylym** 15

Oguljennet Berdiliýewa
**Döwlet dolandyryşynda sanly gurallar** 19

Ylýas Orazgeldiýew, Jumadurdy Sopyýew
**Mekdep okuwçylarynda sagdyn durmuş ýörelgelerini kemala getirmegiň psihologik-pedagogik şertleri** 23

Mukarram Turaýewa
**Okatmagyň tejribesinde täze usullaryň gözlegi** 26

Ogulsenem Gurbanowa
**Türkmenistanda hünär pedagogik bilim ulgamyny kämilleşdirmegiň ylmy- usulýýet esaslary** 29

Sapargül Geldiýewa, Arzygül Saparowa
**Ýaşlaryň hünär saýlamagynyň psihologik taýýarlyk meselesi** 32

Begenç Goçow
**Harby talyplaryň ukyp-başarnyklarynyň psihologik mazmuny we döredijilikli işjeňligi** 35

Resulmyrat Çarymyradow
**“Tarihi Mübärek-şahi” – oguz türkmenleriniň taryhyny öwrenmekde gymmatly çeşme** 39

Toýnazar Hudaýnazarow
**Maşgala bitewüligini goramakda psihologik hyzmatlaryň ähmiýeti** 43

Şöhrat Diwangulyýew
**XX asyryň başlaryndaky rus-türkmen medeni aragatnaşyklary metbugat sahypalarynda** 46

Baýramsoltan Gurbanowa
**Sallançak kilimleriniň dokalyş tehnologiýasy** 50

**MEKDEBE ÇENLI TERBIÝE**

Näzikjemal Annamyradowa
**Mekdebe çenli bilim edaralaryna innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmagyň usullary we serişdeleri** 53

Kakajan Ataýew, Selbi Ataýewa
**Çagalarda emosional intellekti ösdürmegiň ähmiýetiniň psihologik esaslary** 56

Annabagt Maýewa
**Mekdebe çenli çagalar edaralarynyň işine täzelikleri girizmegiň usulyýet esaslary** 58

**UMUMYBILIM BERÝÄN MEKDEP**

Rejepaly Nazarow
**Iňlis dilinde okuwçylaryň fonetik endiklerini ösdürmegiň ýollary** 60

Anna Nurgeldiýew, Jennet Akyýewa
**Ýokary synp okuwçylaryna täze tehnologiýalaryň esasyny düzýän fiziki hadysalary öwretmegiň usulyýeti** 64

Gylyçmämmet Orazow
**Fizikadan olimpiada meselelerini çözmegiň netijeli usullary** 67

Saparmyrat Ýagmyrbaýew
**Okuw-terbiýeçilik işleriniň sazlaşygyny gazanmakda sanly ulgamyň orny** 69

**ÝOKARY BILIM**

Orazgeldi Öwezsähedow
**Ýokary bilimi ösdürmegiň strategik ugurlaryny kesgitlemek häzirki zamanyň möhüm talabydyr** 71

Gülşat Akyýewa
**Talyplary býujet boýunça okatmagyň käbir jähetleri** 75

Muhammetberdi Geldimämmedow
**Radioteleskoplaryň ähmiýeti we ulanylyş aýratynlyklary** 79

Babakuly Rustemow, Aýgül Gurbangeldiýewa
**Bütindünýä dartylma we Kulonyň kanunlarynyň sebäpli düşündirilişi** 81

Myrat Şükürow
**Makroykdysady modelleriň döwletiň ykdysadyýetini kämilleşdirmekdäki ähmiýeti** 83

Begenç Sahatkuliýew
**Ylym-bilim milli ykdysadyýetiň innowasion ösüşiniň kepilidir** 86

Oguljennet Jumabaýewa
**Gyzykly ykdysadyýet** 88

Azymberdi Annamuhammedow
**Döwletmämmet Azadynyň döwletlilik ýörelgesi we parahatçylyk taglymaty** 89

Mährijemal Hapyzowa
**Döwletmämmet Azadynyň şahsyýete garaýşy** 91

Nurmuhammet Muhammedow
**Türkmenistanda pasport ulgamyny kämilleşdirmegiň ähmiýeti** 92









# BILIM

**Türkmenistanyň**
**Bilim ministrliginiň ylmy-usuly žurnaly**

**№ 4 (94) 2026-njy ýyl, iýul-awgust**
**Iki aýda bir gezek çykýar**
**2011-nji ýylyň ýanwar aýyndan bäri neşir edilýär**

**Baş redaktor: Gülşirin MUHANOWA**

**Redaksiýanyň geňeş agzalary:**

Azat Ataýew, Peýzulla Hydyrow, Maral Akyýewa, Aly Gurbanow, Orazgeldi Gurbanow, Kakajan Janbekow, Nurmuhammet Gurbanmämmedow, Dowulbaý Melebaýew, Döwletgeldi Gurbanow, Nurýagdy Suwhanow, Janabaý Şyhyýew, Baýramdurdy Taýharow.

Haýdarguly Muhammetgulyýew
(jogapkär kätip)

Babamyrat Täşliýew, Ogulsona Öwezmyradowa
(kompýuter bezegçileri)

Ýygnamaga berlen wagty 15. 07. 2026.
A - 119268. Formaty 60x84 1/8.
Bahasy 40 manat.

Çap etmäge rugsat berlen wagty 07. 08. 2026.
Çap listi 12. Sany 13736. Sargyt 2164.

Redaksiýanyň salgysy: 744036. Aşgabat şäheri, Arçabil şaýoly, 104.
Telefonlar: 44-86-14, 44-86-10. Žurnalyň elektron salgysy: bilimzurnal@sanly.tm
Žurnala gelen golýazmalar, suratlar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap hem-de syn berilmeýär.
Žurnaldan materiallar göçürilip çap edilende, žurnala hökman salgylanylmalydyr.
Žurnalyň çap edilişiniň hiline Türkmenistanyň Metbugat merkezi jogap berýär, tel. 39-96-57.